Jenap we hanym Beleriň
Erik Foli tarapyndan ýazylan taryhy

# IMAN NESILLERI

**Elli ýyllap mesihiler üçin iň howply bolan ýurtda Isa Mesihiň Beýik tabşyrygyny ýerine ýetiren Demirgazyk koreýaly maşgalanyň taryhy**

# IMAN NESILLERI

**Elli ýyllap mesihiler üçin iň howply bolan ýurtda Isa Mesihiň Beýik tabşyrygyny ýerine ýetiren Demirgazyk koreýaly maşgalanyň taryhy**

Jenap we hanym Beleriň
Erik Foli tarapyndan ýazylan taryhy

*Iman nesilleri*
© 2024 Erik P. Foli

Originally published in English under the title:
*These are the Generations*
© 2012 The Voice of the Martyrs Ltd.
All Rights Reserved.

Kitap ilki “These are the Generations” ady bilen çap edildi. Awtorlyk hukugy © 2012 Ejir çekenleriň sesi Awtorlyk hukugy goralan.

Eger başga terjime görkezilmedik bolsa, onda Mukaddes Kitap salgylanmalary Sinodal terjimeden alnandyr.

Kitap mesihileriň zekatlaryna çap edildi we satuwa degişli däldir. Bu kitapda berlen Demirgazyk koreýaly gaçgaklaryň pikirleri we nukdaýnazarlary hemişe “Ejir çekenleriň” garaýyşlaryny beýan etmeýär. Muňa seretmezden, biz Demirgazyk koreýalylaryň garaýyşlaryny öz bolşuna okyja ýetirmegi wajyp hasap etdik

Ejir çekenleriň sesi we doga býulletenimizi öz içine alýan çeşmelerimiz hakda has giňişleýin maglumat üçin **www.vom-ru.org**. saýta girip görüň.

Siz, şeýle hem, biziň çap edilen we sanly ulgamdaky materiallarymyza **info@vom-ru.org** salgysy boýunça ýazylyp bilersiňiz.

Biziň materiallarymyzy ýaýradyşyňyz baradaky suratlary, şeýle hem, olaryň öz durmuşyňyzda we töweregiňizdäkileriň durmuşynda hereket edişleri baradaky şaýatlyklaryňyzy bize iberiň. Siziň bilen ikitaraplaýyn aragatnaşyk bolmasa, biz Hudaýyň öz zähmetimizi nähili ulanýandygyny bilmeýäris. Siziň habarlaryňyz “Ejir çekenleriň sesi” topary üçin ullakan ruhlanma bolup hyzmat eder.

# “Ejir çekenleriň sesi” barada

Lukanyň Hoş Habary 9:23-de Reb Isa: “Kim Meniň yzyma eýermek isleýän bolsa, özüni inkär etsin-de, haçyny alyp, yzyma düşsün” — diýýär. Bu sözleriň dünýewi ýoldan ýöreýän mesihiler üçin gaýgyly hem howsalaly bolup eşidilmegi mümkin. Munuň ýaly mesihiler imany üçin ejir çekmeli bolýan mesihilere köplenç duýgudaşlyk bildirýärler. Olar özleri we beýlekiler üçin doly derejede gülläp ösýän, agyrysyz durmuşyň bolaryna umyt baglaýarlar.

Ýöne iň gowy ýoly bilýän “şeýle uly güwäler buludy” (Ýewreýler 12:1) bar. Bular geçmişde bolşy ýaly, biziň döwrümizde-de bir pursatda janlaryny Rebbe berýän ýa-da köp ýyllaryň dowamynda Onuň pida edijilikli söýgüsini görkezýän, dünýäniň dürli ýurtlaryndan we öz ýurdumyzdan bolan erkekler hem aýallardyrlar. Olar Hudaýyň söýgüsiniň islendik ynsanlyk agyrysyna degýändigini, munuň ýaly söýgini ýer ýüzündäki hiç hili söýginiň, şol sanda ölümiňem saklap bilmejekdigini bize öwredýärler. Olaryň ýoly — çuň hem ebedi şatlyga alyp barýan ýeke-täk ýoldur.

“Ejir çekenleriň sesi” bütin dünýädäki erkek hem aýal doganlara bu ýoly ýatda saklamaga we şol ýoldan bilelikde gitmeklige kömek etmäge çagyrylandyr. Biz bu işi Isanyň sesine, şeýle hem, görgi gören mesihileriň we hiç zada garamazdan, biziň döwrümizde yzarlansalar-da, Onuň yzyna eýerýän dürli ýurtlardaky mesihileriň seslerine diň salyp edýäris. Biz Mesih ugrunda ejir çekýänler bilen nebsi agyryjylyk edýändigimiz, duýgudaşlyk bildirýändigimiz ýa-da olary halas etmek isleýändigimiz üçin däl-de, Mesihiň pida edijilikli söýgüsiniň iň beýik hazynadygyna, ony adamlaryň Hudaýdan alyp, özleriniň durmuşynda şöhlelendirip biljekdiklerine ynanýandygymyz üçin hyzmatdaşlyk edýäris we gatnaşýarys.

“Ejir çekenleriň sesi” guramasyny 1967-nji ýylda Isa Mesihe bolan imany üçin kommunistik Rumyniýada on dört ýyllyk türme tussaglygynda bolan ruhy çopan Riçard Wurmbrand esaslandyrdy. Onuň aýaly Sabina düzediş zähmet lagerinde üç ýylyny geçirdi. 1965-nji ýylda Riçard bilen onuň maşgalasyny Rumyniýadan satyn aldylar. Soň olar şu wagta çenli-de Mesihiň azar berilýän Tenine gulluk edip gelýän bütindünýä missiýasynyň ulgamyny esaslandyrdylar.

# Sözbaşy

Aýalym ikimiz dürli konferensiýalarda we seminarlarda Demirgazyk Koreýa barada gürrüň berenimizde, adamlar şol bir soragy berýärler: "Biz Demirgazyk koreýaly mesihiler üçin Hudaýa nähili doga edeli?" Şonuň üçin biz bu soragy Demirgazyk Koreýanyň gizlin ýygnagyndan bolan doganlaryň toparyna berme kararyna geldik. Olar: "Biziň üçin doga-dileg etmek?! Gaýtam, biz siziň üçin doga-dileg edýäris!" — diýip jogap berdiler.

Olaryň näme sebäpden biziň üçin doga edýändiklerine geň galmak bilen beren soragymyza gizlin ýygnagyň mesihileri: "Sebäbi Günbatardaky mesihilerde baýlyk, azatlyk we ygtyýar bar. Şonuň üçin olaryň köpüsi Hudaýyň özleriniň durmuşyndaky hemme zat bolup durýandygyny bilmeýärler" — diýip jogap berdiler.

Jenap hem hanym Beleriň taryhy Demirgazyk koreýaly mesihileriň nebsi agyryjylyk gözlemeýändiklerine we hemme zatdan ýokary bolan azatlyga teşne däldiklerine şaýatlyk edýär. Munuň deregine, adamzat taryhyndaky mesihiligi bilgeşleýin ýoýma hökmünde gurlan ýeke-täk jemgyýetde mydama ölüm howpy astynda bolsalar-da, olar Hudaýyň Patyşalygyny gözleýärler we oňa teşne bolýarlar.

Demirgazyk Koreýanyň häkimiýetiniň mesihilerden dynmak üçin edýän şeýle jan çekmesiniň bize birgeňsi bolup görünmegi mümkin. Galyberse-de, ol mesihilikden başga hiç zatdan gorkmaýan ýaly. Ýurtda san taýdan planetada dördünji ýerde durýan, 1,1 milliondan gowrak harby gullukçysy bolan regulýar goşuny bar[1]. Olarda dünýäde iň uly — hatda ABŞ-nyňkydan-da we Hytaýyňkydan-da

[1] International Institute for Strategic Studies; Hackett, James (ed.) (3 February 2010). The Military Balance 2010. London: Routledge, 411-413.

uly — ýörite niýetlenilen goşunlaryň kontingenti[2] bar. Ykdysady sanksiýalar aslynda ýurduň ösüş prosesini haýallatmaýar, sebäbi ýurduň ykdysadyýetiniň 80 göterimi kölegeli sektora degişli[3]. Olar näbelli çeşmelerden gelýän serişdeleriň we neşäni bikanun aýlamagyň hasabyna milliardlarça dollarlary gazanýarlar[4]. Bu ýarag satmakdan gelýän girdejini hasaba almanyňda şeýle. Beýle bolsa, olar näme üçin mesihileri şeýle uly güýç bilen ýok edýärlerkä?

Bu soraga jogap bermek üçin kommunistik Demirgazyk Koreýanyň ateistik döwletdigi barada emele gelen lenç edilen pikirden el çekmek gerek. Hakykat bu ýurduň ýer ýüzündäki iň dindar ýurt bolup durýandygynda jemlenendir. Üstesine-de, Demirgazyk Koreýanyň dini bize örän tanyş bolup görnüp biler.

Demirgazyk Koreýanyň dini (döwlet "ideologiýa" jümlesini ulananyny gowy görýär) "*çuçhe*" diýlip atlandyrylýar-da, ol "öz-özüňi üpjün etmek" ýa-da "öz güýjüňe bil baglamak"[5] diýlip terjime edilýär. Her hepde ýurduň raýatlarynyň hemmesi, ýekejesi hem galman, "öz-özüňi tankytlamak"[6] diýlip atlandyrylýan ýygnaklar geçirilýän ýörite binalarda ýygnanyşýarlar. Çuçheniň hatda özüniň üçbirligi hem — Kim Ir Sen, onuň aýaly we olaryň ogullary Kim Çen Ir[7] bar bolup, olaryň soňkusyna hormat goýulmagy, hatda ol öleninden we

---

[2] Defence Forum India, *"New Threat from N.Korea's 'Asymmetrical'* Warfare," April 29, 2010, http://defenceforumindia.com/showthread. php?t=9887&page=1.

[3] *"The Underground Economy,"* January 8, 2011, http://www.offshore-advisors.com/the-underground-economy.html.

[4] Bill Powell and Adam Zagorin, *"The Tony Soprano of North Korea,"* Time, July 12, 2007, http://www.time.com/time/magazine/ article/ 0,9171,1642898,00.html.

[5] *"Discussion of Why Juche Is Classified as a Major World Religion,"* April 23, 2005, http://www.adherents.com/largecom/ Juche.html.

[6] Andrei Lankov, North of the DMZ: Essays on Daily Life in North Korea (Jefferson, NC: McFarland & Company, 2007), 33-37. See also Kondgan Oh, *"North Korea: The Nadir of Freedom,"* Foreign Policy Research In stitute, Ma y 2 0 0 7 , http://www. fpri .org/ footnotes/1216.200705.oh.northkorea.html.

[7] World Center for North Korea Missions, *"A Look at Christianity in North Korea,"* April 15, 2002, http://www.crosswalk.com/1135128/.

häkimiýet başyna Kim Çen Yn gelenden soň hem gowşamady. Her hepdede geçirilýän ýygnaklar wagtynda Demirgazyk koreýalylar Kim Ir Seni we Kim Çen Iri[8] şöhratlandyrýan, özünde alty ýüz öwgi aýdymlaryny saklaýan senalar ýygyndysyndaky aýdymlardan aýdýarlar. 1998-nji ýylda Demirgazyk Koreýa çuçhe senalaryny bütin dünýä üznüksiz eşitdirmek üçin ýeriň hemrasyny orbita çykarmaga synanyşanda, onuň ýere gaçmagy olary gynandyrdy[9].

Demirgazyk koreýalylar her bir öýde hormatly ýerde hökman asylyp goýulýan Kimler dinastiýasyndan bolan serdarlaryň portretlerine seredip, hormat bilen doga edýärler[10]. Dinastiýadan ilki bolup, Kim Ir Sen 1994-nji ýylda öldi, şeýle-de bolsa, Demirgazyk koreýalylar ony ýurduň prezidenti diýip atlandyrmagy dowam etdirýärler we Demirgazyk Koreýanyň ölümsiz hudaýy diýip hormatlaýarlar[11]. Hytaýly habarçy bir gezek gyzyklanyp, Demirgazyk koreýaly talyba şeýle sorag berdi:

"Siz Kim (Ir Sen) üçin belli bir wagty, mysal üçin ýatmazdan öň wagt aýryp goýýarsyňyzmy? Siz onuň bilen gürleşýärsiňizmi? Ol size jogap berýärmi?"

Hawa — diýip, talyp jogap berdi[12].

Kim Çen Ir barada aýtsak, gyşyň ortasynda ol sadaja agaç öýde doglan wagtynda, asmanda ýyldyzyň peýda bolandygy barada

---

8 The Voice of the Martyrs, *"This Is Our Victory,"* October 2008, http://www.persecution.com/uploads/media/downloads/117_ThisisOurVictory-October 2008.pdf.

9 SatBytes, *"Did North Korea Launch a Satellite?,"* 2006, http://www.spacetoday.org/Satellites/SatBytes/NoKoreaSat.html

10 *"North Korea Religion,"* 2009,http:// www.north koreanchristians.com/religion-north-korea.html.

11 *"North Korea Religion,"* 2009,http:// www.north koreanchristians.com/religion-north-korea.html.

12 Michael Bristow, *"North Korea: Life in Cultural Isolation,"* BBC News Magazine, December 20, 2011, http://www.bbc.co.uk/news/magazine-16243995. See also Sunny Lee, "God Forbid, Religion in North Korea?," Asia Times Online, May 12, 2007, http://www.atimes.com/atimes/Korea/IE12Dg01.html.

gürrüňler bar. Habarçylaryň biriniň aýtmagyna görä, “diňe düýeli üç sany akyldar ýetmezçilik edýär”[13].

Eger çuçhe bize mesihilige ýoýulan öýkünmäni ýatladýan bolsa, onda Demirgazyk Koreýanyň häkimiýetiniň näme sebäpden mesihiligi yhlas bilen köki bilen ýok etmäge çalyşýandygyny göz öňüne getirip bilersiňiz, sebäbi diňe mesihilik çuçheniň ýüzündäki maskany sypyryp aýryp, onuň hakyky ynamyň galp görnüşidigini ýüze çykaryp bilýär. Hut şu sebäbe görä-de, Demirgazyk Koreýa öz territoriýasyndaky her bir mesihini ýok etmek üçin şeýle uly tagallalary edýär.

Mesihilik Demirgazyk Koreýa Günorta Koreýa garanyňda öňräk geldi. 1941-nji ýylda eýýäm üç ýüz müňe golaý Demirgazyk koreýaly adam özlerini mesihi diýip atlandyrdylar[14]. Ýöne Demirgazyk Koreýa topragynda ilkinji mesihi gany Kim Ir Seniň buýrugy bilen däl-de, 1910-njy ýyldan başlap, Ikinji jahan urşy gutarýança Ýaponýanyň gabawynda bolan Koreýadaky ýaponlaryň buýrugy boýunça döküldi. Koreýaly mesihileriň köpüsi özleriniň ruhy çopanlarynyň maslahatlary boýunça basybalyjylaryň ýapon sintoist mukaddesliklerine sežde etme talaplaryny ýerine ýetirdiler. Ýöne ýygnaklaryň hemmesi olaryň maslahatlaryna gulak goýmadylar, şonuň üçin garşylyk görkezenlere rehimsizlik bilen azar berdiler. Olaryň käbirleri gaçyp, serhetden geçip, Hytaýyň demirgazyk-günortasyna gitdiler, ýöne Ýapon imperiýasynyň bu sebite süýşmegi koreýaly mesihileriň ol ýerde-de yzarlanylmagyny aňlatdy.

Koreýa Ýaponiýadan azat edileninden soň, ýurt şertli ýagdaýda demirgazyk hem günorta administratiw zonalara bölündi. Demirgazyk zona Sowet Soýuzynyň täsir ediş çäginde boldy.

---

13 Anne Penketh, *“God Is Dead. Long Live Kim Il Sung,”* The Independent (UK), September 17, 2004, http://www.rickross.com/ reference/nkorea/ nkorea27.html.

14 Information from here through the end of the chapter comes from Seoul USA, *“The History of the North Korean Underground Church,”* 2012, http:// www.seoulusa.org/mediafiles/2012-03-susa-knewsletter.pdf.

Demirgazyk territoriýa düşen mesihiler kommunistik täsire boýun bolmakdan ýüz öwürdiler. Başda olaryň sany garşylyk görkezmäge mümkinçilik berdi. Şonda Kim Ir Sen kommunizmiň agalygyny dikeltmek üçin mesihiligi köki bilen aýryp taşlamagyň zerurdygyna gürrüňsiz düşündi.

Ilki häkimiýet 1946-njy ýylda ýer reformasy baradaky kanunynyň kömegi bilen mesihileriň emläklerini ellerinden alyp, ýygnaklara ykdysady urgyny urdy. 1949-njy ýylda, Demirgazyk urşa taýýarlanýan wagtynda, Kim Ir Sen haýsydyr bir dini işe gatnaşýanlaryň hemmesini tussag etmegi buýruk berdi. Şeýdip, ýene mesihileriň gany döküldi. Gynansak-da, taryhlary indi ýitirilen sansyz-sajaksyz müňlerçe adamlar Mesih ugrunda ejir çekdiler.

Demirgazyk Koreýadaky uruşdan soň, ýygnak binalary ýa-ha doly ýykyldy, ýa-da Kim Ir Seniň durmuşyny we işini öwrenýän merkezlere öwürmek üçin täzeden abzallaşdyryldy. Uruş wagtynda günorta gaçyp giden mesihileri kontrrewolýusionerler diýip yglan etdiler-de, köpçüligiň öňünde jezalandyrdylar ýa-da konsentrasion lagerlere sürgün etdiler. 1959-njy ýylda häkimiýet mesihilik edebiýatyna garşy kampaniýany ýasama görnüşde geçirdi. Şondaky “Biz näme üçin dine garşy çykýarys?” diýip atlandyrylýan wagyz kitaplarynyň birinde şeýle diýilýärdi:

“Soňky üç ýyldaky koreý we Günorta koreý uruşlary Hudaýyň ady bilen öjükdirildi we oňa amerikalylar ýolbaşçylyk etdi, bu bolsa, köpçülikleýin adam öldürmelere, ot bermelere, talamalara we adamçylyga garşy gönükdirilen beýleki işlere alyp bardy. Bu diniň ähli erbetlikleriň sebäbi bolup durýandygynyň subutnamasydyr”.

Ýigrenilýän amerikalylar bilen bile dil düwşüp, urşa başlamakda aýyplanylan Demirgazyk koreýaly mesihiler yzarlanmalara duçar edildiler, 1960-njy ýyllaryň dowamynda olary köpçülikleýin jezalandyrdylar, şeýdip, ýygnak resmi taýdan doly basylyp ýatyryldy. Ölmän galan az sanly mesihiler, gizlinlige geçip, imany saklamaga dyrjaşdylar.

Elbetde, gizlin ýygnagyň resmi guramasy, düzümi ýokdy. Beýleki mesihiler bilen saklanylýan islendik gatnaşyk özi bilen ölüm howpuny alyp gelýärdi. Ruhy çopançylyk okuwlar mümkin däl boldy. Mesihileriň köpüsi diňe ýakynlarynyň, maşgalanyň has ynanylýan agzalarynyň gatnaşmagynda gizlin öý ýygnanyşyklary geçirmeli boldular. Koreý urşy gutarmazyndan öň iman edenler we okuwy geçmäge ýa-da nähilidir bir taýýarlygy geçmäge ýetişenler gartaşyp başladylar; belli bir wagtda mesihileriň ortaça ýaşy altmyş we ondan ulurak bolup başlady. Ýurtda ýok edilmedik birnäçe Mukaddes Kitap we haç galdy, ýöne olaram zaýalanan görnüşdedi. Ene-atalara çagalaryna Hudaý hakda gürrüň bermek bolmaýardy, sebäbi mekdepde mugallymlar okuwçylardan mekirlik bilen özleriniň ene-atalarynyň ynançlary hakda maglumat alyp bilýärdiler. Eger çaga on bäş ýaşa ýetmänkä, mesihi ene-atasy ölen bolsa, ol köplenç ýagdaýda öz ene-atasynyň mesihi bolandygyny bilmän galýardy.

1980-nji ýyllaryň başlarynda döwlet tarapyndan döredilen Koreý mesihilik birleşmesi göz üçin döredilen ýygnagy açdy. Onuň maksady daşary ýurtly myhmanlary ýurtdaky imanlylaryň öz ynamyny azat yglan etmäge mümkinçiliginiň bardygyna ynandyrmakdy. Birleşme tarapyndan gowuja edilip sahnalaşdyrylan ýygnanyşyklar wagtynda ýörite taýýarlanylan aktýorlaryň bir topary 1930-njy ýyllaryň ortalarynda döredilen Koreýanyň proswiterian ybadathanasynyň "Mezmurlar ýygyndysyndaky" senalary aýdýarlar. 1984-nji ýylda Demirgazyk koreýaly kommunistler Mukaddes Kitaplaryň we mesihilik senalarynyň ýygyndylarynyň az sanly mukdaryny terjime etdiler we çap etdiler. 1988-nji ýylda ýygnak binasynyň gurluşygy tamamlandy, 1989-njy ýylda bolsa, göz üçin gurlan ýene "*Bongsu*" we "*Çulgol*" atly ýygnaklar açyldy. Ol ýerlerde daşyndan gelen adam bar bolan ýagdaýynda Roždestwo we Pesah ýaly baýramçylyk çäreleri gurnaldy[15].

---

[15] Park Hyun Min, *"Believers at Pyongyang Bongsu Church are Members of Chosun Workers Party,"* Daily NK, June 8, 2007, http://www. dailynk. com/english/read.php?cataId=nk01600&num=2194.

Ýöne edil şol döwürde hakyky dini işler göze ilip başlady-da, bu häkimiýet üçin ullakan garaşylmadyk zat boldy. Takmynan şol döwürlerde Hytaý KHDR-yň ýaşaýjylary üçin köpräk açyk boldy. 1990-njy ýyllaryň başlarynda Hytaýda ýaşaýan etnik koreýler Günorta koreýaly missionerler tarapyndan ruhlandyrylyp, Demirgazyk Koreýa Hoş Habary wagyz etmek üçin gitdiler. Şonda "Kyn ýöriş" wagtynda — 1990-njy ýyllaryň ortalaryndaky görlüp eşidilmedik açlyk döwründe — ýüz müňlerçe Demirgazyk koreýalylar Hytaýa we Russiýa gaçyp gitdiler. Bu ýerlerde mesihi missionerleri olary Mesihe bolan imana getirdiler. Olaryň köpüsi Mesihiň wepaly şägirtleri boldular, soň hem, Demirgazyk koreý ýygnagyny täzeden dikeltmegiň gerekdigine görnüş görüp, Demirgazyk Koreýa gaýdyp gitdiler.

Gizlin mesihileriň sany güýçli ösdi, onuň bilen bilelikde imany ugrunda ejir çekenleriň hem sany artdy. Imana täze gelen ol adamlar ýurduna gaýdyp gelenlerinden soň, içalylykda aýyplanylyp, tussag edildiler. Ilki korrupsiýa garşy göreş we dogruçyllygy üpjün etmek hem-de satylmazlyk meseleleri boýunça Departament häkimiýetden gorkusyna goňşularynyň aýdan zatlarynyň esasynda käbir adamlara garşy derňewler geçirildi. Derňewlerden soň mesihileri ýa-ha köpçüligiň öňünde jezalandyrdylar, ýa-da konslagerlere goýberdiler.

Häzir Kim Çen Yn 40 müň sany Demirgazyk koreýaly işçini şeýle wajyp bolan berk walýutanyň[16] akymyny üpjün etmäge synanyşyp, dünýäniň kyrk ýurduna iberen wagtynda, Demirgazyk koreýalylaryň serhetlerden geçip, Demirgazyk Koreýa daşary ýurt walýutalary, şeýle hem Hoş Habar bilen gaýdyp gelme mümkinçiligi artmagyny dowam etdirýär. Ýöne Demirgazyk koreýaly mesihiler başga ýurda gaçyp gidip, ol ýeriň raýatlygyny alýançalar, özleriniň imany hakda şaýatlyk edip bilmeýärler. Köplenç ýagdaýlarda Günorta Koreýa şonuň ýaly ýurt bolup durýar. Häzirki döwürde Günorta Koreýada

[16] Chosunilbo, *"More N.Korean Workers to Earn Valuta for Kim Jongun,"*english.chosun.com, April 27, 2012, http://english.chosun.com/site/data/html_ dir/2012/04/27/2012042701255.html.

ýigrimi üç müňden gowrak Demirgazyk koreýaly gaçgaklar[17] bar bolup, olaryň diňe 1 göterimi Demirgazyk Koreýada gizlin mesihilik ýygnagynyň bardygyny bilýär. Gaçyp gelenleriň köpüsi Hudaýyň bardygy barada Hytaýda birinji gezek eşidýärler. Olaryň köpüsi özlerini missionerçilik gullugyna bagyş etdiler we öz ýurduna gidip, ol ýerde Hoş Habary wagyz etmäge synanyşýarlar. Biziň döwrümizde, has ynamdar maglumatlara laýyklykda, Demirgazyk Koreýanyň territoriýasynda ýüz müňe golaý gizlin mesihi bar.

Demirgazyk Koreýada mesihiligiň taryhy — seneleri, jikme-jiklikleri we statistikasy — şeýledir. Soňky on ýylda aýalym ikimiz ony dünýäniň ähli kontinentlerine ýaýratdyk. Ýöne geçen ýyl biz özümizi şeýle aňk eden bir wakany eşitdim, şony hem size gürrüň berme kararyna geldim. Biz bir är-aýal bilen tanyşdyk, howpsuzlygy saklama niýeti bilen biz olaryň hakyky atlaryny gizläp, men olary jenap hem hanym Beler diýip atlandyrýaryn. Olaryň maşgalasy KHDR-da mesihiligiň ösüş etaplarynyň — ýapon hüjümi döwründäki yzarlamalardan başlap, Demirgazyk Koreýa döwletiniň emele gelmegindäki tüm garaňkylyga, doly ümsümlik ýyllaryna, aýra bolma we terrora, Hytaýda missionerler bilen duşuşma, indi hem öz taryhyny dünýä yglan etmek üçin Günorta Koreýa gelmä çenli — hemmesiniň şaýady boldy. Olaryň şaýatlygy özlerini açlykdan ölmekden halas eden Gudrat, ýamanlykdan saplanyp, göni Onuň söýýän ellerine gelip düşme, şäherleri titreden şeýle batyr iman, ümsüm bolsa-da, şeýle yranmaz bolan, irkilmeýän häkimiýetiň edil öňünde bilinmezligine duran imany hakdadyr.

Bu taryh Demirgazyk Koreýadaky gizlin ýygnagyň dünýädäki islendik başga ýygnakdan näderejede tapawutlanýandygyny, şonuň bilen birlikde hem, onuň nähili ajaýypdygyny we gymmatlydygyny, onuň tejribesiniň bolsa, nähili sapak berijidigini has aýdyň görkezýär.

17 Paula Hancocks, *“North Korean defector stands for South Korean election,”* CNN U.S., April 10, 2012, http://articles.cnn.com/2012-04-10/asia/world_asia_north-korea-defector_1_cho-north-koreadefectors?s=PM:ASIA.

Köp ýyllaryň dowamynda biziň Demirgazyk Koreýanyň gizlin ýygnagy baradaky (nädogry) düşünjämiz gizlin hytaý ýygnagynyň adatdan daşary görnüşine has ýakyn bolup, gijäniň garaňkylygynda mesihiler biri-birine gizlinlikde seredişip we Mukaddes Kitaplaryny gizleşip, gowaklarda we mesihileriň öýlerinde bir topbak bolup ýygnanyşýan görnüşde göz öňüne getirmekde jemlenendi. Ýöne Demirgazyk Koreýanyň gizlin ýygnagy biziň gizlin ýygnak baradaky düşünjelerimiziň hemmesini köküne çenli çym-pytrak edýär. Bu barada biz Beler maşgalasynyň bu kitapda gürrüňi ediljek asyra golaý taryhyndan bileris. Demirgazyk koreýaly gizlin mesihileriň pazlyň gaty mynjyran we reňki öçüp giden diýen ýaly bölejikleriniň bir gysymjygyny miras alan adamlara meňzeşdiklerine siz göz ýetirersiňiz. Olar özlerine berlen hazynanyň bahasyna ýetip bolmajakdygyny bilýärler, ýöne onuň bölejikleriniň hemmesini bir ýere ýygnasaň, nähili suratyň emele geljekdigini göz öňüne getirip bilmeýärler. Olar pazlyň özlerine ýeten bölejiklerini janlarynyň bahasy bilen goraýarlar. Hatda olaryň durmuşynyň özi-de özlerinde bar bolan bölejiklere mümkin boldugyça çuň akyl ýetirmäge bagyş edilen, munuň sebäbi şol bölejikleri nesilden-nesle geçirmegi üpjün etmekde we ýüzünde suratyň doly görnüşini görmek mümkin bolan guty baradaky goşmaça bölekleri we maglumatlary gözläp tapmakda jemlenendir.

Häzirki Demirgazyk koreýaly mesihiler mesihileriň beýle görnüşine degişli däldir, olar barada siziň eşiden bolmagyňyz mümkin. Häzirki döwürdäki Demirgazyk koreýaly mesihiler köplenç ýagdaýda Mesih barada ýaňy-ýakynda goňşy Hytaýa baran wagtlarynda bilen we bu bilimi köp sanly sapak beriji programmalar we okuw materiallary bilen bile yzlaryna Demirgazyk Koreýa alyp gelen adamlardyrlar. Ýöne Beler maşgalasy bu howlynyň goýunlaryna degişli däldir. Olar — ejir çekenlerden doglan galyndylardyr, öz ata-babalarynyň gaýduwsyz imanynyň mirasdarlarydyr, dünýäniň iň garaňky künjeginde Hoş Habary saklaýjylardyrlar, adamzat taryhynda şu wagta çenli bar bolan

ýurtlaryň iň butparaz ýurdunda Hudaýyň Bagalyň[18], öňünde hiç haçan dyz epmezlik baradaky ýerine ýetirip bolmaýan diýen ýaly ýumşuny buýran ýedi müň adamyndan galan galyndylardyrlar.

Kitabyň "Iman nesilleri" ady Gelip çykyş kitabynda, Hudaýyň ysraýyl halkynyň nesilleriniň berjaý etmeli bolan buýruklaryny beren wagtynda köp gaýtalanylan "olaryň nesilleri" jümlesi bilen baglanyşyklydyr. Edil şonuň ýaly, ol Demirgazyk Koreýadaky ýygnagyň nesillerine-de degişlidir. Bu nesil barada biz senelerden, sanlardan we olaryň özlerinden soň galdyran yzy bolup durýan statistikasyndan başga hiç zadam bilmeýäris. Indi olar biziň öňümizde doly reňkinde diri mukaddesler hökmünde däl-de, telekeçiler we çörek bişirijiler, ýesirler we pygamberler, hoşhabarçylar we sarsmaz Patyşalygyň göze görünmeýän sütünleri hökmünde ör boýuna galýarlar.

Jenap we hanym Beler entegem gullugy ýerine ýetirip ýörler, ýogsa bu olaryň özlerinden başlanan şahsy gullugy ýa-da Hudaýdan alan görnüşi däldi. Bu olaryň miras alan, saklamaga borçly bolan we ahyryna çenli alyp gitmeli bolan imanydyr. Özlerinde pazl bölejikleriniň mendäkiden esli azdygyna garamazdan — doly ýygnalan suratyň nähili bolmalydygy barada hiç hili düşünjeleriniň ýokdugy barada gürrüňem ýok — olaryň görkezýän gymmatly hem kämil wepalylygynyň derejesi meni haýran galdyrýar we boýun egdirýär.

Biziň birnäçe ýyl mundan ozal beren soragymyza Demirgazyk koreýaly gizlin mesihileriň beren jogaby şu wagta çenli-de meniň gulagymda ýaňlanyp dur. "Biziň üçin doga etmek?! Gaýtam, biz siziň üçin doga edýäris!" Biz pazlyň doly toplumyny, hatda görkezmeler berlen gutujygy we emele gelmeli suratyň şekilini hem alyp bilýäris, olar bolsa, diňe Ýaradany tanap, Oňa sežde edip we Oňa bil baglap, ellerinde pazlyň mynjyran we solup giden bir bölejigini titreme hem yhlas bilen gysyp ýörler. Men bu zatlary etmegi indi öwrenip başlamaly. Ortaça abadançylyga, ygtyýara

[18] 1 Patyşalar 19:18-e seret.

we azatlyga eýe bolsam-da, diňe bu ýekeje zadyň aslynda nähili ähmiýetiniň bardygyna ahyrsoňunda düşünmek üçin başga pazllara juda köp nazarymy aýlaýaryn.

*Erik P. Foli, "Ejir çekenleriň sesi" guramasynyň ýerine ýetiriji müdiri,*
*2012-nji ýylyň 22-nji iýuny*
*Seul, Koreýa*

1-NJI BAP

# Babasy — mesihilige berlen adam

*Jenap Be*

Käbir iman şaýatlyklaryň şeýle haýran galdyryjy bolandygy sebäpli, onuň näme bilen gutarýanyny sabyrsyzlyk bilen bilmek isleýärsiň. Babamyň maňa gürrüň beren taryhlarynyň hemmesinde-de şeýle bolýardy. Men babamyň ölüminiň hasratyny çekýän on bir ýaşly Demirgazyk koreýaly oglan bolup, garaňky gyş gijelerinde mamamdan onuň taryhyny maňa gaýta-gaýta gürrüň bermegini ýalbaryp soraýardym, ýogsam biziň ikimizem onuň taryhyny gürrüň bermegiň ýa-da diňlemegiňem dönüklik işi bolup durýandygyny, biziň maşgalamyzyň ähli agzalarynyň janlaryny howp astyna salýandygyny bilýärdik. Ýyllar geçenden soň, on üç aýyň dowamynda ir ertirden agşam sagat ona çenli gün uzyn bir boluşda Demirgazyk Koreýanyň türmesiniň sowuk polunyň üstünde oturanymda, şol taryhyň ýatlamalaryny bütin gün arasyny kesmän, iň ownujak jikme-jikliklerine çenli aňymda aýladym. Häzir bolsa, Günorta Koreýada maşyn ýuwýan ýerde işläp ýörşüme Hudaýyň çagyryşyna tabyn bolup, gyzymy biziň bölünen, aýra salnan milletimiziň şypa berijisi edip terbiýeleýärin. Men asmana seredenimde bolsa, hakydamda babamyň taryhy janlanýar.

Meniň babamy tanamagyňyzy men nähili isleýärin! Men onuň durmuşynyň taryhyny, onuň bilen Hudaýyň gürleşişini, onda-da şeýle gaty ses bilen gürleşendigi sebäpli, babamyň gulagynyň gapylara gelendigi, Hudaýyň merhemeti bilen onuň öz şäherçesini

ençeme gezek halas edişi, Hudaýyň (bir buýrugy beýlekisinden beter bolany sebäpli) özüni alada goýan buýruklaryna tabyn bolşy, onuň galtamanlara we ýurdy basyp alan goşunyň esgerlerine Hoş Habary wagyz edişi, (ýygnagyň ruhy çopany gizlenende) ýygnak binasynyň ýakylmagynyň öňüni almak üçin onuň özüni pida edişi barada gürrüň berjek. Hemme zadyň näme bilen gutaranyny bilmek üçin babyň sahypalaryny soňuna çenli agdarjakdygyňyza men ynanýaryn.

Şonuň üçin men gürrüňi soňundan başlamak bilen sizi şol synagdan saplaýaryn.

Şeýlelikde, meniň babam özüne Hudaýyň buýruk berşi ýaly, Mukaddes Kitaplaryň hemmesini ýakýar, şeýdibem, Demirgazyk Koreýanyň häkimiýetini barmagynyň daşynda aýlaýar. Hoş Habar bolsa ýaýramagyny dowam etdirýär.

Munuň ýaly ahyrky netije nesilden nesle geçip gelýän wepalylyk we yranmaz iman baradaky şaýatlyk üçin juda adaty zat däl ýaly bolup görnüp biler, ýöne Demirgazyk Koreýa Hudaýa wepaly bolmagyň aňsat bolan ýeri däl. Demirgazyk Koreýada mesihiler bütin düşünjeleri, janlary hem tenleri we durklary bilen Hudaýa wepalylygyna galmaga dyrjaşýarlar, muňa bolsa, her bir ýagdaýda diýen ýaly, janyň bahasy bilen ýetilýär. Şonuň üçin bu wepalylyk şeýle gymmatlydyr we bu taryhlaryň başy hem ahyry köplenç adaty bolmaýar. Hakyky şaýatlyk hem, kadadan çykma däldir.

Meniň babamyň taryhy Demirgazyk Koreýada başlanmaýar. Ol döwürlerde Demirgazyk we Günorta Koreýalar ýokdy-da, diňe bir Koreýa bolup, ol öz ýolundaky zatlaryň hemmesini süpürip alyp gidýän, Hytaýa hem aýlanan harasat kimin bolan Ýapon imperiýasynyň agyr zulumy astyndady. Ýöne Hudaýyň şol möwç alýan harasadyň ortasynda durup, ony Isanyň ady bilen köşeşdirmegi babama buýruk berenini bileniňizde, siziň haýran galmagyňyz mümkin!

Ýöne men juda öňe ylgaýaryn. Maňa iň başyndan başlamaga rugsat ediň.

Meniň babam size rowaýata öwrülen şahsyýet ýaly bolup görner. Ýöne ol meniň üçin diňe ýöne bir babamdy — ejemiň kakasydy we ýygnak ýaşulusydy, ýöne ol hemme zatdan öňürti Hudaýyň hyzmatkäri bolup, taryhyň iň garaňky döwürleriniň birinde gorkunç ýerde ýaşamaly bolupdy.

Ol deň derejede söýýän hem ak ýürekli, akylly hem mährem adamdy. Günüň islendik wagtynda onuň töweregine adamlar ýygnanyşýardylar, olaryň köpüsi bolsa, babam nirä gitse, onuň yzyna düşýärdiler. Ol adamlaryň babam bilen salamlaşan wagtyndaky ýüzleriniň keşpleri babamyň ýüz keşbinden-de ýadymda gowy galypdyr. Çaga wagtymda-da, hatda ygtyýara eýe bolan adamlaryň hem, babama nähili hormat bilen garaýandyklaryny görenimde, meni buýsanç gurşap alýardy. Şeýle-de bolsa, onuň özi hiç haçanam muňa buýsanmaýardy, mätäçlere kömek etmek, olary köşeşdirmek, ruhlandyrmak we adamlary Hudaýa bolan imana çagyrmak üçin mydama saklanýardy.

Meniň maşgalam, edil geçip giden düýş ýaly bolan şol wagty, öz maşgala agzalarynyň şonuň ýaly hormatdan hem sylagdan peýdalananyna, şeýle zatlaryň bolanyna käwagt şübhelenip ýatlaýar. Bu altyn döwür bolupdy! Şol wagtlarda-da, ondan birneme soňrak hem, babam bize, töwerekdäki zatlaryň hemmesi her neneň garaňky ýaly bolup görnende-de, Hudaýyň biziň aladamyzy mydama edýändigini aýdýardy.

Hut Ikinji jahan urşy döwründe, tanklaryň güwwüldisiniň içine hem-de minomýot odunyň ortasynda babam Hudaýyň sesini birinji gezek eşidýär. Ol bu sesi ýaponlaryň Hytaýyň demirgazyk-gündogaryna, meniň maşgalamyň ýaşaýan ýerine, saklap bolmajak güýç bilen okdurylyp giren wagtynda eşidýär. Babamyň ýaponlara garşy çykyşynyň taryhyny mamam maňa gürrüň berende, men hemişe öz-özüme babamyň koreý, hytaý dillerinden başga ýapon dilini beýle gowy gürlemegi nirede öwrenendigi baradaky soragy berýärdim. Şol gün ýygnak binasyny çym-pytrak etmek üçin gelen ýapon goşunynyň esgerleri-de şu soragy özlerine beren bolsalar gerek.

Ýaponlar hytaý halkyny ol ýerdäki koreýlere garanda Hytaýda köp ezýärdiler. Olaryň aňynda hytaýlylar sowatsyz hem hapa adamlardylar, koreýalylary bolsa olar olardan azajyk ganymat hasap edýärdiler. Ýöne hiç zat olary meniň babam bilen duşuşyga taýýarlap bilmändi.

Ol öz adyny tutup, Hudaýyň çagyranyny eşideninde, mamamyň aýtmagyna görä, birnäçe gün agyz bekleýär. Şonda Hudaý ony şeýle gulagyňy gapdyryjy ses bilen çagyrýar welin, beýleki sesleriň hemmesi bir pursatlyk ümsüm bolýar.

"Sung Do! Sung Do! *Sung Do!* — diýýän gaty ýaňlanýan kuwwatly ses eşidilýär. — Ýaponlar saňa zyýan ýetirmezler. Olaryň ýanlaryna bar".

Ýygnak binasyna okdurylyp girip, öňünde duranlaryň hemmesini öldüren, mesihileri gözläp ýören ganhorlaryň ýanlaryna barmaly?! Mamamyň aýtmagyna görä, bu ýagdaý birinji gezek bolanda, babam sesiň gulagyna eşidilendigine ynamly bolupdyr. Şonuň üçin ol doga edip duran ýerinden gozganmandyr. Ses bu sözleri üç-dört gezek gaýtalaýar.

Babam doga edip bolandan we agyz beklemäni tamamlanyndan soň, Hudaýyň sesini hakykatdan eşitdim, şonuň üçin gaçmagyň deregine, buýruga tabyn bolup, ýaponlaryň ýanyna barmak gerek diýen netijä gelýär.

*Akmaklyk!* Ýygnak binasyny kül owram etmek üçin gelen ýapon goşun bölüminiň esgerleri şeýle pikir eden bolsalar gerek. Gizlin ýerden bolýan zatlary synlap duran ýygnagyň ruhy çopany hem şeýle pikir edendir diýip çak edýärin. Ýöne babam gapynyň agzynda arkaýyn durup, esgerlere edil öz dostlaryna ýüzlenişi ýaly, ýapon dilinde ýüzlenýär. Ol olardan ýygnak binasyny weýran etmezligi haýyş edýär.

Bu diri nyşanany, üstesine-de özleriniň dilinde gaty gowy gürleýän adamy görenlerinde, ýaponlar aňk bolup galýarlar. Elleri paltaly hem ýekedabanly gelen adamlar: "Ýeňiýoluklaryň içinde biri ýapon dilinde gaty gowy gürleýär!" — diýip, duran ýerlerinde

geň galmakdan ýaňa doňup galýarlar. Babam bolsa bu wagtda imanlylaryň ýygnak binasynda näme üçin ýygnanyşýandyklaryny, esgerleriň näme üçin toba gelip, Hudaý bilen ýaraşmak üçin Onuň Mesihi kabul etme çagyryşyna jogap bermelidiklerini düşündirýär. Mamamyň aýtmagyna görä, şol gün ýapon esgerleriniň köpüsi mesihi bolupdyrlar. Ýygnak binasy bolsa, abatlygyna galypdyr.

Mesihileriň käbirleri eýýäm şäherden gaçyp gidipdiler, käbirleri hem, babamyň göreldesine eýerip galypdyrlar. Ol ruhy çopan bolmasa-da, adamlar barybir onuň göreldesine eýeripdirler. Babamy "mesihilige berlen adam" diýip atlandyrýardylar, hatda garran wagtynda-da, hawa, onuň lakamy şeýledi.

Babamyň Hudaýyň sesini eşitmegi aslynda islänmidigini men bilmeýärin, sebäbi ol adatça, sagdyn pikirli adamyň aklynyň aýdýan zatlarynyň tersine bolan ädimleri ätmegini özünden talap edýän betbagtçylygyň ýakynlaşmasynyň alamaty bolup durýardy. Hudaý ýygnak binasyny halas etmek üçin ony ulananyndan (ýaponlar bilen çaknyşmalar wagtynda hemme zadyň şeýle şowly bolup geçendigine örän şat bolandyr diýip pikir edýän bolsam-da, ol asudady) köp wagt geçmänkä, gulagyňy gapdyryjy şol ses ýene onuň adyny tutýar, şonda ol hem titrän bolsa gerek.

Ses oňa: "Eger sen şäher ýaşaýjylarynyň ölmeklerini islemeýän bolsaň, onda git-de işle" — diýende, bu babamy anyk aljyraňňylyga salan bolsa gerek. Gidip işlemeli? Ol Hudaýdan özüne näme etmegiň gerekdigine düşünmäge kömek etmegini haýyş etdi. Ýöne ol jikme-jiklikleri köp aldygyça-da, onuň birahatlygy şonça artdy. Ses oňa şäherlileriň — imanlylarynyň we imansyzlarynyň — hemmesiniň öýlerine girip, olardan tygşytlan serişdelerini soramalydygyny, ýöne şol wagtda Hudaýyň adyny agzamaly däldigini aýtdy. Soň olaryň beren zatlaryny alyp, ýola düşmelidi. Puly iş üçin goýum edip, kyrk günden soň, yzyna şähere gaýdyp gelmelidi.

Munuň ýaly täsin haýyş bilen şäher ýaşaýjylaryna ýüzlenip, öýme-öý aýlanmaklyk babam üçin kemsidiji zat bolan bolsa gerek. Elbetde, kimdir biri onuň üstünden gülendir we ýaňsylandyr,

ýöne munuň ýalylaryň juda az bolandygy ony örän haýran galdyrýar. Hem mesihileriň, hem imansyzlaryň ony “mesihilige berlen adam” diýip atlandyrýandyklaryna garamazdan, onuň batyrlygyna, çydamlylygyna we ýapon basybalyjylarynyň öňünde ony Hudaýyň gorandygyna hiç kim şübhelenmeýärdi. Özleriniň tygşytlan pullaryny babama bermekligi köp adamlaryň ýüreklerine Hudaýyň salandygyna menem ynanýardym. Olaryň arasynda şol ýyl hasylyny ýitirenlerem bardy, şeýle-de bolsa olar özlerinde bar zatlaryň hemmesini oňa berdiler.

Babamyň gidenine kyrk güne golaý wagt geçeninden soň, biziň şäherçämize talaňçylar çozdular. Bu çekirtgäniň ýagmasyny ýadyňa salýardy. Olar şähere çetdäki daglardan gelip, mümkin bolan zatlaryň hemmesini alyp gidýärler. Mamamyň gürrüň bermegine görä (ol we maşgalamyzyň beýleki agzalary bu betbagtçylygyň şaýatlary bolupdylar), talaňçylar hemme zady alyp arassalapdylar.

Talaňçylaryň gelip giden gününiň ertesi gün babamyň gelmeli günüdigini şäheriň ýaşaýjylary bilýärdiler. Ýöne ol gelmeýär.

Ertesi gün şäher ýaşaýjylarynyň biri mamamyň öýüne gelip, oňa käýäp hem ony aýyplap başlaýar. Soň ol mamamy tutýar-da, birnäçe gezek iteklände, onuň kellesi diwara baryp degýär.

Başgalaram şondan gowy zat etmeýärler. Şol wagtlarda hemmeler iň agyr günleri başdan geçirýärdiler. Hasyl bolmandygy sebäpli, hemmeler açlyk çekýärdiler. Mamam öýme-öý aýlanyp, galan azyklaryny maşgalalar bilen paýlaşýar we olary babamyň gaýdyp geljek wagtyna çenli çydamalydygyna ynandyrýar. Käbirleri onuň alada edişine juda tolgunýarlar-da, babamyň gaýdyp gelerine çenli ýetmän ölmekleriniň mümkindigine garamazdan, oňa ylalaşma bilen jogap berýärler. Ýöne raýatlaryň köpüsi öňküleri ýaly, nägileliklerini bildirýärler.

Ahyrsoňy, özünde bar zatlaryň hemmesini paýlanyndan soň we uzak wagtlap hiç zat iýmändigi sebäpli, mamam juda güýçden gaçyp, umydyny ýitirýär. Babamyň gidenine kyrk üç gün geçenden soň, eger şol gün ol gaýdyp gelmese, onda özüni öldürme kararyna

gelýär. Ol ýüregine düwen zadyny etme kararyna berk gelenden soň, çagalaryny gämi duralgasynyň ýanyna alyp çykýar.

Babam mydama boýnuna ak şarf dakyp ýörýärdi. Daň saz berende, mamam çagalary bilen Günüň doguşyny synlap oturyşyna babama garaşýar. Tizara olar golaýlaşyp gelýän gaýygy görýärler, ýöne onuň içinde kimiň bardygyny anyklap bilmeýärler. Mamam ondaky şekili çalaja aňşarmagy başaranynda, ol onuň boýnundaky şarfy görýär. Gaýykdaky adam boýnundan şarfyny aýryp, ony bulap başlaýar. Bu babamdy!

Gaýyk golaýlaşyp geldigiçe ol çagalary bilen bile tans edýär we begençden ýaňa aglaýar. Mamam babamyň gaýdyp gelenini goňşularyna habar bermek isleýär, ýöne açlyk zerarly gowşan fiziki ýagdaýy sebäpli muny edip bilmeýär.

Babam kyrk üç günden bäri ýokdy. Şol gün şäheriň beýleki ýaşaýjylary-da, özlerini öldürme pikiri bilen gämi duralgasyna gelipdiler, sebäbi babam olaryň ýeke-täk umydydy ahyry. Mamam olaryň iýmit gözläp gelendiklerine, eger babam gaýdyp gelmedik bolsa, onda olaryň öz niýetlerini gürrüňsiz amala aşyrjakdyklaryna ynanýardy. Gaýyk ahyrsoňy kenara gelip ýetende, duralganyň ol ýere ýygnanyşan adamdan dolandygyny mamam gürrüň berdi.

Mähelläniň basyşy sebäpli babamda şahsy salamlaşmalar ýa-da maglumat alyşmalar üçin wagty bolmandy. Bu teşne, aç mähellä kim-de bolsa biri ýüzlenmelidi, şonuň üçin mamam şunuň ýaly ýakymly wakalar görnüşinde ak patanyň berlendigine akyl ýetirip, ýönekeý bolmadyk bu wezipäni ýerine ýetirmegi öz üstüne alýar.

Ol gaýyga girip, soňky wagtda özüne şeýle köp ýigrenç bildiren şäherlilere ýüzlenýär. Ol gaýykdaky azykdan ýekeje zat almaga olara rugsat etmejekdigini, sebäbi olaryň özlerini örän zalym hem gaharly alyp barandyklaryny aýdýar we özüne hem adamsyna ynanmazlykda we adamsynyň gaýdyp gelmegine päsgel beren ýagdaýlaryň bolmagynyň mümkindigini hasaba almazlykda olary aýyplaýar. Soň ol gaýygyň azykdan doludygyny, ýöne özüni itekläp, kellesini diwara degrenleriň zalymlyklary sebäpli, ony paýlamakçy

däldigini aýdyp, sözüniň üstüni ýetirýär. Hemmeler ýuwaşja horkuldap, ondan ötünç soraýarlar. Şondan soň ol ýygnananlara özüniň şäher ýaşaýjylaryny hiç haçan aldamandygyny, olar üçin diňe özüni pida edendigini we azyk ätiýaçlyklaryny olar bilen paýlaşandygyny ýatladýar.

Soň babam mamamyň egnine mähir bilen kakyp: “Dur. Olar bilen gürleşmäge maňa rugsat et” — diýýär. Ol adamlara ýüzlenip, adamlary Hudaýa getirmegiň öz işi bolup durýandygyny düşündirýär. Ol bu işleri pul üçin däl-de, Hudaýyň buýrugyna tabyn bolmak üçin edendigini, sebäbi şäheriň ýaşaýjylaryny halas etmelidigini özüne Hudaýyň aýdandygyny aýdýar. Ol hemmelere özüniň mesihidigini, öz aýtjak zatlaryna düşünmegiň mesihi däller üçin kyn boljagyny bilýändigini ýatlatdy. Eger ol gitmedik bolsa, onda şäher ýaşaýjylarynyň oňa beren pullaryny talaňçylar alyp gidýärdiler. Bu oňa olary halas etmek üçin özüni şäherden Hudaýyň çykarandygyna ynam berýär, şonuň üçin adamlar Oňa iman etmelidiler. Ol Hudaýyň özüne şeýle köp puly gazanmaga mümkinçilik berendigini, şonuň üçin şäheriň ýaşaýjylaryna indiki birnäçe ýylyň dowamynda azygyň ýetjekdigini gürrüň berdi. Imanlylaryň we imansyzlaryň hemmesi ony goldap, başlaryny atdylar.

Soň babam özüne ynanyp, tygşytlan pullaryny berenlerden bir tarapa geçmeklerini haýyş etdi. Ol olaryň her biriniň öz bereninden *ýüz esse köp aljakdygyny* yglan edýär. Ýüz esse!

Ol ýere ýygnanyşanlar utandylar, soň olar mamam bilen babamdan özlerini açlykdan halas etmeklerini ýalbaryp haýyş edip başlaýarlar. “Bizi halas ediň! Bizi halas ediň! Bizi halas ediň!” — diýip, olar haýyş edýärler. Babam diňe öz çagyryşyna seslenenlere ynanjakdygyny aýdýar, ýöne Hudaýyň bütin şäheri halas etmek üçin özünden şäherden gitmegini sorandygyny belleýär. Şonuň üçin ol şäheriň beýleki ýaşaýjylaryndan: “Indi siz Hudaýa ynanýarsyňyzmy?” — diýip soraýar. Olar: “Hawa! Hawa! Biz Hudaýa ynanýarys!” — diýip jogap berýärler. Olar ellerini bulap, asla aç oturanlara meňzemän şeýle gaty gygyrýarlar.

Şondan soň bolan zat hemmeleri haýran galdyrýar. Babam özüne pul berendigine ýa bermändigine garamazdan, *hemmelere* bir möçberdäki azygy paýlaýar. Şol günden başlap, şäherdäkileriň hemmesi ýygnaga gatnap başlaýarlar.

Bu zatlardan soň babamy nähili şöhrat tolkunynyň gurşap alandygyny göz öňüne getirip bilersiňiz. Ýöne onuň gaýdyp gelenine köp wagt geçmänkä, ýene şol gulagyňy gapdyryjy tanyş ses onuň adyny tutup, gaty ses bilen çagyryp, gündelik dogasyndaky we agyz beklemekdäki asudalygy bozan wagtynda, onuň ondan gaçmak islän bolmagy mümkin. Şol ses oňa *haýal etmän* maşgalasyny alyp, şäherden gitmegi buýruk berende, onuň başda näme üçin bu buýruga garşy çykandygy maňa doly düşnükli. Ol şäher ýaşaýjylarynyň arasynda çirksiz abraýa eýe bolupdy ahyry. Ýygnagyň goragçysy! Hudaýyň telekeçisi! Deňi-taýy bolmadyk wagyzçy!

Ýöne ses öz diýenini gaýtalady durdy. Ol şäheri ýene bir gezek halas etme wagtynyň gelendigini, ýöne bu gezek ondan gitmek bilen halas etmelidigini nygtaýar. Babam maşgalasy bilen şäherden keýpsiz gidýär. Bu wagtda şäheriň alada galan ýaşaýjylary hiç kime düşnükli bolmadyk we gaýgyly tomaşa seredip galýarlar. "*Nähili täsin adam. Şunuň ýaly sylaga hem hormata ýetibem, hemme zady hiç zat üçin terk edýär*" — diýip, olar pikir edýärler. Olar bu täsin adamy we Hudaýyň özleriniň şäherini halas etmeklige beren täsin wadasyny uzak wagtlap ýatda saklan bolsalar gerek. Babam gideninden köp wagt geçmänkä, garahassa keseli ýaýraýar-da, köpleri gyrýar. Adamlaryň käbirleri keselden ölýärler, käbirleri-de maýyp bolup galýarlar. Ýöne biziň maşgalamyz Hudaýyň merhemeti bilen halas bolýar.

Babamyň şäheri halas etjegi baradaky Hudaýyň wadasy näme? Munuň taryhlaryň hemmesinden-de täsin ýaly bolup görünmegi mümkin. Babam şäherden gidenden soň, maşgalasy bilen öz doganoglanlarynyň ýaşaýan ýerine göçüp barýar. Ýöne ol şäher gaty erbet ýagdaýdady — ol ýerde birnäçe baý adam, talaňçylar,

ogrular we köp sanly barypýatan erbet adamlar ýaşaýardy. Bu ýer hakyky Sodom bilen Gomorady.

Babam bilen onuň maşgalasy goşlaryny düşürip, bu şäherde ýaşap başlaýarlar. Olar indiki ýylyny, özlerinde däp bolşy ýaly, garyplara kömek etmek bilen geçirýärler. Wagtyň geçmegi bilen babam maşgalasy bilen kyn güne düşýär. Olaryň öýüne talaňçy girýär. Mamam ykbalyndan nalaýar, babam bolsa, doga etmegini dowam etdirýär. Ol özleriniň imanynyň näderejede güýçlüdigini Hudaý synaýar diýip hasap edýär.

Bir ýyl geçenden soň babam ýene Hudaýyň, edil öňküsi ýaly gaty sesini üç gezek eşidýär. Habaryň manysy şol öňküsidi: “Sen şäher ýaşaýjylaryny halas edýärsiň”.

Babam bu barada aýalyna gürrüň berýär. Bu täzelik, elbetde, ony alada goýýar, sebäbi olaryň özleri günlerini zordan görýärdiler, şonuň üçin özlerini halas etmegi göz öňüne getirmek olara kyndy, ýaşaýan şäherini halas etmek barada gürrüňem ýokdy. Mamam babam ýene gazanç etmäge gitmeli bolar diýip çaklaýardy, şonuň üçin gaharly goňşularynyň öz kellesine zeper ýetirişi ýaly wakanyň gaýtalanmagynyň mümkindigi baradaky pikiriň ony onçakly bir begendirmändigini nämedir bir zat maňa aýdýar. Ýöne babam hiç ýere gitmekçi däldigini, sebäbi Hudaýyň oňa nirädir bir ýere gitmelidigini aýtmandygyny aýdýar. Ol Hudaýda Özüniň maksadynyň bardygyna ynanmalydygyny mamama aýdýar. Şeýdip, olar garaşma kararyna gelýärler.

Şol daglyk ýerde talaňçylar toparlary seýrek bolýan zat däldi. Olaryň käbirleriniň birazajyk ynsaby bar ýalydy, sebäbi olar diňe baýlary talaýardylar, käbirleri-de, bütin dünýä gaharly bolup, hemmeleri we her bir adamy soňky sapagyna çenli sypyryp gidýärdiler. Şeýdip, şäherde “päk ahlakly” ogrular topary döreýär, olar diňe baý adamlary talaýardylar. Meniň babam ýaly haýsydyr bir garyp adam olary hakykat ýoluna getirmek üçin olaryň “işini” saklanda, olaryň haýran galyşlaryny göz öňüne getirip bir görüň. Babam olara kim bolanda-da bir adamy — baýy ýa-da garyby —

talamaklygyň günädigini düşündirip başlaýar. Onuň ýüzlenmesi olary Hudaýa tarap öwürme maksady bilen edilýän wagza onçakly meňzemändir. Babamyň sözlerine aňk bolan talaňçylar azajyk wagtlyk saklanypdyrlar, ýöne şol wagt hem, olaryň onuň sözlerini eşitmekleri we manysyna akyl ýetirmekleri üçin ýeterlik bolupdyr.

Şonda talaňçylaryň baştutany (bu garyp adamyň öz maşgalasyny onçakly bir sylap durmaýandygy göze görnüp duran baý goňşularyny gorajak bolup, näme üçin janyna töwekgelçilik edýändigine düşünmäge synanyşan bolsa gerek) bu şäheriň babam üçin dogduk şähermidigi bilen gyzyklanýar. Babam muňa dogduk şäheri däldigini aýtmak bilen jogap berýär. Babam baştutan bilen edil arzyly myhman bilen gürleşen ýaly gürleşýär-de, özüniň başga şäherde doglandygyny we ýaşandygyny aýdanda, şol şäheriň adyny aýdýar.

Babamyň doglan we ýaşan şäheriniň adyny eşideninde, baştutan örän haýran galýar-da, oňa (we bolup geçýän zatlary uly gyzyklanma bilen synlap duran mamama) syryny açyp, öňräk şol şäherdäki birnäçe baý adamyň öýlerini talandyklaryny, şol ýerde garahassa epidemiýasy başlaryndan inmezden öň bütin şäheri açlykdan halas eden bir adam hakdaky taryhy eşidendiklerini gürrüň berýär. Talaňçy babamdan şol adamy tanaýanmydygyny soraýar.

Şol wagt mamam saklanyp bilmeýär. “Bu şol-da! Bu şol-da!” — diýip, ol gygyryp aýdýar. Bu baştutany has-da alada goýýar. Ol munuň ýaly adamyň bolçulyk hem abraýly at alan ýerini terk edip, näme üçin özüne diňe garyplyk hem mahrum bolmanyň garaşýan ýerine gelendigini soraýar.

Şu ýerde babam baştutany Rebbe getirmegiň gaty gowy mümkinçiligini alýar. Ol şäheriň ýaşaýjylaryny halas etmek üçin özüni Hudaýyň şäherden alyp gidendigi, soň hem, şäheriň halkyny açlykdan halas edendigi baradaky şaýatlygyny oňa gürrüň berýär. Talaňçylar babamyň gürrüňini diňläp, it ýylgyryşyny edýärler we munuň ýaly adamyň nädip pulsuz hem tanyşsyz kimdir birini halas edip biljekdigi baradaky soragy öz-özlerine berýärler.

Ýöne babam batyrgaý şaýatlygyny dowam edýär. Ol Hudaýyň Sözüniň özüniň durmuşy bolup durýandygyna ynanýandygyny we Hudaýyň kömegi bilen bu şäheriň ýaşaýjylaryny-da halas etjekdigini aýdýar. Edil şol pursatda ol şäher ýaşaýjylaryna hiç hili kömek edip bilmeýän bolsa-da, wagty gelende näme etmelidigini Hudaýyň hökman bildirjekdigini aýdýar.

Babam bu sözleri aýdanda, baştutan uludan gülýär. Ol arkasyna öwrülip, öz ýaranlarynyň birnäçesiniň göterip gelýän agyr tüwini işläp çykarýan stanogyny görkezýär. “Biz bu töwerekdäki şäherleriň we obalaryň hemmesine bardyk — diýip, baştutan düşündirýär. — Indi ýoly dowam etdirmegiň wagty geldi. Bu stanok özümiz bilen alyp giderden juda agyr. Hudaý seni biziň ýanymyza edil wagtynda alyp geldi. Indi sen sebitdäki ýaşaýjylary halas edip bilersiň!” Talaňçylaryň beýleki agzalarynyň hemmesi-de agzybirlik bilen gülýärler.

Babam stanoga seretmek üçin baranda, ony göterip gelýän talaňçylar başda ony alanyna örän begenendiklerini, ýöne soň onuň özlerine ýük bolandygyny aýdýarlar. Oňa, şeýle hem, olar bir at sowgat berýärler. Şeýdip, babam bir pursatyň içinde baýaýar-da, tüwini işläp çykarýan stanogyň we owadan, iň esasy zat hem, peýdaly atyň eýesi bolýar.

Ýöne babamy maddy abadançylyga seredende, talaňçylaryň ýüregi has köp gyzyklandyrypdyr. Ol stanogy goýup, baştutany toba etmäge we Hudaýyň diri Hudaýdygyna ynanmaklyga çagyrýar. Ol: “Ogurlan zatlaryň hemmesini yzyna ber” — diýip, oňa aýdýar.

Baştutan Hudaý baradaky pikirlere elini salgap goýberýärde, adamlaryň özüniň ogurlan etine we beýleki azyklaryna mätäçdiklerini aýdýar. Ýöne hoşlaşyk sowgady hökmünde, ýitgileriň öwezini dolma ýaly edip, ol ýaşaýjylaryň hemmesine ýüpek sowgat berýär. Olar babamda we ony halamaýanlarda köplenç bolşy ýaly, dost bolup hoşlaşýarlar. Soň baştutan babamyň özüniň “täsin” Hudaýynyň kömegi bilen bu şäheri, hakykatdan hem, halas etjekdigine umyt bildirýär.

Mamamyň aýtmagyna görä, baştutan gaýdyp gelmäge söz beripdir, ýöne beren sözünde durmandyr. Ýöne Hudaýyň merhemeti we öňdengörüjiligi bilen babam, hakykatdan hem şäheri halas edipdir. Babam bilen mamam tüwini işläp çykarma işinde üstünlik gazanypdyrlar we munuň üsti bilen gowy gazanç edipdirler. Olar özlerine we şäheriň beýleki ýaşaýjylaryna zerur bolan tüwini satyn alypdyrlar.

Bu zatlaryň hemmesi ýene-de ses: "Sung Do! Sung So! *Sung Do!*" — diýip, babamy çagyrmazynyň öň ýanynda bolup geçýär. Öň bolşy ýaly, bu ýene-de babam Hudaýa doga edip otyrka bolup geçýär. Hudaý oňa: "Saňa Hytaýdan gitmäge çen boldy. Howluk, mümkin bolan islendik usul bilen, mümkin boldugyça basymrak Demirgazyk Koreýa gitmegiň gerek" diýýär.

Babam buýrugy maşgalasyna aýdýar. Ol wagtlar maşgalanyň başy ejemiň uly erkek dogany bolup, ol mamamyň we babamyň aladasyny edýän eken. Mamam çagalarynyň hemmesini ýygnap: "Men sizi gitmäge mejbur edip biljek däl. Ýöne biz gitme kararyna geldik. Özüňiz çözüň" — diýýär. Şeýlelikde, meniň ejem bilen kakam, ejemiň iki uly erkek dogany bilen uýasy, mamam hem babam bilen gidýärler. Hytaýda diňe iki dogany — ejemiň uly erkek doganlarynyň biri bilen uly aýal dogany galýar.

Hudaý olara gitmegi buýruk berýär, olar hem tabyn bolýarlar. Olar gidenlerinde, ýurtda rehimsizlik bilen bütin Hytaýa tolkun bolup ýaýran Medeni rewolýusiýa öç alýar. Ol on ýyl dowam edýär, onuň netijesinde häkimiýet başyndaky sowatly adamlaryň hemmesi işden aýrylýar. Belli bolşy ýaly, Hytaýdaky kommunistik rewolýusiýanyň üýtgewsiz serdary Mao Szedun daýhan maşgalasyndan çykandy. Maonyň "Uly böküşi" ýurdy, hakykatdan hem, uzaklara yza oklan wagtynda, Maonyň ýerine döwlet ýolbaşçysy ornuny eýelemeli Lýu Şaosiniň meşhurlygynyň artmagy Maonyň dördünji aýaly akrtisa Szýan Sini biynjalyk edýär. Szýan Sin Maony göripçilik etmeklige itekläp, Lýu Şaosiniň uniwersitetdäki leksiýalarynyň arkasyndan

talyplaryň arasynda gitdigiçe köp abraýdan hem hormatdan köp peýdalanýandygyny nygtaýar.

Şonuň üçin diňe Lýu Şaosi häkimiýet işinden daşlaşdyrylman, eýsem ony akylly hasaplanylýan her bir adama jeza çäresi görüldi. Medeni rewolýusiýadan öň meniň ejem bilen kakam mugallymdylar, daýylarymyň biri bolsa lukmandy. Meniň Hytaýda galanlaryndan başga, maşgala agzalarymyň hemmesini sowatly adamlar hasap edip bolýardy. Şonuň üçin ýurtda galan bolsa, öldürilmegi mümkin bolan maşgala agzalarymyza, babama maşgalasy bilen Demirgazyk Koreýa gitmegi buýruk beren Hudaýyň sesiniň kömegi bilen bu ýagdaýdan gutulmak miýesser etdi. Medeni rewolýusiýadan gorkmaýan beýleki garyndaşlarymyz ýurtda galdylar. Indi biziň Demirgazyk Koreýada jezalar içinde başdan geçiren onýyllyklarymyz hakda bilenimde, Hudaýyň Öz akyldarlygy bilen biziň bir bölegimizi ol ýere göçürendigini, beýleki bölegimizi bolsa, Hytaýda aman saklandygyny diňe çak edip bilýärin. Her kim öz galan ýerinde, iki ýurtda-da durmuşyň kynçylyklarynyň bolandygyna garamazdan, Onuň merhemeti bilen ejirleriň hemmesine döz gelip we babamdan miras alan Hudaýa bolan imanyny saklap bildi.

Medeni rewolýusiýa döwründe sosializm Hytaýyň, Sowet Soýuzynyň we Demirgazyk Koreýanyň taryhynyň islendik beýleki döwründäkä seredende, ýokary tizlikde ýaýrady, bu bolsa, mesihileriň başyndan gazaply yzarlamalary inderdi. 1945-nji ýylyň 15-nji awgustynda Koreýa ýapon basybalyjylaryndan azat edildi. Demirgazyk Koreýa Soýuzyň ugrukdyrmasy astynda galdy we ýaş döwlete kimi baş edip bellemelidigi baradaky güýçli çekeleşmeler gidip başlady. Ahyrsoňy, bije Kim Ir Sene düşdi, sebäbi ol Ýaponiýa garşy ýaragly göreşi alyp bardy, şonuň üçin Demirgazyk Koreýada gowy tanalýardy. Ony Beýik Serdar diýip yglan etdiler, bu bolsa, mesihilerde ullakan birahatlyk döretdi, olaryň howatyrlanmasynyň we gorkmasynyň sebäbi tizara tassyklanyldy.

Ol döwürlerde döwlet howpsuzlyk gullugynyň işgärleri imanlylary iň ýokary jeza höküm edýärdiler — olaryň boýunlaryna

agyr daşlary asyp, deňze gark edýärdiler. Demirgazyk Koreýa Kim Ir Seni arşa çykarýardy, şeýdibem, onuň häkimligi berkedigiçe, dinleriň hemmesi resmi taýdan ýok edildi.

Meniň 1958-nji ýylda doglandygym sebäpli, mesihilere azar berlen ilkinji ýyllar hakda bilýän zatlarym mamamyň we babamyň gürrüňlerine esaslanýar. Mamam öýme-öý aýlanyp, tükeniksiz öý dökmeleriň geçirilendigini, tapylan Mukaddes Kitaplaryň ýakylandygyny, mesihilik bilen baglanyşykly adamlary tussag edendiklerini maňa ýuwaşjadan howsalaly ses bilen gürrüň berdi. Ol onlarça mesihileri gaýanyň gyrasynda goýup, olara: “Ýoldaş Kim Ir Sene wepaly boljakmy ýa-da Hudaýa ynanmagy dowam etdirjekmi?” diýip sorag berendiklerini, ölümden gorkup, “Kim Ir Sene” diýip jogap berenleriň “halas bolandyklaryny”, ýöne “Hudaýa” diýenleri kert gaýadan möwç urup duran deňze oklandyklaryny maňa gürrüň berdi. Mamamyň aýtmagyna görä, bu zatlar 1960-njy ýyllarda başlanýar.

Koreýanyň Ýaponýanyň zulumyndan azat edilişini başdan geçiren imandaky uly ýaşly doganlarymdan ol döwürlerde Mukaddes Kitaby, hatda palçylyk kitaby hem bolan adam uly belanyň üstünden barypdyr. Şonuň ýaly kitaplary ullakan otlarda ýakypdyrlar. Demirgazyk Koreýadan bolup, başga hudaýa sežde edýän adamyň bardygy baradaky pikiriň özi Kim Ir Seni gaty gorkuzypdyr, sebäbi islendik hudaý onuň Demirgazyk Koreýanyň ýeke-täk hudaýy bolmagyna howp salypdyr.

Kim Ir Seniň babasynyň, ejesiniň kakasynyň ruhy çopan bolandygyny we onuň maşgala agzalarynyň hemmesiniň Hudaýa ynanandyklaryny az adam bilýär. Onuň kakasy Kim Hýon Jik Phenýandaky Sungsil mesihilik kollejinde okaýar. Ol edil Kim Ir Seniň özi ýaly, ýaşlykdan Hudaýy tanapdyr.

Ýöne ol başga zatlaryň hemmesinde başgaça bolupdyr. Kim Ir Sen öz ene-atasynyň, babasynyň we bütin maşgalasynyň okan kitabyny gözläp, Demirgazyk Koreýanyň her bir kwadrat santimetrini gözläp çykmagy buýruk berýär. Ol şol kitaby tapyp,

onuň eýesini jezalandyrmak üçin özüniň yzçy itlerini her bir öýe goýberýär. Demirgazyk Koreýada islendik dini “ters düşünje” diýip atlandyryp başlaýarlar. Öz maşgalamyň bu zatlaryň içinden imanyny ýitirmän geçişi meni haýran galdyrmagyny dowam edýär. Ýöne munuň düşündirişi bar — ol şol sesdir.

Maşgalamyz bilen Demirgazyk Koreýa göçüp baranymyzdan soň babam alty ýyl ýaşady. Biz ol ýere baranymyzda men üç ýaşymdadym, on bir ýaşymdakam ol dünýäden ötdi. Şol ýyllarda men onuň bilen ýygy-ýygydan görüşýärdim. Ol mekgejöwen ekýärdi, şonuň üçin her gezek mekgejöwen ýetişen wagtynda men olara myhmançylyga barmagy gowy görýärdim. Men her ýekşenbe güni hem, onuň öýüne myhmançylyga barýardym, şonda ol maňa taryhy gürrüň berýärdi.

Ömrüniň soňky alty ýylynyň aglaba bölegini ol agyz bekläp we doga edip geçirdi. Onuň wajyp işleri köpdi, ýöne maşgalanyň geljegi, has takygy, özüne tabşyrylan imany we Hoş Habary saklamaklyk, ony hemme zatdan-da beter alada goýýardy.

Şonuň ýaly agşamlaryň birinde ol mamamyň ýanyna howlukmaç ylgap geldi. “Men ýene Onuň sesini eşitdim! — diýip, ol pyşyrdady. — Biziň wagtymyz ýok. Kitaplary aýryň! Biziň wagtymyz az!”

Biziň öýümiz babamyň öýünden dört kilometre golaý aralykda ýerleşýärdi. Meni gaty güýçli gyssanmaçlyk bilen ejemiň Mukaddes Kitabyny alyp gelmäge goýberdiler. Men gaty ylganym sebäpli, demim-demime ýetişmän gaýdyp geldim-de, kitaby mamama berdim. Ol ony maşgalamyzda bar bolan beýleki iki Mukaddes Kitap — babamyň ullakan köne Mukaddes Kitaby hem daýymyň Mukaddes Kitaby bilen bile goýdy.

Mamam ýüzündäki agyry hem aýgytlylyk keşbi bilen Mukaddes Kitaplaryň üçüsiniňem sahypalaryny goparyp, bir-birden olary uzakly gije ýakdy. Daň atanda olardan hiç zadam galmady. Bu wagtyň dowamynda babam gapynyň agzynda garawul bolup durdy.

Ertesi irden Döwlet howpsuzlyk bölüminiň sülçüsi öýe geldi. Onuň aýtmagyna görä, olara goňşularymyzyň birinden biziň

öýümizde ýarag gizlenendigi baradaky habar barypdyr. Ýöne onuň ýaragy biziň kitap tekjelerimiziň üstünden gözländigi täsin zatdy, emma ol hiç zadam tapmady. Soň ol basym peýda bolşy ýaly, basym hem gitdi.

Men bu wakany gürrüň bermegini babamdan gaýta-gaýta haýyş etdim. Ol wagtlar meniň ejem otuz bir, otuz iki ýaşlarynda bolupdyr. Men bolsa, hemmeleriň hormatyndan peýdalanan bu ýuwaş hem agras adamy gaty gowy görýän çagadym. Meni onuň gürrüň berýän wakalary hemme zatdan-da beter gyzyklandyrýardy. "Şol agşam näme boldy?" — diýip, men ýüzünji gezek soradym. Ol şol sesi aýdyp görkezdi.

"Sung Do! Sung Do! *Sung Do!*"

"Hawa?!" — diýip, babam jogap beripdir. Ses onuň adyny tutup, üç gezek çagyrypdyr, her gezegem ol: "Hawa?!" diýip jogap beripdir.

Şonda Hudaý: "Häzir açyk iman edilýän wagt däl-de, gizlin iman edilýän wagt. Sizdäki bar kitaplary ýakmak gerek. Seniň wagtyň örän az. Olary derrew ýak!" — diýip, gök gümmürdisiniň sesi ýaly ses bilen aýdýar.

Bu 1967-nji ýyldy.

Şeýdip, babam özüne Hudaýyň buýruşy ýaly, Mukaddes Kitaplaryň hemmesini ýakýar-da, Demirgazyk Koreýanyň häkimiýetiniň ünsüni özünden sowýar.

Hoş Habar bolsa, ýaýramagyny dowam edýär.

## 2-NJI BAP

# Ogly — ýeralma ogrusy

*Jenap Be*

Meniň iň irki ýatlamalarym bäş ýaşymdan başlanýar. Babam bilen mamamyň gözlerini ýumup we başlaryny egip, bir zatlar diýip, içlerinden gürläp oturýany ýadyma düşýär. Şol wagtlar bu meni gaty gorkuzýardy.

Olaryň doga etmeleri meni gorkuzmaýardy-da, mamam gözüni açan wagtynda, meniň özlerini ünsli synlap oturanymy görende, aýdýan sözleri gorkuzýardy. Ol ýuwaşjadan, ýöne talapgärlik bilen: "Gören zadyňy hiç kime aýtma. Bu barada aýtmak bolmaýar. Eger muny kimdir birine aýtsaň, onda erbet adamlar gelip, seni alyp gidýärler" — diýip pyşyrdap aýdýardy. Elbetde, men hiç kime hiç zat aýtmaýardym. Ýöne şondan soň men nätanyş adamlaryň arasyna düşenimde, edil iňňäniň üstünde oturan ýaly bolýardym.

Men On tabşyryk barada ilkinji gezek babamyň agzyndan eşitdim. Ol olaryň hiç haçan "On tabşyryk" diýip adyny aýtmaýardy, ony nireden alyp aýdýandygyny we olaryň awtorynyň kimdigini aýtmaýardy. Meniň üçin olar her ýekşenbe güni Gün dogmanka öz öýünde ýygnanyşanymyzda babamyň meniň ejem bilen kakama, daýyma we beýleki maşgala agzalarymyza gaýtalap-gaýtalap nesihat berip aýdýan on maslahaty ýalydy. Ogurlyk etme. Biriniň zadyna göz gyzdyrma. Ýalan sözleme. Ene-ataňy syla. Ýagdaýa seretmezden, bu on maslahatyň biri haýsy hem bolsa bir meseläniň jogaby bolýardy.

Demirgazyk koreýalylar, hatda ýekşenbe günlerinde-de işleýärler, ýöne biz her ýekşenbe güni hökmany suratda özümiziň şäherdäki

ikinji gatdaky öýümizden babam bilen mamamyň şäheriň çetindäki öýüne çenli dört kilometr geçýärdik. Mamam ertirlik taýýarlaýança, babam ulular bilen gürleşýärdi. Olar bu hepde kimiň erbet ýa-da gowy iş edendigi hakda gürrüň edýärdiler, soň babam olaryň indiki hepdede nähili pikir etmelidikleri we hereket etmelidikleri hakda maslahatlar berýärdi. Ogurlyk etme. Biriniň zadyna göz gyzdyrma. Ýalan sözleme. Ene-atаňy syla.

Soň mamam nahar getirýärdi we hemmeler başlaryny egip, gözlerini ýumýardylar, babam bolsa, nahar iýip başlamazymyzdan öň içinden bir zatlar diýýärdi. Onuň tutuksy pyşyrdy bilen aýdýan sözleri çalaja eşidilýärdi. Käwagt biz, şol sanda menem, onuň yzyndan gaýtalamaly bolýardyk. Çaga bolanym üçin men mydama başymy galdyrýardym-da, gözlerimi açýardym. Ol ýerdäkileriň näme diýýändiklerini bilmek meniň üçin gyzyklydy! Şonda men ejemiň eliniň yzdan bir ýerden gelip, başymy çalaja aşak egdirýänini duýýardym.

Şunuň ýaly ýagdaýlarda çagalar, aýratynam, eger ulularyň öz seslerini kimdir biriniň eşiderinden gorkýandygyny duýanlarynda, soragy seýrek berýärler. Şonuň ýaly pursatlarda olar erbet adamlaryň juda köp bilýän çagalary alyp gidýändiklerini ýada salýarlar. Ýöne dokuz, on ýaşlaryma ýetenimde, meniň bilesigelijiligim birden gorkudan üstün çykdy, şonda men ejemden ol sözleri näme üçin pyşyrdap aýtmagyň gerekdigini soradym. Ol: “Gökler mydama bizi synlap ýörýär, hatda galam ogurlasaňam, ol görýär. Şonuň üçin günä etseň, muny gögüň öňünde boýun alyp toba etmek zerurdyr. Eger şeýle etmeseň, onda saňa jeza garaşýar. Bizde iýmit bar wagtynda bolsa, biz munuň üçin minnetdarlyk bildirmelidiris” — diýip jogap beripdi.

Men şeýdip doga etmegi öwrendim. Aslynda men bu zatlaryň hemmesiniň nämäni aňladýandygyna gaty gowy düşünmeýärdim, sebäbi men çagadym ahyry. Ýöne, şeýle-de bolsa, munuň wajypdygyny örän gowy bilýärdim. Men munuň howpludygyna-da düşünýärdim. Munuň nähilidir bir usul bilen bizi gök bilen baglanyşdyrýanyny-da duýýardym.

Babam bilen mamamyň öýi maşgalanyň Hudaýa doga etmek üçin ýygnanyşýan ýeke-täk ýeri däldi. Biziň öýümizden uzak bolmadyk ýerde çägeli suwa düşülýän ýerli hem sosnaly aýlag bardy. Babam ol ýere balyk tutmaga gidýärdi, ejem bilen kakam we maşgalanyň beýleki agzalary biziň "soraglar hem jogaplar" wagty diýip atlandyrýan aýratyn wagtymyzy geçirmek üçin onuň daşyna ýygnanyşýardylar. Şonda men Hudaýyň adynyň sesli aýdylanyny ilkinji gezek eşitdim. Hudaýyň ady "Hananim" bolup, bu koreý dilinde "Ýeke-täk Hudaý" diýmegi aňladýardy. Günorta koreýaly mesihiler bu sözi Hudaýy aňlatmak üçin ulanýarlar, ýöne Demirgazyk Koreýada ony hiç kim bilmeýär diýen ýalydy. Demirgazyk koreýalylar tebigat we gudratly güýçler hakda gürrüň edenlerinde, olar hudaýlygy aňlatmak üçin has umumy bolan "gökleriň Rebbi" diýmegi aňladýan "Hanylnim" sözüni ulanýarlar. Hatda maşgalamyz her hepdede babamyň öýünde ýygnanyşanda hem, biz Hanylnim sözüni ulanýardyk. Ýöne günleriň birinde suwa düşülýän ýerde howany kesip geçen peýkam ýaly bolup, babamyň agzyndan: "Hananim!" diýen söz çykyp gitdi. Başda men gulagyma eşidilendir öýtdüm.

Her gezek babam syrkawlanda, hepdelik ýygnanyşygy onuň deregine mamam geçirýärdi. Babam mamamdan ýarym ýyl öň öldi. Olaryň täsin ömri biziň öz imanymyzy gizlin yglan edýän wagtymyzda örän ümsümlikde tamamlandy. Olaryň biri-de keselden ýa-da garrylyk huşsuzlygyndan ölmedi. Ikisem ukuda öldi.

"Olaryň durmuşy ruhlaryň durmuşyndan-da syrly boldy" — diýip, meniň ejem bilen kakam babam bilen mamam hakda aýdýardylar. Bu doly derejede dogrudy, biz olaryň geçmişindäki şeýle mistiki taryhlary bilýärdik ahyry! Üstesine-de, babam Hudaý bilen yzygiderli, hatda ömrüniň soňky günlerinde-de gürleşýärdi.

Ýöne babam bilen mamam meniň üçin ýöne bir syrly şahsyýet bolmadan ýokarydylar. Men olary mydama mähirli, hoşamaý we hemmeler tarapyndan hormatlanylan adamlar hökmünde ýatda saklaryn. Hatda çaga bolsam-da, men olaryň häsiýetlerine haýran galýardym.

Olar ölende men on bir ýaşymdadym. Mundan köp wagt geçmänkä, erbet adamlar geldiler, soň biziň özümiz ruhlar ýaly bolup ýaşap başladyk.

Demirgazyk Koreýa mydama özüniň etniki we jynsy arassalygyna guwanýardy. Munuň netijesinde, hatda (meniň maşgalam ýaly) ýapon basybalyjylary sebäpli ýurtdan gidip, Hytaý ýaly ýurtlardan göçüp gelen koreýaly immigrantlar hem, özüniň etniki ýurdunda-da gowy ýaşaýşa dalaş edip bilmeýärdiler. Köpçülikleýin açlykdan öňem immigrantlary "samsyk adamlar" diýip, köpçülikleýin atlandyrýardylar, şol sebäpden hem, ýigrenilýänleriň derejesinde bolanymyz üçin, döwletiň berýän ýeňillikleriniň hiç birindenem peýdalanyp bilmeýärdik. Demirgazyk Koreýanyň häkimiýeti bize ne ýeterlik iş, ne-de ýer berýärdi, her bir hereketimizi ýiti synlaýardy. Mekdepde meni mydama "ýeňiýoluk" diýip atlandyrýardylar. Bize bütin ömrüne Demirgazyk Koreýada ýaşanlardan has erbet daraýardylar. Biz öz janymyz üçin mydama gorkuda ýaşaýardyk. Ýurduň häkimiýetine hut şunuň ýaly ýagdaý ýaraýardy.

Babam bilen mamamyň dünýäden ötenine köp wagt geçmänkä, başlangyç mekdepde dördünji synpda okap ýörkäm, men ganyňy doňduryjy gorkyny birinji gezek duýup gördüm. Bir gün gije sagat bir-iki töwerekleri ejem bilen Hytaýda bir synpda okan bir aýal duýdansyz gapymyzy kakdy. Onuň diňe içki eşikdedigi has-da täsindi. Ol özüni talandyklaryny, hemme zatlaryny, şol sanda geýimleri bilen pullaryny-da alyp gidendiklerini aýtdy. Ejemiň oňa nebsi agryp, ony kabul etdi, naharlady we öýde ýatmaga rugsat etdi.

Ýöne Demirgazyk Koreýada, eger häkimiýetiň nazarynda ynamdar adam hasaplanylmaýan birini kabul etseň, onda ýönekeý myhmansöýerlik hem agyr netijeleri getirip bilýär.

Ertesi ir ertir bilen, bäş-alty töwerekleri, bizi itleriň üýrýän sesi oýardy. "Geň galaýmaly, — diýip, men entegem ýarym ukuda oturyşyma pikir etdim. — biz şäherde ýaşaýarys ahyry. Bu ýerde it beýle köp däl-ä!" Urgular, soň hem, döwlüp ýykylan gapynyň uly

güpürdisi bizi ukudan doly oýardy. Jaýýň içine döwlet howpsuzlyk gullugynyň işgärleri okdurylyp girdiler. Itleriň üýrýän sesleri, agyr ädikleriň tarkyldylary, şeýle hem, doly söweş taýýarlygyna getirilen ýaraglar meni özümiň sadalygymdan we akmaklygymdan duýýan ujypsyzja howpsuzlyk hyýalymdan mydamalyk mahrum etdi. Muny ýada salanymda, enteklerem tenim tikenekleýär.

Ejem bilen kakam iki otagly jaýymyzyň uly otagynda düşekden atylyp turdular, bu wagt ýatylýan otagdaky çagalaram oýanypdy. Biziň öýümizde gijesini geçiren syrly aýal ýatylýan otagyň ýorgan goýulýan ýerinde, poluň aşagynda gizlendi.

Döwlet howpsuzlyk toparynyň agentleri üçin biziň jaýymyzy çöwürmäge köp wagt gerek bolmady. Sanalgy minudyň dowamynda olar biziň myhmanymyzy tapdylar-da, ony tutdular. Olar bize ýekeje sorag hem bermediler, diňe kakama ertir polisiýa bölümine barmagy buýruk berdiler. Olar agyr ädiklerini gaty tarkyldadyp, taýýar duran ýaraglaryny şakyrdadyp, tutulan aýaly hem üýrüp duran itleri ýanlary bilen alyp, öýden çykyp gitdiler.

Kakam mundan köp wagt geçmänkä, polisiýa bölümine baranda, oňa myhmany öýüňe salmazdan öňürti ony häkimiýet guramalarynda hasaba goýmagyň her bir raýatyň borjudygyny ýatladyp, oňa käýäpdirler. Bütin şäheriň we bütin halkyň howpsuzlygy orta goýlandy! Näme üçin aýaly öýünde gizländigini düşündirmegini kakamdan talap edipdiler. Ol, elbetde, özüniň hiç kimi gizlemändigini, diňe aýalyna talanylan aýala kömek etmäge rugsat edendigini aýdyp jogap beripdir. Aýalyň biziň maşgalamyza sagat sowgat berenmidigini kakamdan sorapdyrlar.

Ol döwürlerde sagat altyn ýaly gymmat hasaplanylýardy. “Ol size näçe sany sagat sowgat berdi? Näçe neşe berdi?” — diýip, polisiýa işgärleri kakama basyş edipdirler. Olar oňa soraglara jogap bermäge-de wagt bermändirler. Ol näme aýdyp bilsin?! Kakam ol aýalyň birwagtlar ejem bilen synpdaş bolandygyndan, üç aý mundan ozal aýallaryň bazarda tötänden duşuşyp, biri-birini tanandyklaryndan başga hiç zadam bilmeýärdi. Olar şonda

täzelikleri aýdyşypdylar, ejem hem, eger synpdaşy myhmançylyga gelmek islese, onda öýe nädip baryp biljekdigini oňa düşündiripdi. Ine, şeýdip, gijäniň içinde ol aýal garaşylmadyk ýagdaýda diňe içki geýimli gapymyzdan geldi. Onuň näme bolanyny sözlerini baglanyşdyryp düşündirmäge-de ýagdaýy ýokdy, sagat ýa-da neşe barada gürrüňem ýokdy.

"Onuň ýaşaýan ýerindäki hasaba alnandygy baradaky dokumenti nirede?" — diýip, olar gygyrypdyrlar. Demirgazyk Koreýada başga şäheriň ýa-da obanyň ýaşaýjysyny öýüňe salmak üçin taraplaryň ikisem arza ýazmaly. Eger gerek dokumentler öz wagtynda doldurylyp, berilmeli ýerine berilmese, onda kanuny bozandyklary üçin taraplaryň ikisinem jezalandyrýarlar.

Diňe içki geýimde gelen şol syrly myhman sebäpli indiki bäş günüň dowamynda ejem bilen kakam döwlet howpsuzlyk gullugyna nobatdaky soraga gitmeli boldular. Şol soraglar wagtynda olara şol bir soraglary beripdirler. Gullugyň işgärleri ejem bilen kakamyň ýalan aýdýandyklaryny nygtapdyrlar. Wagtyň geçmegi bilen biz ol aýalyň neşe söwdasy we bikanun sagat satmak bilen meşgullanandygyny bildik. Bu işleriň ikisem biziň ýurdumyzda agyr jenaýatdy, şeýdip, bu iş aýal üçin doly betbagtçylyk bolupdy, biziň üçinem şeýle boldy. Ine, näme üçin biziň öýümize döwlet howpsuzlyk gullugynyň işgärleri gelen eken: aýal türmeden gaçypdyr, yzyndan kowup gelýänlerden sypjak bolup, ol türme geýimlerini çykaryp taşlapdyr. Şeýdip, ol olary biziň öýümize alyp gelipdir. Ejem bilen kakam ony öýe salmanlarynda-da, bizde barybir erbet zat bolardy diýip pikir edýärin. Biz immigrantlardyk ahyry, "samsyk adamlar" bolandygymyz üçin bize hiç hili ýeňillik berilmeýärdi. Şeýdip, on gün geçenden soň, döwlet howpsuzlyk gullugynyň işgärleri ýene biziň öýümize geldiler-de, gapyny aýaklary bilen gürpüldedip kakdylar we bize derrew goşlarymyzy ýük maşynyna ýükläp, şol wagtyň özünde öýden hemişelik gitmegi buýruk berdiler.

Şeýdip, bizi uzakdaky oba göçürdiler. Ol oba daga alyp barýan toprakly ýol bilen ýokarlygyna iki sagat ýöräp baryp bolýardy.

Gynansak-da, ozal biziň hiç birimiz tekiz ýerde-de, daglyk ýerde asla-da, ýeri işläp bejermek bilen meşgullanyp görmändik, biz Hytaýda mydama şäherde ýaşapdyk ahyry. Oba gaýanyň iň ýokarsynda ýerleşen bolanda-da, bize tapawudy ýokdy. Hatda tejribeli agronomlaryňam munuň ýaly hasylsyz daşly topragy işläp bejerjegi gümanady.

Ol ýerde şol etrapda ýaşaýan ilaty 5 göterime golaýyny düzýän başga-da kowlan maşgalalar bardy. Ol maşgalalar biri-birinden uzakda ýaşaýardylar. Mundan başga-da, olaryň sany şeýle az bolandygy sebäpli, biziň öňki görüp ýören iteklenmelerimiz we azar çekmelerimiz diňe güýçlendi. Başlyk, brigadir we hojalyk müdiri oba ýolbaşçylyk edýärdiler. Olar meniň ejem hem kakama iň soňky derejede erbet daraýardylar. Biz ýöne bir jenaýatçylar bolman, eýsem jenaýatçy-immigrantlardyk — iň pes sosial synpa degişlidik. Olar her ekin meýdanyna bäş maşgaladan elli adamy berkitdiler. Bu meniň aňyma getirip biljek iň agyr zähmetim bolupdy.

Hut şol ýerde hem, iýmit ýetmezçiliginden ýaňa görgi görüp ýören ejem bilen kakamyň sögüşeniniň birinji gezek şaýady boldum. Olaryň gürrüňlerini göz öňüne getirip bilersiňiz. Kakam ýüreginde: “Şeýle az tanaýan aýalyňa kömek etmek nämä gerekdi? Ol öýe diňe içki geýimde gelende, sen hiç hili şübhelenmediňmi?” — diýip zeýrenýärdi. Muňa ejem: “Görgüli kömege mätäçdi. Mätäç adamdan nädip ýüz öwrüp biljek? *“Sebäbi Men açdym, siz Meni naharladyňyz; suwsuzdym, siz Maňa suw berdiňiz; öýsüzdim, siz Meni kabul etdiňiz; ýalaňaçdym, siz Meni geýindirdiňiz*” — diýip, aýgytly jogap berýärdi. Bu sözlere bolan ynamy ejemi we maşgalamyzyň her bir agzasyny agyr güne saldy. Açlyk hem agyry ol ýere baran pursatymyzdan başlap, bizi ezip başlady-da, onsuzam agyr bolan ýagdaýymyzy has agyrlaşdyrdy we maşgaladaky aragatnaşyklara täsirini ýetirdi, öýde gaharlanmalar we nägilelikler köpeldi.

Wah, bu agyryny diýsene! Bizi taşlanylyp gidilen serhetde ýük maşynyndan düşürenleriniň birinji gününden başlap, meni obanyň

abadançylygy üçin işlemäge mejbur etdiler. Işçi güýjüne — hatda tapdan düşen we oba işine öwrenişmedik oglanyň zähmetine-de bolan mätäçlik diýseň uludy. Menden ekin meýdanynda işlemeklik, öý işlerine, obada kömek etmeklik we oba ýolbaşçylarynyň meniň ýaşymdaky oglan edip biler diýip hasap eden islendik işini etmeklik talap edilýärdi. Men eger özümiziň adaty bolmadyk maşgalamyz hakda ýekeje agyz söz aýtsam hem, özümi erbet adamlaryň alyp gitjekdiklerini mydama ýadymda saklap, güýjümde baryny edip, özümi gowy hem ýuwaş alyp barmaga çalyşýardym.

Ýöne menden hiç kim hiç zat soramaýardy, meni diňe surnukdyryjy bir işden beýlekisine geçmäge gödeklik bilen mejbur edýärdiler. Bu ýagdaý ezýetli günlere öwrülen köp sagatlaryň dowamynda dowam edýärdi. Meniň agyr fiziki işe asla öwrenişmändigime düşünmek üçin olara köp wagt gerek bolmady. Maňa bolsa, näme üçin obada hemmeleriň, şol sanda iň kiçijik çagalaryň hem, küýkerip hem ýüzi salyk ýöreýändiklerine akyl ýetirmäge köp wagt gerek bolmady, sebäbi özümem birnäçe günden soň olar ýaly ýöräp başladym. Gije-gündiziň dowamyndaky ýigrimi dört sagadyň dowamynda arkamdan ýiti agyry aýlanyp, gabarçyk örten aýaklarymyň hem ellerimiň ganan barmaklaryna çenli ýaýrap gidýärdi. Meniň jan edýändigime garamazdan, töwerekdäkileriň hemmesi edýän işimden peýdanyň azdygyny belleýärdiler.

Meniň on iki ýaşym doldy. Özümiň doglan günümde men odun çapdym-da, ony gaýanyň daşyň üstünden howply ýagdaýda ýokary galýan darajyk eňňidinden oba daşadym. Ýoluň örän dar bolandygy sebäpli, oba ýolbaşçylary bu iş zähmete öwrenişmedik 12 ýaşly oglana bolýar diýen karara gelipdiler. Men hatda şu eňňitden düşüp gelýärkä, bir erkek adamyň ýaňy-ýakynda ýykylyp ölendigini-de eşitdim. Indi meniň öňümde her gün ol ýoldan, onda-da arkam odunly geçmeklik durdy. Şeýlelikde, men her gün şol gorkunç gaýadan ýykylyp ölüm howpy astynda bolýardym.

Men örän basym ulaldym-da, günleriň birinde ejem bilen kakamdan: “Näme üçin biz gul ýaly ýaşamaga we işlemäge

mejbur bolýarys?” — diýip soradym. Şonda ejem: “Biz bu zatlaryň hemmesiniň içinden geçip bileris. Bu biziň üçin agyr synagdyr, ýöne biz barybir iman bilen ýaşamalydyrys, Hudaý hem biziň ezýetlerimizi azaldar” — diýip jogap berdi. Onuň sözleri meniň ýaş ýüregimiň jümmüşine çenli baryp ýetdi. Köp ýyllar geçenden soň, Öz adyny götermekde aýyplanylýanlaryň hemmesiniň has agyr jenaýatyna bizi Hudaýyň rehimdarlyk bilen taýýarlaýanyny biz nireden bileli?

Ejem hatda hemmämiz üçin agyr bolan wagtda-da, bize nesihat bermegini bes etmedi. Hut şol şemally, sowuk, ýowuz obada men babamyň on maslahatynyň aslynda ýeke-täk Hudaý, Hananim tarapyndan berlen On tabşyryk ekendigini bildim. Ejem şol tabşyryklary biziň bilen öwrenmek we Hudaýa doga etmek üçin gijelerine bizi oýarýardy.

Ýöne biz imanymyzy görkezerden juda çäklidik. Elbetde, biz indi nahardan öň doga edip bilmeýärdik. Men on iki ýaşly oglana mahsus bolan sadalyk bilen näme üçin nahardan öň doga etmeýändigimizi soranymda, ejem biziň Hudaýa bolan wepalylygymyzyň öňküsi ýaly däl-de, gizlin beýan edilmelidigini pyşyrdy bilen düşündirdi, sebäbi indi biz häkimiýetiň has gazaply gözegçiligi astynda bolýardyk.

Tomsuň ahyrynda bizi dagdan göçürdiler. Biz başga ýere baranymyzda, ýerli häkimiýet bize indiki hasyla çenli ýetmeli bolan azajyk tüwi berdi. Özleriniň pikiriçe, maşgala açlykdan ölmän galmaga ýeter diýip hasaplap, şonuň hem ýarymyny bermeklik olaryň hemişelik formulasydy. Şeýle etmek bilen olar ýaşamaga mynasyp dälleriň gününi zordan görmelidigini ýatladyp, bizi tertip-düzgüne salýardylar we jezalandyrýardylar.

Hasyl ýygnalan wagtynda maşgalalar döwlete ýygnan hasylynyň hemmesini bermelidi. Soň döwlet maşgalanyň näçe gün işlänini hasaplap, şoňa laýyklykda hem oňa düşýän paýy berýärdi. Biziň maşgalamyz ol ýerde dört aý boldy. Bize berlen iýmitiň mukdary gyşdan çykyp bilmejekdigimize doly şaýatlyk edýärdi. Ejemiň juda tygşytlydygyna garamazdan, biziň ätiýaçlyk iýmitimiz

basym gutardy. Açlykdan ölme ýakynlaşdygyça bizde jenaýatçy bolmadyk goňşulardan kömek etmeklerini ýalbaryp sorap, gapy-gapy aýlanmakdan başga alaç galmady. Ýöne biziň olardan alýan zatlarymyz gizläp bolmajak ýürek bulanmasyny döredýärdi. Bize hiç kim hiç hili kömek etmeýärdi, sebäbi bizi jenaýatçy immigrantlar hasap edýärdiler.

Bir gün gije men ejemiň arkamy sypalaýandygy sebäpli oýandym. Ol gözlerine ýaş aýlap, menden birazajyk ýeralma ogurlamagy haýyş etdi. Men aňk boldum. "Eje, sen bize ogurlyk etmeli däldigini öwredýärdiň-ä" — diýip, men garşy çykdym. — "Indi bolsa, sen menden şol tabşyrygy bozmagymy haýyş edýärsiň! Näme üçin?" Ol maňa pikirli seredip: "Sebäbi özüňi öldürmeklik — bu ondan-da beter günädir" — diýip pyşyrdady.

Köp günleriň dowamynda daň atmazynyň öň ýanynda, şemal hemişekisinden has güýçli öwüsýän we meýdanda ýekeje-de janly-jemende bolmadyk wagtynda, ýeralma ekilen meýdana gidenimi aýdanymda, meni ýazgarmaga howlukmaň. 1990-njy ýyllara çenli Demirgazyk koreýalylaryň köpüsi açlykdan ejir çekmeýärdiler, biziň maşgalamyz bolsa, 1970-nji ýyllardan başlap, açlykdan tas ölüpdi.

Men içinde ogurlanan ýeralmanyň birnäçe bölejiginden başga hiç zat bolmadyk boş aşgazan bilen odun çapmagy we ony daşamagy öwrendim. Ýöne Hudaý meniň erkimiň güýjüni we ruhumyň berkligini güýçlendirdi.

Eger Hudaý kakama ýiti akyl bermedik bolsa, biziň açlykdan öljegimiz gürrüňsizdi. Babam ýaly ol hem hytaý, ýapon we koreý dillerini bilýärdi. Güýçli erki we berk ruhy bolany üçin ol bizi düşen ýagdaýymyzdan alyp çykma kararyna geldi. Her edip, hesip edip, ol gündelik tükeniksiz oba hojalyk işleriniň arasynda öz biliminiň üstünde işläp başlady. Ol elektrik transformatorlarynyň hereket edişleri, herekete getirijileriň we suw nasoslarynyň işleýşi baradaky kitaplary kitaphanadan aldy.

Biziň fermamyz obada ýerleşýärdi, bize golaý bolan şäher bolsa, on iki kilometr uzaklykda ýerleşýärdi. Her gezek soňy bir bilen

gutarýan sene gelende, azyk satyn alyp bolaýjak ýeke-täk ýere, ýagny şähere bazara gitmek üçin dynç güni berilýärdi. Bizde bazara baryp, azyk satyn alyp geler ýaly pulam, ulagam ýokdy, şonuň üçin her aýdaky birinji, on birinji we ýigrimi birinji seneler öz ýagdaýymyzyň umytsyzdygynyň nobatdaky ýatlatmasy bolýardy. Bazar günleriniň birinde, kakam ýerli kitaphanadaky elýeter bolan kitaplaryň hemmesini okap bolandan soň, on iki kilometrlik ýola düşdi. Ol munuň biziň ýeke-täk çykalgamyzdygyny bilýärdi, şonuň üçin hemme zady jikme-jik ölçerip dökdi.

Ol şäherde özüni fermerlik hojalygy müdirliginiň mehanigi diýip tanyşdyrýar we mydama kelle agyrysy bolup durýan elektrik hereketlendirijisini we suw nasoslaryny nädip bejermelidigini bilýändigini aýdýar. Ol döwürlerde mehanikler gaty seýrek adamlar hasap edilýärdiler, şonuň üçin olar munuň ýaly uzak ýerlerde hiç haçan diýen ýaly aýlanşyp ýörmeýärdiler, ýöne ol ýerde peýda bolaýsalar welin, olary gymmatly hasap edýärdiler we olara hormat bilen garaýardylar.

Mehanikleriň ýetmezçilik edýändigi sebäpli, kärhana gaty agyr ýagdaýa düşüpdi, şonuň üçin töwekgelçilik etmäge taýýardy, şoňa görä-de, ýolbaşçylar kakamdan döwlen herekete getirijini bejermegi haýyş edipdirler. Şonda Hudaýyň merhemeti bilen oňa ony bejermek başardypdyr. Obada munuň ýaly işleri edip bilýän adamyň bardygyna ynanmak hemmelere kyn bolupdyr. Ol bu ýerde ýaşamaga borçludyr! Şeýdip, biz takmynan men orta mekdebe giden wagtlarymda şähere göçdük. Bu gudrat bolupdy, sebäbi Demirgazyk Koreýada ýaşaýan ýeriňi üýtgetmek üçin häkimiýet edaralarynyň hemmesinden rugsatnama almaly, bu bolsa immigrantlara, onda-da şahsy jiltlerinde kanuny bozmak baradaky ýazgysy bolanlara, asla mümkin däl diýen ýalydy.

Oba hojalyk tehnikasy bilen baglanyşykly bolan işleriň hemmesine etrap müdirligi ýolbaşçylyk edýärdi, şonuň üçin, dogrudanam, kakamy ol ýere işe aldylar. Ilki özüniň bary-ýogy öwrenjedigi üçin onuň nähili gaty gaýgy edendigini siz göz öňüne

getirip bilýänsiňiz. Ýöne birnäçe kyn meseleleri aradan aýryp bilendigi sebäpli, ol sebitde baş mehanik boldy. Meniň eýýäm belläp geçişim ýaly, kakam örän akylly adamdy.

Biziň mümkinçiliklerimiz artyp, ammarymyz kem-kemden dolup başlandan soň, ol herekete getirijini bejermekden has-da haýran galdyryjy iş bilen meşgullanyp başlady. Ölüm kölegeli jülgeden ýaňy-ýakynda çykan adam maşgalanyň içinde gadagan edilen ynam hakda gürrüň etmeden, ol hakda başgalara gürrüň bermek barada gürrüňem ýok, mümkin boldugyça basym dynmak islär diýip pikir edip bilýärsiňizmi? Şeýle-de bolsa, dostlary biziň öýümize gelende, kakam Hudaý hakda olara gürrüň berýärdi.

Häkimiýet hakda aýtsak, (elbetde, olar kakamyň hoşhabarçylyk işi barada bilmeýärdiler), olar onuň geçmişdäki bagyşlap bolmajak ýalňyşlyklaryna garamazdan, sürgün etmeler ony üýtgedendir we täzeden terbiýeländir öýdýärdiler. Men ulalanymdan soň, munuň ýaly pes wezipede işlemegiň oňa nähili agyr degendigine düşünip başladym. Kakam Hytaýda uniwersitetde dekanyň orunbasary bolupdy! Ol näme üçin ýokary çekilmäni asla almadyka? Onuň öz başlyklaryndan ýüz esse akyllydygy hem sowatlydygy göze görnüp durdy, ol döwürlerde mehanikler bolsa, hiç hili kanun bozmalary hasaba alynmaýanlaryň arasynda iň pes synp hasap edilýärdi.

On bäş — on alty ýaşym dolanda, men kakamdan näme üçin mugallym ýa-da nirededir bir ýerde ýolbaşçy bolup işlemeýändigini soradym. Ol: “Sebäbi men kommunist bolup bilmeýärin. Sen her neneň gowy işleseň-de, eger kommunistik partiýanyň agzasy bolmasaň, onda jemgyýet üçin peýdasyz hasap edilýärsiň. Biz — immigrantlar, Ýaponiýadan we Hytaýdan gelenler üçin bolsa, partiýa girmek düýbünden mümkin däl. Hatda başga ýurtda ýaşap, uniwersitete ýolbaşçylyk eden bolsa hem, adam Demirgazyk Koreýa geleninden soň, ol gowy bolan ýagdaýynda, fermer we mehanik işini alyp biler. Aýratynam, bu Hytaýda garyndaşlary galanlara degişlidir — olary mydama içalydyrlar öýdüp, şübhe astynda

saklaýarlar” — diýip jogap berdi. Kakam meni ruhlandyrýan ýaly edip, belki, meniň döwrümde ýolbaşçylyga ýetmeklige mümkinçiligiň bolmagyna umyt bildirdi.

Ýöne her bir Demirgazyk koreýaly adam üçin wezipe basgançagynda ýokary galmaklyk ýoly — türme bilen gabyrdan başga, nirä barýan bolsa-da — koreý halk goşunynyň üstünden geçýärdi. On ýedi — on sekiz ýaşymyza ýetenimizden soň, hökmany bilimi alanymyzdan soň, biziň köpimizde KHG-da gulluk etmekden başga saýlawymyz bolmaýardy. Diňe gullugy gutaryp, öýe gaýdyp gelenimizden soň, okuwy gutarandygymyz baradaky attestaty alýardyk. Erkekleriň köpüsi on ýyllyk goşun gullugyny geçýärdiler. Men bolsa, örän adaty bolmadyk ýagdaýlar sebäpli, on ýyl bäş aý gulluk etdim-de, şonuň kömegi bilen, näme-de bolsa, kommunist boldum.

Goşundaky gullugy üçin hiç kim aýlyk almaýardy, ýöne watanyň öňündäki borjuny ýerine ýetireninden soň adamda ýeterlik tagalla etseň we tanşyň bar bolsa, onda kommunistik partiýa girmeklige teklip edilmäni alyp bilmäge kiçijik mümkinçilik döreýärdi. Men goşun gullugyny eden wagtymda esgerlere erbet seretmeýärdiler. Men 1970-nji ýyllaryň ortalaryndan 1980-nji ýyllaryň ortalaryna çenli gulluk etdim. Ozal durmuşda gören kynçylyklarymy hasaba alsaň, gullukda geçiren wagtym juda gowudy. Hatda kakam maşgalamyzy fermadan alyp gaýdandan soň hem, alty çagany eklemek üçin ol gara dere batyp işlemeli bolýardy. Men maşgalada ikinji çaga bolsam-da, maňa uly adam ýaly daraýardylar, sebäbi uly oglan doganym aklyň öýjügi däldi. Ol hem, goşunda gulluk etmeli boldy. Ýöne maşgala bar umydyny maňa baglaýardy.

Gulluga baranymda, men üstünlik gazanmagyň, beýlekilerden köpräk iş etmegiň, tapawutlanmagyň we ýolbaşçylaryň ünsüni özüme çekmegiň islendik mümkinçiligini gözleýärdim. Özümize berilýän azajyk boş wagtda beýleki esgerler sport bilen meşgullanýardylar, men bolsa, kakamyň göreldesine eýerip, gullukda öňe süýşmäni

aljak bolup, her bir boş sekundymy özbaşdak bilim almak üçin ulanýardym.

Mekdepde mydama boýy gysga çagalaryň biri bolandygyma garamazdan, men sporta bolan ukybym bilen tapawutlanýardym. Şonuň üçin, esger bolanymdan soň, giç agşamlar men woleýbol bilen meşgullanyp başladym. Woleýbolda üstünlik gazanmak bilen — kakamyň fermerlikden baş mehanik wezipesine çenli ýetişi ýaly — wzwoddan rota, rotadan batalona, batalondan polka çenli öňe süýşüp biljekdigimi bilýärdim. Onuň maksada okgunlylygyna öýkünip, men sport ýaryşlarynda kümüş hem altyn medallaryň birnäçesini aldym. Woleýboldan başga-da, men 100 metr aralyga sprint bilen we 68 kg. agramda göreş bilen hem meşgullandym. Men hatda bökmek boýunça çempionam boldum.

Gullugymyň ikinji ýylynda, on dokuz ýaşym dolandan soň, men akkordeon çalmak isleýänleri okuwa alýandyklary baradaky bildirişi gördüm. Bildirişde okuwyň beýik serdar Kim Ir Seniň beren gurallarynda geçiriljekdigi aýdylýardy. Men özümiň aklym hem öwrenme islegim bilen hemmeleri haýran galdyrandyryn diýip pikir etdim, ýöne diňlenilme wagtynda akkordeony başaşak tutup çaljak bolanymda, şol gowy täsir zym-zyýat boldy. Üç aý geçenden soň, meni elli okuwçynyň arasyndaky iň çalt ösýän okuwçy diýip yglan etdiler-de, akkordeon çalmagy öwredýän mugallym edip bellediler. Harby gullugy gutaran wagtymda men üç ýüze golaý adama akkordeon çalmagy öwredipdim.

Ol döwürlerde saz gurallaryny çalyp bilýän we ýeňil atletika boýunça ýaryşlara gatnaşyp bilýän esgerler ýokary tutulýardy. Meniň bularyň ikisinem edip bilýändigim sebäpli, bu — mysal üçin, sport ýaryşlary we saz boýunça ýaryşlar wagtynda — goşmaça mümkinçilikleriň gapysyny açdy. Meniň ýanymda duran syýasy ýolbaşçy kommunistik partiýanyň agzasydy, polkuň komandiri bolsa, administratiw gurama degişlidi. Olaryň birine meniň sporta ukyplylygym, beýlekisine bolsa, sazlarym ýaraýardy. Her ýyl Kim Ir Seniň doglan gününde serdara wepalylyk baradaky

aýdymlaryň ýaryşy geçirilýärdi. Biziň aýdýan aýdymlarymyz, takmynan, şeýledi:

*Sen gulluga gideniňde, seniň baýragyň bolmaýar.*

*Ýöne gaýdyp geleniňden soň, sen gahryman bolýarsyň-da, kimdir biriniň gujagyna dolýarsyň!*

*Ejem meni doglan, ulalan we dostlarym bolan şäherden harby baza alyp bardy.*

*Men öz tenimi Beýik serdara we Kompartiýanyň MK berdim!*

Aýdym ýaryşynda ýeňseň, seni hökman tanaýarlar. Eger ýaryşda ýeňip, üstesine-de sportda gazananlaryň üçin medal hem alsaň näme? Onda sen rowaýata öwrülýärsiň!

Ýöne meniň maşgalamyň geçmişini hasaba alsaň, partiýanyň agzalygyna girmek üçin, maňa rowaýat bolmadan has ulurak zat gerekdi. Şeýdip, aýdym ýaryşlarynda we sport ýaryşlarynda üstünlik gazanmakdan başga-da, men çilim çekmeden we alkogol içmeden el çekmäni wagyz edýän sagdyn ýaşaýyş ýörelgesiniň toparyny döretdim. Diýmek, men jemgyýetçilik işini hem alyp bardym.

Polkuň komandiri we syýasy ýolbaşçysy maňa guwanýardylar. Ýöne mesele şundady: goşunda gulluk edenleri, ene-atasy kommunist bolanlary-da partiýa kabul edýärdiler, ýöne başga ýurtdan gelen partiýa agzasy bolmadyk immigrantlaryň çagalary üçin kompartiýanyň agzalyk şahadatnamasyny alandan, Aýa petek alanyň aňsatdy. Men eger on ýyl hökmany gullukdan soň partiýa girip bilmesem, iň bolmanda, kakam ýaly, arassa durmuşda ýaşamaly boljagyma kaýyl bolmaly bolýardym. Bu, barybir, ýeralma ogurlamakdan gowudy.

Bir gün men akkordeonda saz çalşymy gowy görýän komissar bilen gürleşmek üçin batyrgaýlygymy bir ýere jemledim. Adatça

adaty esgere başlygyň ýanyna ýöne ýere girip, şahsy durmuşy barada gürrüň etmek mümkin däldi. Her neneň sebäp bolanda-da, onuň ýaly derejedäki adam bilen duşuşmak juda kyndy, sebäbi biziň aramyzda giden uçut bardy. Ýöne komissar özi üçin ýerine ýetiren käbir ýumuşlarym arkaly meni tanaýardy. Şonuň üçin men bir gün täsin usul bilen onuň ýanyna bardym. "Men hemme zady dogry edýärinmi?" — diýip, men tolgunmamy gizläp gyzyklandym.

Komissar pyşgyran ýaly etdi: "Men nireden bileýin?! Seniň özüňe tabşyrylan ýumuşlary näderejede gowy ýerine ýetirendigiňi barlamak gerek". Onuň üçin maňa elini salgap goýbermek ýeterlikdi, ýöne ol örän mylakatly bolup çykdy we näme-de bolsa, meniň şahsy jiltime seretdi. Ol ony agdaryşdyryp otursyna ýumuşlary menden gowy hiç kimiň hem ýerine ýetirmändigini belledi. Şeýlelikde, men pursatdan peýdalanyp, özümiň adaty harby esger derejämiň we maşgalamyň tegmillenen geçmişiniň çäklerinden çykyp, bagtymy synama kararyna geldim. "Men ýaly gulluk möhletini gutaranlary gullukdan boşadýarlar — diýip, men has sada görünmeklige çalşyp söze başladym. — Men ýigrimi sekiz ýaşymda, meni tizara öýe goýberýärler. Men gidenimden soň, akkordeon çalar ýaly adam bolmaýar. Belki, men ýerime kimdir birini taýýarlaryn?"

Meniň sözlerim komissary biynjalyk etdi, şonuň üçin ol: "Kimdir birini saýla!" — diýip haýyş etdi.

"Hm... — diýip, men oýa batyp aýtdym. — Okuw alty aýdan on iki aýa çenli wagty öz içine alýar. Ýöne meniň galmaga hakym ýok, sebäbi men kommunist däl". Bu meniň eden hyzmatyma hyzmat bilen jogap bermelidigine kakdyrma boldy, ýöne ol muny harby tribunala düşmän etse bolýardy.

Ol hakykatdan haýran galdy: "Men-ä seni kommunistsiň diýip ýördüm! Asyl sen entek kommunist däl ekeniň, beýle bolsa, gel, seni partiýa kabul etmäniň usulyny tapaly".

Şol günden başlap, men agşam sagat dokuzlarda işimi tamamlanymdan soň, güýçden gaçyp, krowada özümi goýberýärdim, ýöne on bäş minutdan soň, häkimiýete wepalylygymy subut etmek

üçin, ýerimden böküp turup, işden daşary wagtymy işlemäge "meýletin" gidýärdim. Her gün agşam bir sagada golaý men jaýyň gurluşygyna kömek edýärdim. Ol ýerde meni we olaryň ünsüne dalaş edýän beýleki harby işgärleri synlap duran köp ýolbaşçylar bardy. Bu adamlaryň hemmesi-de ýatmaklyga niýetlenilen wagty ýurduň abadançylygy ugrundaky meýletin zähmete bagyş edipdiler, biziň her birimiziň beýle etmegimiziň öz sebäbi bardy. Meýletin iş bilen gündelik borçlaryň hemmesini ýerine ýetireniňden soň giç agşam meşgullanmalydy. Tutuş wzwodlar we batalýonlar güýçli yhlas bilen zähmet çekýärdiler. Men hemmelerden işjeň hem wepaly meýletin bolma kararyna gelipdim.

Meniň gündizki borçlarym barada aýtsak, meni iň gowşak bölüme goýberdiler, bu bolsa şol bölümi yza galaklykdan öňdäki hatara geçirmek bilen meşhurlyk gazanma mümkinçiligiň dörändigini aňladýardy. Şonuň üçin men esgerleriň aýaklaryna çägeli haltalary daňyp, olary türgenleşdirýärdim. Alty aýlap güýçli türgenleşmeler geçenden soň, bütin bölüm nobatdaky barlagdan geçdi. Meniň bölümimiň ähli ugurlardaky, şol sanda ylgamak hem özüňi çekmek boýunça-da görkezen netijeleri gaty gowy boldy. Bu baradaky gürrüň şobada beýleki ähli bölümlere-de ýaýrady, şeýdip, biziň bölümimize görkeziji ady berildi, bu bolsa, indi beýleki ähli bölümleriň biziň görkezijilerimize ýetmäge dyrjaşmalydygyny aňladýardy.

Bir gün men gül ekilýän ýeriň daşky betonyň döwlenini gördümde, zähmet terbiýesi mugallymlaryndan ony bejermeklerini — sement guýup, daşky görnüşini gowulaşdyrmagy haýyş etdim. Bütin bölümiň komissary barlag bilen gelende, jaýlaryň we töwerekdäki ýanaşyk territoriýalaryň arassalygyna we ýakymlylygyna örän haýran galdy. Hatda gül ekilýän ýerlerem gaty gowy görünýärdi! Territoriýany abadanlaşdyrma işleriniň hemmesiniň geçirilmegine kimiň jogapkärdigini bilmek gyzykly boldy, ýöne men bilesigelijilik döretmek üçin hemmelere dymmagy buýruk berdim. Ondan ýarym ýyl geçenden soň meniň ýörite goýberen habarçym şol işleriň başyny kimiň başlandygyny habar berdi. Immigrantlaryň, üstesine-

de, sürgün edilen maşgalalaryň partiýada durmaýan çagalary, kommunistik partiýa girmäge azajyk hem bolsa mümkinçilik almak üçin özleriniň mynasyp bolan şeýle öwgülerini we ünslerini almaga mätäçdiler.

Birnäçe aý geçenden soň komissar maňa kakam bilen duşuşmak isleýändigini aýtdy. Men onuň bilen habarlaşdym-da, ony duşuşyga çagyrdym. Kakam çakylyga uly haýran galma we juda hüşgärlik bilen garady. Ýöne men ondan tolgunmazlygyny haýyş etdim. Ol ýany bilen öýde taýýarlanylan alkogol alyp geldi. Ol şol döwürlerde şonuň ýaly ýerlere baranda eltilýän esasy sowgatdy. Kakam komissaryň ýanyna girende, onuň ýüzi ak esgi ýalydy. Birnäçe wagt geçenden soň gapy açylyp, ol daşary çykanda, uludan ýylgyryp çykdy. "Men seniň işleriň gowy gidýändigini eşitdim!" — diýip, ol gizläp bolmajak buýsanç hem çuň ýeňillik duýgusy bilen ýüzlendi.

Kakam meniň kommunistik partiýa geçip bilmeýändigimiň sebäbiniň özi bolup durýandygyny bilýärdi. Häkimiýetiň nazarynda kakam Hytaýdan Demirgazyk Koreýa gelen, sürgüne iberilen immigrantdy, başga sözler bilen aýtsak, şübheli wepalylygy bolan adamdy. Iň erbedi-de, meniň partiýa agzalyga geçmelidigim baradaky meselä seredilip, terjimehal maglumatlarym barlanylan wagtynda, howpsuzlyk gullugy kakamyň ýene Hytaýa gidendigini bilýär. Şeýle hem, gadagan edilen radiogepleşikler baradaky taryhyň hem üsti açylýar. Kakamyň işe goýlan ýerindäki abatlaýyş ussahanasynyň ýanynda radiopriýomnikleri bejerýän adam işleýän eken. Bir gün ol ýalňyşyp, başga bir ýaýlyma girýär-de, Günorta Koreýadan berilýän radiogepleşikleri diňleýär. Şol pursatda kakam tötänden ol ýere barypdyr. Demirgazyk Koreýada iň ujypsyzja wakalaram bilinmän galmaýar we islenilmeýän wagtynda ýüze çykýar.

Komissar bilnen faktlary kakama ýetirmegi zerur hasap edipdir. Ol geljekki beýik işler üçin öz oglunyň ýoluny arassalamagy üçin oňa düşündirmäge mümkinçilik beripdir. Kakam Hytaýda öz garyndaşlarynyň ýaşaýandyklary üçin, olary biziň işçiler üçin jennet bolup durýan ýurdumyza getirip bolýanmydygyny biljek bolup,

Hytaýa gidendigini düşündirýär. Radio barada aýtsak, ol Günorta Koreýanyň gepleşigini radiomehanigiň ýalňyşy sebäpli eşitmeli bolandygyny, ýöne özüniň barybir hiç zada düşünmändigini, islendik ýagdaýda-da, onuň özüni gyzyklandyrmandygyny howlukmaç aýtmak bilen düşündirýär.

Komissar bir topbak kagyzy howada galgadyp, kakamyň sözlerine elini galgadypdyr. “Men karara gelen badyma size habar bererin — diýip, ol kakamy ynandyrypdyr. — Men siziň ogluňyza islän wagtymda kommunistik partiýa girmäge rugsat berip bilýärin”. Öz çeken kynçylyklarynyň hemmesini meniň çekmeli bolmajakdygyma kakamyň begenýäni gürrüňsizdi.

Bu söhbetdeşlikden köp wagt geçmänkä, maňa rotanyň komandiri jaň etdi-de: “Gutlaýaryn. Seniň derejäňi beýgeldýärler. Sen uly seržant bolýarsyň” — diýdi. Esgeriň egninde nyşan bolmasa, diýmek, ol adaty esgerdir. Ýefreýtor bir çyzygy, kiçi seržant — iki çyzygy, seržant üç, uly seržant ýogyn çyzygy, starşina bolsa — ýogyn hem inçe çyzyklary alýar. Praporşik - bu ofiser bolmazdan öň alynýan iň ýokary harby atdy.

Men gutlaga elimi salgap goýberdim. “Maňa kommunistik partiýa girmäge rugsat bermeýärler” — diýip, men tapawudy ýok ýaly edip aýtdym.

“Munda mesele bolmaz diýip pikir edýärin” — diýip, ol garşy çykdy.

*Mesele bolmaz?!* Şeýdip, meni uly seržanta çenli beýgeltdiler. Ahyrsoňy mümkin bolmajak zadyň amala aşandygyna men çendenaşa begendim, hatda agladymam.

Maňa ýolbaşçylaryň meniň partiýa geçmegime razylyk berendiklerini aýtdylar. Ýöne munuň üçin zamun zerur gerekdi. Eger polkuň komissary we rotanyň ofiseri zamun hökmünde çykyş etmek isleseler, onda bu iň ýokary hormat bolardy. Meniň dalaşgärligimi komissaryň özi goldapdyr. Başgalar partiýa girenlerinde, mydama muňa garşy çykýan biri bolýardy. Mende bolsa, meniň kompartiýa girmegime ýekeje adam hem garşy bolmandyr.

Men uly seržantyň derejesinde gulluk etdim we meniň gol astymda 120 sany esger bardy. Men goşunda ýene goşmaça ýarym ýyl gulluk etdim, öz ýerime bir akkordeonist taýýarladym, soň hem uniwersitete girmeklige resmi harby ugrukdyrmany aldym.

Aý, aldym diýen ýalydy. Wonsan ykdysadyýet uniwersiteti iň gowy okuw jaýy bolup, ol ýerde ýokary derejedäkiler okaýardylar, şonuň üçin komandowaniýe meni şol ýere ugratmakçy boldy. Ýöne ýene-de meniň maşgalamyň geçmişi ýüze çykdy, şonuň üçin uniwersitetiň deregine meni inženerçilik institutyna goýberdiler. Demirgazyk Koreýada adama mydama böwet bolup durýan bir zat tapylyp durýar.

Şeýle-de bolsa, öz gulluk borjuňy hormat bilen ýerine ýetirmekden, kommunistik partiýa girmekden, öýde söýýän ene-atań bilen ýaşap, institutda okamakdan gowy näme bolup biler? Ýöne maňa öňde juda ýakymly garaşylmadyk ýene bir sowgat garaşýardy.

Men instituda girenimde, eýýäm otuz ýaşymdadym, özümem juda ýaşajyk gyzlar bilen okaýardym. Olaryň köpüsi on sekiz — on dokuz ýaşlaryndady, sebäbi gyzlaryň örän az sanlysy goşunda gulluk etmäge isleg bildirýärdi. Şonuň üçin kursdaşlarym meni gyzyklandyrmaýardy. Ýöne mugallymlaryň köpüsi ýigrimi bäş ýa-da şol töwerekdäki ýaşdaky zenanlardylar, olary bolsa, gulluga gidip gelen erkekler diýseň gyzyklandyrýardy. Institutda mugallymlary taýýarlaýan ýer hem bardy. Şeýdip, men özümiň geljekki aýalym hanym Be bilen tanyşdym.

Ol instituta mugallymlary taýýarlamak boýunça çärä gatnaşmaga gelipdi. Elbetde, zenan maşgala erkek bilen ilki gürleşip başlamaýar. Şeýlelikde, birinji üç gezekde biz koridorda biri-birimize ýöne bir seredip durduk. Institutda onuň öz işleri, meniň bolsa sapaklarym bardy.

Ýöne şondan soň biz ýene koridoryň niresindedir bir ýerinde duş gelenimizde, men oňa: “Siz nirede ýaşaýarsyňyz? Siz näçe ýaşyňyzda?” — diýen ýaly soraglary berip başladym. Men

onuň bilen ýakyndan tanyşmak isledim, şonuň üçin onuň bilen gatnaşyklary ýola goýar ýaly, maňa bahana gerekdi. Bagtyma, uçurymlara bildirilýän talaplar maňa şonuň ýaly mümkinçiligi berdi. Institutda diplomy goramak üçin işjeň öwrenme işlerini alyp barmak gerekdi. Mundan başga-da, Kim Ir Seniň harby strategiýasy barada makala ýazmalydy we onuň aýdan segsen sany jümlesiniň her biri barada ullakan makalalary ýazmak gerekdi: şol jümleleriň özüňiz üçin nämäni aňladýandygyny we bütin ömrüňize olara eýermek üçin nädip jan etjekdigiňizi suratlandyrmalydy. Şonda siziň hatyňyz owadan bolmalydy we pikirleriňizi dogry jemlemelidiňiz. Soň Kim Çen Iriň aýdan ýüzlerçe sözleri barada makala ýazmak gerekdi. Bu zatlaryň üstesine-de, Kimleriň maşgala taryhy boýunça synaglar toparyny tabşyrmalydy. Diňe şondan soň diplomy goramaga başlap bolýardy.

Şeýdip, özümi gyzyklandyran zenan bilen ýakyndan tanyşmaga mende bahana bardy. Men onuň gowy ýazyp bilýän bilmeýänini bilmeýärdim, ýöne islendik ýagdaýda-da maňa kömek gerekdi. Men oňa öz haýyşymy düşündirdim, ol hem razy boldy. Durmuşa çykmadyk Demirgazyk koreýaly gyz öýlenmedik Demirgazyk koreýaly erkege duş gelende, ony ilkinji nobatda iki sorag gyzyklandyrýardy: ol partiýa agzasymy we goşun gullugyny geçenmi? Goşun gullugyny geçmediklerde saglyk ýagdaýynda mesele bar bolsa gerek. Gulluk eden we kommunistik partiýada duran adam — bu maşgalasynyň geçmişinde tegmil bolmadyk erkek kişi bolýar. Bu, şeýle hem, onda kanun we aýallar babatda hem meselesiniň ýokdugyny aňladýar. Harby gullugy geçen, partiýa giren we instituta okuwa giren erkek kişi barada ýene näme diýip bolar? Gullugy tamamlanlary gaty seýrek ýagdaýlarda ýokary bilim almaga goýberýärdiler. Olaryň köpüsini, hatda kompartiýanyň agzasy bolsalar-da, şahta ýa-da fabriklerde işlemäge goýberýärdiler. Şonuň üçin meşhurlykdan peýdalanýan munuň ýaly talyp, diňe diplom işini ýazmaga kömek etmegi haýyş edýän bolsa-da, “hawa” diýip jogap bermesi gerek bolan adamdy.

Bu zenan meniň tanşan birinji zenanym däldi. Oňa çenli men eýýäm özüme üç ýylyň dowamynda özlerini teklip eden elli ýedi sany zenana položitel jogap bermändim. Gullugy gutaran erkekleriň köpüsi bir ýylyň dowamynda öýlenýärdiler, ýöne men däl! Maşgalamyzyň mundan beýläkki ykbalyny üýtgetmek üçin şeýle köp zat edenimden soň, durmuşdaky ýanýoldaşy saýlamada töwekgelçilik etmekçi däldim. Mundan başga-da, ol zenan üýtgeşikdi.

Ol tamamlaýyş işiniň makalalarynda maňa kömek etmäge razy boldy, şeýdip, men oňa bu ýumuşlary ýerine ýetirmek üçin bir aý wagt berdim. Ýöne iki hepdeden soň ol maňa ýumuşlaryň taýýardygyny habar berip, hat ýazyp iberdi. Biz meniň onuň öýüne baryp, işleri alyp gaýtmagym hakda gürleşdik. Biz onuň ene-atasy bilen günortanlyk naharyny bile edindik, soň men işlere göz aýlap çykdym we gaty haýran galdym. Ol işleri diýseň gowy ýazypdyr, hemme zat birkemsiz bolup durdy.

Meniň kärim inženerçilik işidi. Ýokary bilim almak üçin maňa ýene tehniki ýumuşlary-da ýerine ýetirmek gerekdi. Men hasaplap, meýilnamalary hem çyzgylary düzüp bilýärdim, ýöne ýazmaga welin, meniň güýjüm ýetmeýärdi. Üstesine-de, men bu zenan bilen ýakynlaşmak we gatnaşyklary ýola goýmak isleýärdim. Men ondan bu goşmaça işde-de kömek etmegini haýyş etdim, ol hem höwes bilen razy boldy. Üstesine-de men onuň ene-atasyna ýarapdyryn. Ol özüni başga-da köp oglanlar bilen tanyşdyrandyklaryny, ýöne olaryň biriniňem men ýaly gowy bolmandygyny aýtdy.

Bu soňky işi ýerine ýetirmek üçin men ýene onuň ene-atasynyň iki otagly öýüne bardym. Olar bir otagda oturdylar, biz bolsa beýlekisinde ýumşuň üstünde işledik. Munuň üçin wagt bizde diňe agşamlaryna, işden hem okuwdan soň bolýardy. Bu, şeýle hem, biziň biri-birimizi has gowy tanamagymyza mümkinçilik berdi. Ol özi bilen näçe köp oglanlaryň gyzyklanandygyny, onuň elinden tutjak bolandyklaryny gürrüň berdi, ýöne meniň beýle etmändigimi aýtdy. Meniň bar ünsüm diplom işimdedi ahyry. Bu bolsa meniň

terbiýämiň gowudygyna we açyk göwünlidigime göz ýetirmäge kömek edendigini aýtdy.

Üçünji gün, işimiz gutaranynda we duşuşmak üçin bahana galmadyk wagtynda men ondan özüne dalaş edýäniň barmydygyny soradym. Men birinji gezek bu temada açyk gürrüň etdim, ol bolsa ýokdugyny aýtdy. Oňa hyrydar bolanlardan biriniň onuň ene-atasy bilen tanşanmydygyny soradym, ol hem olaryň hijisiniň özüne ýaramandygyny aýdyp jogap berdi. Soň ol hem maňa şol soraglary berdi. Menem otrisatel jogap berdim.

Soň men ýüzugra oňa teklip etdim:

— Men saňa öýlenmegi diýseň isleýärin.

— Men garşy däl — diýip, ol jogap berdi.

Biziň herimiz öz ene-atamyz bilen gürleşdik, şeýdip, mesele çözüldi. Men onuň bilen okuw ýylynyň gutarmagyna bir aý galanda, fewralda tanyşdym, üç aý geçenden soň bolsa, maýda biz durmuş gurduk.

Ol döwürlerde institutlary we uniwersitetleri tamamlan talyplary derrew ýurduň iň wajyp taslamalaryna — atom elektrostansiýalaryna, dökün öndürýän zawodlara ýa-da dürli fabriklere — goýberýärdiler. Gazetler we telewideniýe her bir taslamanyň üstünlikleri barada ýaňlandyryp habar berýärdi, ýöne hakyky ýagdaý baradaky ajy hakykat ol ýerde işleýänlere mälimdi. Meni sekiz ýyl dowam eden zawod taslamasyna bellediler. Meniň ol ýerde duş gelen kynçylygym bütin ýurduň kynçylyklaryny şöhlelendirýärdi. Beýik Serdar öldi. Sowet Soýuzy dargady. Elektrik togy, ätiýaçlyklar we görgüleriň soňky galyndylary hakda gürrüň etmände-de, ýurduň azatlygy doly derejede onuň çäklerinden çykan ýaly bolup göründi.

1990-njy ýyllaryň ortalarynda taslama tamamlanyndan soň, men öz şäherimde iş tapdym. Şol wagt döwlet azyk paýlaryny bermegi bes etdi. Bu bolsa, hatda işleýänleriňem öz zähmeti üçin aýlyk almaýandygyny aňladýardy. Açlygyň garaňky kölegesi şäherleri, obalary gurşap aldy. Bizi oba sürgün etmezlerinden öňki

ýaşan jaýymyzyň deňinden men köp gezekler geçýärdim. Indi açlyk bizi bu ýere gaýtaryp getiripdi. Goňşy aýalyň çagasynyň öleni ýadyma düşýär. Ertesi gün agşam biziň jaýymyzyň arka tarapyndaky jaýda ýaşaýan garry aýal açlyk sebäpli dörän ysgynsyzlykdan ýykylyp, şobada öldi. Elbetde, öli adamlar — bu juda gussaly hem gaýgyly zatdy. Men ozal hiç haçan, hatda gullukdakamam munuň ýaly zada duş gelip görmändim. Indi jesetler hemme ýerde — köçelerde, öýlerde we jaýlaryň içlerinde bardy. Olar hatda wokzallarda-da ýaýraşyp ýatyrdy. Bir gezek men otla münmek üçin wokzala bardym. Men ol ýerde bir sagada golaý garaşmaly boldum. Segsen sany ýetim çaga, ýylynmak üçin, biri-birine gysylyşyp otyrdylar. Olaryň ýedisi öldi. Biz şonuň ýaly çagalary "*koçebi*" — peýdasyz garlawaçlar — diýip atlandyrýarys. Bular ene-atasy ölen, gidere ýerleri bolmadyk çagalardylar, olara hiç kim kömek edip bilmeýärdi. Hemmeler aňrybaş mätäçlik çekýärdiler, şonuň üçin, hatda özlerini-de ekläp bilmeýärdiler, başga biri bilen iýmitiňi paýlaşmak barada gürrüňem ýokdy. Jesetleri zyňmak üçin stansiýanyň nobatçysynyň çagalary kowýanyny synlap duranymda, özümiň açlyk çeken çagalyk döwrümi ýatlaman bilmedim.

Şol wagt men karara geldim: men önümçilikde-de, gurluşykda-da işlemeli däl. Önümçilikde we gurluşykda işleýänleriň hemmesine açlykdan ölme howpy abanýardy. Bu ulgamlarda işleýänler ol wagt aýlyk almaýardylar, puluň bolmazlygy bolsa, iýmitiň ýoklugyny aňladýardy-da, yzy bilen açlykdan ölmäni alyp gelýärdi. Bagtyma, bilimim bilen partiýa petegim maňa köp mümkinçilikleri berdi.

1980-nji ýyldan başlap, ýurda daşary ýurt puluny (walýutany) çekmeklik kampaniýasy başlanypdy. Elbetde, adamlar mydama-da munuň ýaly iş bilen meşgullanýardylar, ýöne muny gara bazarda bikanun edýärdiler. Ýöne indi döwlet iň ýokary wezipedäki adamlara ýurt üçin daşary ýurt puluny açyk gazanmagy tabşyrdy. Şol açlyk döwürde — bu gazanmasy mümkin bolan ýeke-täk puldy. Şeýdip, men halkara söwda dünýäsine düşdüm.

Elbetde, Demirgazyk Koreýada “halkara söwda” esasan hem, Demirgazyk koreý oba hojalyk önümleri we mineral magdan ulgamynda Hytaý bilen telekeçiligi alyp barmagy aňladýar. Demirgazyk Koreýanyň territoriýasynyň aglaba bölegi daglyk ýer bolany sebäpli, onuň ýerleri ekin ekmäge ýaramsyz bolup durýar. Men muny çagakam, özümiň ajy şahsy tejribämden bilýärdim. Ýöne onuň ýeri mineral resurslara baý. Magdanlary gullugyny tamamlanlaryndan soň şahta iberilýän öňki esgerler gazyp alýardylar. Soňra men ýaly institutda okama bagtyna eýe bolanlar, şol çig mineraly satmak bilen meşgullanýardylar. Gödek aýtsak, ony göni ýerden alyp, Hytaýa we Russiýa satýarlar, sebäbi ýurtda elektroenergiýanyň ýetmezçiligi, şeýle hem, ony has ýokary hilli edip gaýtadan işläp çykarar ýaly tehnologiýanyň ýoklugy ýiti duýulýar. Bu fakt hem, örän gynandyryjydyr.

Iki çagamyzyň doglandygy sebäpli maşgalamyz ulalan wagtynda, ýene bir gynandyryjy waka bolup geçdi. Meniň partiýa agzasydygymyň, ýokary bilimimiň we halkara söwdasy ulgamyndaky işimiň kömegi bilen açlykdan ölme howpundan gaça durmak bize başartdy. Ýöne öz durmuşymdaky položitel üýtgeşmelere garamazdan, mende babamdan, mamamdan we ene-atamdan miras alan bir zadym bardy, men ony hiç haçan ýatdan çykaryp bilmeýärdim: biziň maşgalamyzyň aýratyn “çig magdany” bar bolup, mende ony, hatda şol wagtlarda-da “gaýtadan işlemäge” mümkinçiligim ýokdy.

Men babamyň syrly ynamy hakda az zat bilýärdim, uly howplar wagtynda ony adyny tutup çagyran syrly Hudaýy hakda ondan-da az bilýärdim. Ýöne nikada kynçylyklara duş gelen iň gowy dostum aýalym ikimizden är-aýallyk durmuşynda bagt tapmagyň bize nädip başardandygyny soranda, men oňa hakykaty açman bilmedim. “On tabşyryk. Gökler mydama seni synlap dur. Sen tabşyryklary bozanyňda, ötünç soramak zerurdyr. Her gezek nahar iýeniňde bolsa, minnetdarlyk bildirmek gerek” — diýip, men oňa aýtdym.

Onuň nikasyny halas etmek üçin munuň ýaly maslahat ýeterlik bolmandyr öýdýärin. Düzgün bolşy ýaly aýrylyşma prosesi Demirgazyk Koreýada örän kyn. Aýrylyşmanyň başyny başlan ýanýoldaş öz ýanýoldaşynyň ýurduň tertipli raýaty däldigini subut etmeli. Eger ol antikommunistik garaýyşlary bilen belli bolsa, onda şonuň ýaly bolan ýagdaýynda, jemgyýetiň bähbitleri şahsy bähbidiňden ýokary tutulýar.

Hut şonuň ýaly bolup, men Hudaý hakda gürlänim üçin türmä düşdüm. Her neneň täsin bolsa-da, bu köp ýyllar mundan ozal döwlet howpsuzlyk gullugynyň işgärleriniň biziň öýümize okdurylyp giren ýeriniň örän golaýynda bolup geçdi. Köp babatlarda derňewiň bütin prosesi meniň çagalykda ýatda galandakysyndan onçakly tapawutlanmaýardy, ýöne bu gezek maňa, nobatdaky sorag edilmeden soň, öýe gitmäge rugsat edilmedi. Ilki başyndan meniň indi hiç haçan yzyma dolanmajakdygym düşnükli bolupdy.

Derňewlere maňa ýakyn bolanlaryň köpüsini çekdiler. Olaryň käbirleri ýalan görkezmeleri berip, Döwlet howpsuzlygy gullugynyň işgärleriniň eşitmek islän zatlaryny olara gürrüň beripdirler. Munuň üçin men olary ýazgarmaýaryn. Häkimiýet bilen tersleşmek kime gerek?

Meniň jenaýatym goşar sagadyny ýa-da neşe satandan-da agyrdy. Görüp otursam, men “özümiň yzagalak dini garaýyşlarym bilen dostumy ýoldan çykarjak bolupdyryn”, bu bolsa syýasy jenaýatlaryň iň agyrydy. Halkara söwda ulgamynyň işgäri bolanym üçin men aýratyn şübhe döredýärin — men diňe bir döwlete degişli pullary öz jübime salmak bilen çäklenmän, eýsem döwleti öz tankydyma hem duçar edipdirin.

Hoş Habary ýaýratmak, ogurlyk, watana dönüklik — bu maddalaryň her biri ölüm jezasyny göz öňünde tutýardy. Ýöne sorag etmelerden soň Demirgazyk Koreýanyň sud sistemasynyň taryhynda deňi-taýy bolmadyk zat bolup geçdi. (Bu meniň töweregimi gurşap alan adamlaryň, meniň soňrak gürleşen Demirgazyk koreýaly gaçgaklarymyň sözlerinden mälim boldy).

Babamyň işiniň derňewi alnyp barylýarka, men bir ýyldan gowrak wagtymy, resmi aýyplama ýöňkelmezden, iň gazaply türme şertlerinde geçirdim.

Türmede maňa möjejik ýaly garaýardylar. On üç aýyň dowamyndaky her gün öňküsinden ýa-da soňkusyndan hiç hili tapawutlanmaýardy. Daňdan bäşde turulýardy. Pollary ýuwýardyk. Syr-süpür edýärdik. Hajathana gidýärdik. Bedräniň içini boşadýardyk. Soň biz on ýedi sagadyň dowamynda ellerimizi hem aýaklarymyzy biri-biriniň içinden geçirip, dyza çöküp oturýardyk. Bize boýnumyzy öwürmäge ýa-da arkamyzy küýkertmäge rugsat edilmeýärdi. Diňe nahar wagtynda gymyldamaga rugsat edilýärdi, muňa bolsa göni bir minut wagt berilýärdi. Agşam sagat onda biz krowadyň deregine agaç poluň üstünde hökman diwara tarap öwrülip ýatýardyk.

Bir görnüşde oturmalydy, hatda sizi çybyn çakýan bolsa-da, gymyldamak bolmaýardy. Eger çala gymyldasaňyz, islendik hereket üçin garawullaryň oýlap tapýan gazaply jezasy howp salýardy — jezalar mydama agyrylydy hem kemsidijidi. Şonuň ýaly jezalaryň biri-de, agzyna çenli suwdan doldurylan jamy ýokary galdyryp, aýagyňy çalaja epip otuz minutlap durmakdy. Eger tussag ýekeje damja suwy damdyrsa, onda ony huşundan gidýänçä urýardylar. Jezalaryň ýene biri türme gözenekleriniň arasyndan eliňi çykarýardyň, şonda aňry tarapda duran garawul metal tikenekleri bolan taýak bilen elleriňi etden hem deriden bolan ganly palçyga öwürýärdi. Türme gözegçileri, şeýle hem, tussaglary gapynyň kese söýesine asylyp durmaga ýa-da dört aýak bolup, agaç poluň üstünde emedekläp ýöremäge mejbur edýärdiler.

Men, esasan hem, bir ýyldan gowrak wagtyň dowamynda her gün on ýedi sagatlap gymyldaman oturýardym. Bu wagtyň dowamynda men durmuş we şol wagta çenli başdan geçiren zatlarymyň hemmesi barada pikirlenip çykdym. Men goşun gullugynda bolan wagtymda Hudaýyň söýgüsini ýüregimiň iň

gyraky burçunda saklap, onuň deregine ýolbaşçylaryň söýgüsini aljak bolanymy; durmuşdaky hemme zatdan-da beter kommunistik partiýa girjek bolanymy, maksadyma ýetip, gullukdan öýe buýsanç bilen gaýdyp gelenimi, instituta girip, ýokary bilim almagy we hatda ýowuz açlyk şertlerinde-de pul getirip biljek işi tapmak islänimi; köp maşgalalar açlykdan ölende, maşgalamy öz aklymyň we zähmetsöýerligimiň kömegi bilen saklap bildim diýip pikir edenimi ýatladym. Gullukdan gelenimde ene-atamyň maňa aýdan zatlaryny, olaryň sözlerine onçakly ähmiýet bermändigimi ýatladym. Durkum bilen öz ukyplaryma daýanyp, Hudaýy unudandygym we Oňa bil baglamandygym hakda pikirlendim.

Yza nazar aýlanymda, men babamyň öýünde bolan maşgala duşuşyklary hem-de sosnalaryň kölegesinde geçen sorag we jogap alyşmalary ýada saldym. Hananim!..

Men özümiň az imanlydygyma, mamamyň, babamyň we ene-atamyň kompartiýa agzalygyndan, aýdym ýaryşlaryndaky baýrakly ýerlerden, sport medallaryndan, hatda janyň özünden-de gymmat hasap eden zatlaryny kabul edip bilmändigime, ony doly derejesinde berip bilmändigime toba etdim. “*Şeýle az tanaýan aýalyňa kömek etmek nämä gerekdi? Eýsem, ol diňe içki geýimde öýe gelende, sende hiç hili şübhe döremedimi? — Ol kömege mätäçdi. Nädip mätäje kömek etjek däl?!*”

Şeýlelikde, sagat yzyna sagat, gün yzyna gün, aý yzyna aý geçdigiçe, ýyl ornuny beýleki ýyla berdigiçe men has köp toba etdim. Mende minnetdarlyk duýgusy artdy. Türmede geçiren aýlarym üçin men Rebbe, hatda minnetdarlyk hem bildirip başladym, sebäbi Ol şeýle etmek bilen maňa tekepbirligimi görkezdi we oýlanmak üçin wagt berdi. Adatça men pyşyrdaýardym, özem şeýle ýuwaş pyşyrdaýardym welin, sözlerime düşünmek asla mümkin bolmaýardy. Men bir wagtlar babamyň biz bilen geçiren her sapagynda aýdan senalarymyzy ýada saljak bolup, güýjümde baryny edip synanyşýardym. Şeýdip, men Mukaddes Ruha doly tabyn bolmaklyga geldim.

"Çünki dilän alar, gözlän tapar, gapyny kakana ony açarlar" — men Mukaddes Ýazgydaky bu parçany mydama ýatlaýardym. Ejem olary sürgün edilen dag obamyzyň şemally, sowuk, gazaply gijelerinde maňa pyşyrdap aýdýardy. Ol wagtlar açlyk bizi ýiti agyra çenli gandallapdy, umyt özümiziň işläp bejerýän ýerimiz ýaly, çüýräp başlapdy. Hananim!.. Men pikirimde Onuň adyny müňlerçe gezek gaýtaladym.

Hudaý hem meni terk etmedi. Hemmeleri haýran galdyryp, Ol meni halas etdi. Adatça, hökümiň çykarylmagyna bir aýa golaý wagt gidýärdi, ýöne jenaýat juda agyr bolsa, öňden geçirilýän derňewler üç aýa çenli dowam edip bilýärdi, soň adamy konslagere goýberýärdiler ýa-da onuň agzyny daşdan dolduryp, köpçüligiň öňünde jezalandyrýardylar. Eger derňewlerden soň tussagy çagyryp, oňa öýüne gidip bilýändigini aýtsalar, onda bu ölümi aňladýardy. Ine, "öýe gitmeklik" nämäni aňladýardy. Türmeden hiç kim diri gitmeýärdi; 99 göterim tussaga ölüm jezasy çykarylýardy we höküm ýerine ýetirilýärdi.

Ýöne bir ýyl geçenden soň meni azatlyga çykardylar. Şonda maňa hiç hili aýyplama-da ýöňkemediler. Sülçüler meniň işimdäki gulluk wezipesini görkezýän dokumentimi öwrenipdirler, işdeşlerimi sorag edipdirler. Şeýdip, ahyrsoňunda, maňa garşy goýlan ýaraglaryň hijisem üstünlikli bolup çykmandyr. Döwlet howpsuzlyk gullugynyň taryhynda meniňki ýaly ýagdaý şu wagta çenli bolmandyr. Töweregimdäkileriň hemmesi haýran galdylar. Şeýdip, men Hudaýyň hakykatdan hereket edendiginiň şaýady boldum; muňa düşünmek ýa-da ýerine ýetirmek adam üçin mümkin däldi.

Tussaglykdan boşanymdan soň maňa, hatda halkara söwda ulgamyndaky işime gaýdyp barmaga mümkinçilik hem berdiler. Türmedäki uzak dowam eden pikirlenmelerden soň, maşgalamyzyň imany hakda ejeme bermeli soraglarym köpeldi. Men Mukaddes Kitap, babamyň edişi ýaly, nahardan öň nädip doga etmelidigi, ýekşenbe günlerinde nädip ýygnanyşmalydygy we bu güni nädip

berjaý etmelidigi barada soraşdyryp başladym. Ejemde täze imana gelenlere niýetlenilen broşýura bar eken. Ol ony ýygnaga baran wagtynda alyp gelen ýeri bolan Hytaýdan alyp gelmek bilen gaty güýçli töwekgelçilik edipdir. Şeýdip, men imandaky durmuşa geldim.

Şeýlelikde, eger siz menden mesihi bolmak bilen bir wagtyň özünde Kim Ir Seniň we Kim Çen Iriň heýkellerine sežde etmek bolýanmydygyny sorasaňyz, indi men: "Eger hakyky imanyň bar bolsa, onda bolmaýar" — diýip jogap berýärin. Men On tabşyrygy biri-biriniň yzyndan ünsli öwrendim we esger bolan wagtymda serdarlaryň heýkelleriniň öňünde dyzymy epip, olara öz janymy ynanyp we olaryň portretlerdäki suratlaryna doga edip, näçe wagtymy boş geçirendigime düşündim. Hakyky imanly adam bolup, şol bir wagtyň özünde butlara sežde etmek mümkin däl.

Biziň maşgalamyzdan hiç kim Mukaddes Kitaby doly okamandy, ýöne biz butparazçylykly çärelere barmagy bes etmegiň ýeterlikdigini bilýärdik. Şonuň ýaly çäreler, mysal üçin, Kim Ir Seniň doglan gününde geçirilýärdi. Şonda ýurduň raýatlary onuň heýkelleriniň ýanyna baryp, oňa sežde edýärler. Biz, şeýle hem, ses bermelere gatnaşmagy-da bes etdik. Munuň deregine biz On tabşyrygy ýerine ýetirip, agyr günleri başdan geçirýänler we köçelerde açlykdan ölüp barýanlar bilen iýmitimizi paýlaşýardyk. Biz ene-atamyzy syladyk. Biz ýalan sözlemedik. Biz Rebbiň gününi berjaý etdik.

Elbetde, Demirgazyk Koreýadaky ýaşaýyş şertlerinde bu zatlary edeniňden aýdanyň aňsat düşýär. Ýöne haýsy ýurtda ýaşaýandygyna garamazdan, islendik mesihi şeýle etmeli diýip pikir edýärin, şeýle dälmi? Ogurlyk etme. Biriniň zadyna göz gyzdyrma. Ýalan sözleme. Ene-ataňy syla. Ýer planetasynda bu tabşyryklary dogry ýerine ýetirýänleriň özlerini öýünde ýaly duýmajak şäheri, öýi ýa-da ýeke duran fermer jaýy barmy?

Demirgazyk Koreýada üýtgeşik saýlaw berilýär: oýa bolan wagtyň her bir pursatynda butparazlyk etmeli ýa-da birinjini etmekden ýüz öwreniň sebäpli ölüm jezasy berilýän jenaýaty

etmeli. Siz nämäni saýlardyňyz: ýurduň her bir raýatynyň etmäge borçly bolan zadyny edip, Kim Sen Iriň nyşanyny dakardyňyzmy ýa-da türme geýmini? Çagalaryňyzy Beýik serdara sežde etmegi öwretmekleri üçin mekdebe goýbererdiňizmi ýa-da konslagere? Tenini, bütin ömrüni-de Beýik ýolbaşça gurban bermegi üçin ogluňyzy goşun gullugyna goýberersiňizmi ýa-da atylmazynyň öň ýanynda agzyny daşdan doldurylmagyna rugsat edersiňizmi? Bu meniň ejemiň ogurlyk bilen özüňi öldürmäniň arasynda eden saýlawyna meňzeýär. Bir wagtlar men eýýäm imanymyň ýoklugy sebäpli türmä düşdüm, ýöne meni goýberdiler. Men hakyky imana eýe bolanymdan soň näme etmeli?

Käwagt obaňy we adamlaryňy halas etmek üçin ony terk etmek zerur bolýar: Hudaý günleriň birinde babama şeýle diýipdir. Syrly Hudaýyň sesine tabyn bolup, haýaljakdan, ýöne aýgytlylyk bilen — bar zadyňyzy we gymmat hasap edýän zatlaryň hemmesini taşlap — öz şäheriňizi terk etseňiz, size hiç kim düşünmez.

3-NJI BAP

# Ejesi — ýaşaýyş çöregini sowgat beriji

*Jenap Be*

Günleriň birinde işdeş mugallymy ejeme, sapakda wagty, ony bir oglanyň gelip sorandygyny aýdanda, ejemiň ýüregi gaty erbet gürsüldäpdir.

Bagtyna, bu howpsuzlyk gullugynyň işgärleri, itleriň üýrmeleri we gapy döwmeler bolmadyk dostlukly sapar bolupdy. Şeýdip, ejem kakam bilen tanşypdyr.

Ejem bilen kakamyň ikisi-de, Hytaýda ýaşaýan päk ahlakly mesihi maşgaladan bolupdyrlar. Ejemiň ene-atasynyň we kakamyň ene-atasynyň dürli ýygnaklara barýandyklaryna garamazdan, olar öz çagalarynyň özleriniň tanaýan mesihi maşgalalaryndan bolan özleri ýaly mesihiler bilen nikalaşmagynda aýgytly bolupdyrlar. Ejemiň mamasy beýleki ýygnakdaky mesihini gowy tanaýan eken. Ol adamyň oglunyň — ol geljekde meniň kakam bolmalydy — öz agtygynyň — meniň geljekki ejemiň — mugallym bolup işleýän mekdebinde mugallym bolup işleýänini bilýän eken. Olar bir mekdepde işleýändiklerine garamazdan, maşgalalary geljekki nikanyň mümkinçiligi hakda gürrüň edip başlamazyndan öň, biri-birini tanamaýan ekenler. Kakam ejemiň daşky keşbi we mekdepde haýsy dersden okadýandygy hakda hiç zadam bilmeýän eken. Ol hatda onuň suratynam görmändir. Ýöne ejemiň örän gelşiklijedigi ony örän begendiripdir.

Kakam bilen ilkinji duşuşyga giden wagtynda ejem ýany bilen iki jorasyny hem alyp gidipdir. Kakamyň boýy örän uzyn, 180 sm-dan-da artygrak, ejem üçin juda uzyn bolupdyr, ejem bolsa, bary-ýogy 150 sm. bolupdyr. Ýöne kakamyň akly hem batyrlygy ejemi özüne çekipdir. Olaryň ikisi-de ene-atalaryna biri-biri barada položitel zatlary aýdypdyrlar, şeýdibem, tizara durmuş gurupdyrlar.

Medeni rewolýusiýa meniň ene-atamy we Hytaýdaky maşgala agzalarymyzyň köpüsini gysyp, Demirgazyk Koreýa çykarypdyr. Ejem bilen kakam Hytaýyň mekdebindäki mugallymçylygyny Demirgazyk Koreýadaky sowuk nahar we süýji öndürýän fabrikdäki işe çalyşmaly bolýarlar. Olar immigrantlardylar, immigrantlara bolsa, sapak okatma ýaly işi ynanyp bolmaýardy. Munuň deregine olar sowuk nahar we süýji taýýarlapdyrlar. Ejem örän gelşikli aýal bolany sebäpli, erkekler onuň daşynda hozanak bolupdyrlar, emma ol olara ýekeje-de üns bermändir-de, kakama wepalylygyna galypdyr.

Ejem bilen kakam diňe babam bilen mamamyň öýüne göçüp baranlaryndan soň, Hudaý bilen ýaşap başlaýarlar, naharyň öň ýanynda hökmany doga etmäni ýerine ýetirip, sabat gününi berjaý edip başlaýarlar.

Men ejem bilen wagtymy bile köp geçirýärdim, hemme ýere diýen ýaly, onuň bilen bile gidýärdim. Bir gezek ol babamdan bile gezelenç etmegi haýyş etdi. Ol eşidilmeginden howatyr edip, öýde gürleşmek islemedi. 1970-nji ýylda döwlet mesihileri gyrmak boýunça işleri alyp bardy, şonuň üçin mesihiler özlerini diňlenilmeden gorama synanyşyklarynda seresap bolmanyň mümkin bolan çäreleriniň hemmesini görýärdiler.

Ejem babamdan: “Kaka, sen hakykatdan hem, Hudaýyň sesini eşitdiňmi?” — diýip sorady. Položitel jogap alanyndan soň ol özüne hemme zady jikme-jik gürrüň bermegini ondan haýyş etdi. Ol agyz beklände, doga edýän wagtynda ýa-da ukudaka Onuň sesini has-da aýdyň eşidendigini gürrüň berdi. Ejem Hudaýyň sesini babamyň eşidişi ýaly eşitmek isleýändigini aýtdy. Ol Hudaýyň sesini eşidip

bilmeýändigine gynanýardy, bu bolsa ony kakasynyň imanynyň öz imanyndan näderejede çuňdugy baradaky soraglary özüne bermeklige mejbur edýärdi.

Ol wagtlar ejem otuz ýaşdan geçendi, şonuň üçin iman meseleleri ony örän gyzyklandyrýardy. Ol Nuhuň gämisi, Sodom we Gomora, şeýle hem, Hudaýyň adamlary ýaradyşy hakda mydama babamdan soraýardy. Ol döwürlerde Demirgazyk Koreýada Mukaddes Kitabyň ýoklugy sebäpli, kakasy gyzy üçin janly Mukaddes Kitap bolupdy. Ejem bolsa, yhlasly okuwçy bolupdy. Babam öleninden soň, ol onuň gürrüň beren Mukaddes Kitap taryhlarynyň ýadynda galanyny maňa gürrüň berýärdi. Men, şeýle hem, On Tabşyrygy we birnäçe senalary öwrenipdim.

Babam öleninden we bizi daglyk ýerdäki hasylsyz ýeri işläp bejermäge sürgün edenlerinden soň, biz nahardan öň doga etmegi bes etdik. “Örän howply” — diýip, ejem aýdýardy. Ýöne ol öňküleri ýaly, babamyň oňa we beýleki çagalaryna her hepdede On Tabşyryga laýyklykda ýaşamagy we Sodom hem Gomora näme bolandygyny ýatda saklamagy öwredişi ýaly öwretmek üçin gijelerine çagalaryny ýygnaýardy. Ol bize Musanyň taryhyny, ejesiniň ony sebede salyp, Niliň kenarynda gamyşlygyň içinde goýup gaýdyşyny gürrüň berýärdi. Bizem şol gadymky wakalary gyzyklanma bilen diňleýärdik, ýöne onuň maksady bizi gyzyklandyrmak däldi. Wakalaryň hemmesiniň düýp özeni, aýratynam, kyn wagtlarda şol bir zat bolýardy: biz nirede bolsak-da, Hudaý bizi mydama synlaýar, Ol biziň eden zatlarymyzyň hemmesini görýär. Ejem biziň muny bilmegimizi we dogry durmuşda ýaşamagymyzy isleýärdi.

Sürgünlikde biziň durmuşymyz örän agyr boldy. Kakam biziň betbagtçylygymyzyň hemmesinde ejemi günäkärleýärdi, sebäbi ol jenaýatçyny öýe salypdy. Ýöne ejem mydama: “Biz nädip bu ýere Hytaýdan gelen garyplardan we mätäçlerden ýüz öwrüp bileris? Mesihiler bolan biz nädip beýle edip bileris? Bu Hudaýyň beren synagy bolup biler. Biz her bir pursatda imanda

ýöremelidiris we onuň yraň atmagyna ýol bermeli däldiris” — diýýärdi. Kakam munuň bilen ylalaşýan bolsa-da, biziň şol wagtky ýagdaýymyzdan nägiledi.

Şeýle-de bolsa, ejem mydama iman boýunça ýaşaýardy. Ol açlara we garyplara duýgudaşlyk bildirýärdi, elinde bar bolan azajyk zadyny-da olar bilen paýlaşýardy. Ol mydama adamlara ünslüdi we sahydy. Şol kyn döwürlerde ejem biziň hemmämiz — kakam, men, doganlarym — üçin goldaw hem daýanç bolupdy.

Kakam stres geçirip, çalaja gaharlanyp we jedelleşip başlanda, ejemiň özüni alyp barşy ýekeje-de üýtgemeýärdi. Ol her bir kynçylygy ýylgyrmak bilen ýeňýärdi. Ejem gysga boýludygyna garamazdan hiç zatdan gorkmaýardy. “Men nämeden gorkaýyn, Hudaý meniň tarapymda, Ol hatda iň kyn pursatlarda-da bize ýol tapyp berer. Ol biziň meselelerimiziň hemmesini çözer. Kynçylyklarda ünsiňi jemlemek nämä gerek?” — diýip, ol köp gaýtalaýardy. Hytaýdan Demirgazyk Koreýa geçende (bu döwlet serhedinden bikanun geçmek bolýardy), ol asla dowla düşmedi-de, özüni Hudaýyň gorajakdygyna ýürekden ynandy.

Üstesine-de, ejem juda pähimli aýaldy. Ony hatda Demirgazyk Koreýadaky hususy telekeçiligiň pioneri diýip atlandyrmagam bolýardy. Ol muny hiç haçanam öwrenmändi. Mätäçlik onuň üçin iň gowy mugallymy bolupdy. Hudaýyň Özi oňa halypalyk edipdi. Indi jikme-jik gürrüň bermäge rugsat ediň.

Bizi oba hojalyk işini etmek üçin uzakdaky oba sürgün edenlerinde, ejem çagalara seredýärdi, kakam bolsa, fabrikde we oba hojalyk meýdanlarynda işleýärdi. Ejem ýene üç çagany dünýä inderdi, şonuň üçin biz fermadan giden wagtymyzda, biziň maşgalamyzda alty çaga bardy. Kakamyň fiziki zähmet bilen meşgullanýandygy sebäpli, biz döwletden azyk paýyny alýardyk, ýöne biz bir gezek kanun bozan immigrant bolanymyz üçin hiç haçan özümiziň almaly paýymyzy doly almaýardyk. Adaty norma gün içinde 700 gramdan ybaratdy, ýöne biz bary-ýogy 550 gram — kadaly ýaşaýşy saklamak üçin zerur bolanyndan-da az —

alýardyk. Galan bölegini, her bir maşgalanyň öz tüwi paýyndan bir bölegini “harby fonda” “sadaka bermegini” talap edýän döwlet özüne alýardy.

Netijede ejem, biziň bilşimize görä, kommunistik Demirgazyk Koreýada ozal hiç kimiň etmedik zadyny etdi. Ol çörek satma ulgamynda hususy telekeçi boldy. Ol çörek bişirmekde, telekeçiligi alyp barmakda hiç zadam bilmeýärdi. Ol diňe öz çagalarynyň sagdyn bolmalydygyny we bu ýagşy maksadyna ýetmekde özüni Hudaýyň gönükdirjekdigini we gorajakdygyny bilýärdi.

Elbetde, kommunistik ýurtda hususy söwda kanuna garşy zatdy, ýöne ejem döwletiň doly ýardam bermeginde onuň bilen meşgullanmagyň usulyny tapdy. Demirgazyk Koreýada senagat-azyk bazasynyň müdiri birnäçe döwlet restoranlaryna ýolbaşçylyk edýär. Ejem şonuň ýaly müdirleriň biri bilen şertnama baglaşýar. Şertnama laýyklykda ejem bişiren zatlaryň hemmesiniň satylyşy hakda habar bermelidi we gazanan pulunyň ýarymyny restorana berip, ikinji bölegini özüne galdyrmalydy. Şeýdip, hemmeler — döwlet, müdir we ejemiň açlykdan ölmedik çagalary — utuşly bolupdylar. Eger ýagdaýlary hasaba alsaň, biz doly derejede sagdyn bolup ösdük.

Ol çörek bişirmekde üstünlik gazanypdy. Ol mekgejöwen unundan hamyr edende, oňa 5 göterim bugdaý ununy-da goşýardy, şonda çörek örän tagamly bolýardy. Ol ozal çörek bişirmegi hiç ýerde-de öwrenmändi, şonuň üçin özüniň reseptini we bişiriş tehnologiýasyny döredipdi: ol ony çoýun saçda bişirýärdi. Restoranyň käbir müşderileri ejemiň tegelek çöreginden on sanydan sargyt edýärdiler!

Ýigrimi ýyl geçenden soň, ejemde öňki peýda bolan telekeçilik damarjyklary halas ediji bolup çykdy. 90-njy ýyllarda döwletiň berýän azyk paýlary doly ýok boldy, döwletiň hususy söwdagärleri tutma islegi we höwesi diňe artdy. Raýatlara diňe özleri üçin ýetişdiren ýa-da ýygnan zatlaryny — mysal üçin, ýorunja, taýaklar ýa-da susguç ýaly zatlaryny satmaga rugsat edilýärdi. Eger satyjynyň

geýim, köwüş ýa-da çörek satanynyň üsti açylaýsa, ony döwlet ätiýaçlyklaryny ogurlamakda aýyplap tussag edýärdiler.

Şonuň üçin ejem duýgurlyga ýüz tutmaly boldy, ýa-da eger takygrak beýan etsek, özüniň doga etmek arkaly Hudaýdan alan akyldarlygyna ýüzlendi. Ýogsam oňa seredeninde hiç kimem onuň doga edýänini bilip bilmeýärdi, sebäbi Demirgazyk koreýaly mesihilerde siziň edişiňiz ýaly, başyny aşak egip, gözlerini ýumup doga etmäge mümkinçiligi ýok. Eger olar beýleki ýurtlardaky mesihileriň doga edişi ýaly edip doga etseler, onda türmelere ýa-da konslagerlere düşýärler. Şonuň üçin, meniň gijäniň içinde oýanan wagtymda gören doga etmelerim şeýledi — ejem uzak wagtyň dowamynda sesini çykarman we gymyldaman oturýardy-da, öz kakasyna köp gezekler ýüzlenen Hudaýyň sesine diň salýardy.

Şeýdip, Hytaýdan import harytlary alyp, olary goňşulara satma pikiri onuň kellesine geldi. Işiň bu täze görnüşi bikanun däldi, galyberse-de, biziň özümiz Hytaýdandyk we ol ýerde köp sanly garyndaşlarymyz galypdy. Üstesine-de, garyndaşlaryňyzyň size Hytaýdan iberen zatlaryny satmagy gadagan edýän kanun ýokdy.

Başga-da köp adamlar hytaý harytlaryny satma bilen meşgullanýan bolsalar-da, goňşular diňe bizden satyn alýardylar. Üstesine-de, ejem has aşak bahadan satmak bilen täze alyjylary özüne çekýärdi, sebäbi biz harytlary göni garyndaşlarymyzdan alýardyk.

Şol wagt Demirgazyk Koreýada täze syýasat girizildi, Kim Çen Iriň özi onuň başyny başlan adamdy. Hormatly lider döwletiň indi azyk paýlaryny bermeýändigini yglan edipdi. Munuň deregine, şundan beýläk raýatlar özlerini özleri üpjün etmelidiler. Adamlar nähili hem bolsa bir ýol bilen özleriniň azyga bolan talaplaryny özbaşdak kanagatlandyrmalydylar, munuň bilen birlikde olar ulag hem ýangyç üçin hem pul gazanmalydylar.

Bagtymyza meniň ejem bilen kakam wakalaryň şunuň ýaly öwrülmesine gowy taýýarlyklydylar. Biziň immigrantlar bolandygymyz hakykydy, bu hem Demirgazyk Koreýada bütin ömrümize ähli betbagtçylyklarymyzyň esasy çeşmesi bolupdy,

ýöne ol ahyrsoňy bize peýda getirdi, sebäbi meniň ejem bilen kakamda aýratyn ukyplar bardy; olar hytaý dilini raýatlaryň az bilýän ýurdunda hytaý dilinde gaty gowy gürleýärdiler. Ejemiň bir köne dosty bardy, onuň ogly söwda kompaniýasyna ýolbaşçylyk edýärdi, şonuň üçin olar meniň kakam olarda terjimeçi bolup işlär diýen umyt bilen bize ýüz tutdular. Ejem bilen kakam hytaý dilinde gürrüň beren degişmeleri bilen güldürip, bu maşgalada gowy täsir galdyrýarlar. Iň wajyp zady-da, olaryň meniň ejem bilen kakama teklip edýän işlerinde hiç hili kanuna garşy zadyň ýokdugyny düşündiripdirler. Şeýdip, işler ugruna bolýar; 1990-njy ýyllaryň başlarynda kakama işe ýerleşendigi baradaky şertnamany berýärler, soň ejem bilen kakam Hytaý bilen Demirgazyk Koreýanyň serhedindäki şähere göçdüler. Biziň maşgalamyzy, şeýle hem, başga adamlaryň janlaryny süýşüp gelýän açlykdan halas etmek üçin bu diýseň öz wagtynda edilen iş boldy. Babamyň taryhy gaýtalandy, ýöne indi biziň özümiz onuň esasy gahrymanlary bolduk!

Söwda kompaniýasyndaky terjimeçilik işi kakama Demirgazyk Koreýadan çykmaga we kompaniýanyň hyzmatdaşlary üçin okuw geçirme maksady bilen ýene yzyna gelmäge diýseň gowy mümkinçiligi berdi. Şu sebäbe görä-de, ýokary derejedäki adamlar ol hakda položitel seslenip başladylar. Ony mydama ejem ugrukdyryp durdy. Öz gazanan serişdeleriniň aglaba bölegini bize, çagalaryna goýbermegi oňa ejem maslahat berdi.

Maksat maşgalamyzyň baýamagynda jemlenen däldi. Mydama bolşy ýaly, ejem garyplara kömek etmek hakda pikir edýärdi. Ol açlyk hem görgi şertlerinde ölmän galmaga dyrjaşýan Demirgazyk koreýalylara kömek etdi. Bu 1995-nji ýylda başlanyp, “Kyn ýöriş” diýip atlandyrylan — deňi-taýy bolmadyk açlyk hem görgüler döwri başlanmazyndan öň bolupdy. Ejemiň töweregindäkilere kömek etmäge taýýardygy bilen meşhur bolandygy sebäpli, oňa köplenç ýetimler pul soramak bilen ýüzlenýärdiler. Ejem mydama olara elinden gelen kömegini edýärdi. Tizara biziň öýümize kömege

we iýmite mätäç adamlaryň akymy akyp gelip başlady. Düzgüni bozýanlary gizleýändigi üçin ejemde kanun bilen meseläniň ýüze çykmagyndan käbirimiz howatyr edýän bolsak-da, ejem hiç haçan arz etmeýärdi. Ýöne ol bizi ýazgarýardy: "Siz nähili pikir edýärsiňiz, bize abadançylygy almaga kim kömek etdi? Biz hemme zatda Hudaýa borçludyrys. Bizdäki bar zatlaryň hemmesini bize Hudaý berdi".

Maşgala üçin şeýle aňsat bolmadyk döwürde bu sözleri gaýtalamak bilen ol biziň gözlerimizi mydama Hudaýa gönükdirýärdi. Muňa meniň kiçi inimden başga hiç kimem şeýle güýçli mätäç däldi. Kömek sorap ýüz tutanlar ejem bilen kakamy köp gezek aldadylar, şonuň üçin inim nägilelik bildirip başlady, hatda ejeme haýbat hem atdy. Ejem maňa başgaça seredýärdi, sebäbi men özümi onuňky ýaly alyp barmaýardym.

Şol wagt ejem mätäçleri kakam ikisiniň öýümizde naharlany ýeterlik däl diýen karara geldi we mundan beýläkki kömegi almak üçin hytaý ýygnaklaryna ugratma kararyna geldi. Ol ýetimlere Hytaýa baryp, ýokarsynda haç duran jaýy tapmagy maslahat berdi. "Özüň Demirgazyk Koreýadandygyňy aýt we ýygnak binasynda ýaşatmaklaryny haýyş et" — diýip, ol maslahat berdi, sebäbi mesihileriň mätäçleri kabul edýändiklerini bilýärdi. Ejemiň töweregindäki bütin dünýä açlykdan ölüp barýarka, onuň öz güni-de öwerli dälkä, ol — Demirgazyk koreýalylary hytaý ýygnaklaryna ibermek bilen — öz-özüni howp astyna salýardy. Ol, aýratynam, owadan gyzlary köp alada edýärdi. Hytaýda aýallaryň ýetmezçilik etmegi we güýçli açlykdan ýaňa olaryň doly ruhdan düşendigi sebäpli, olary jyns gulçulygyň pidalary etmekleri mümkindi. Şonuň üçin ejem mydama olara Hytaýa baryp, ol ýerde ýokarsy haçly jaýy tapmagy, durmuşa çykmagy we ýygnaga yzygiderli gatnamagy dowam etmegi maslahat berýärdi.

Hatda garran wagtynda-da ejemiň saglygynda mesele ýokdy. Onuň gartaşan ýaşynda bolsa-da, görme we eşitme ukyby erbetleşmändi. Bir ses — onuň kakasynyň eşiden we özüniň hem

eşitmek islän sesi — onuň bilen gürleşmegini bes etmedi. Hudaýyň onuň bilen babam bilen gürleşişi ýaly gürleşen gürleşmänini men bilmeýärin, ýöne bir zady bilýärin: ol babamyň hiç haçan etmedik zadyny etdi — Hoş Habary Demirgazyk koreýalylaryň uly toparyna wagyz etdi.

Onuň wagyz edýän Hoş Habary diňe garyndaşlaryna hem ýakynlaryna baryp ýetmedi. Soňunyň golaýlaşyp gelýänini duýýany üçin ol özüne duş gelen Demirgazyk koreýalyny Mesihe bolan imana getirmek üçin has-da köp tagallalar edip başlady. Üstesine-de, ol Hytaýa gidip, ol ýerden täze imana gelenler üçin mesihilik materiallaryny alyp, olary kontrabanda ýoly bilen Demirgazyk Koreýa getirýär. Adatça olar gizläp bolar ýaly edilip taýýarlanylan eliň aýasy ýaly kitapjyklardy, ýöne barybir munuň ýaly materiallary kontrabanda bilen getirmeklik juda töwekgelçilikli işdi. Ejem olary polietilen paketlere dolap, barlanylan ýagdaýynda tapmak kynrak bolar ýaly, dürli ýerlerde gizleýärdi.

Häzir öz ýazan zatlarymy okanymda, haýran galmagy bes etmeýärin. Men size ejemiň eden zatlarynyň näderejede mümkin bolmadyk zatlar bolandygyny düşündirmek isleýärin, ýöne ejem bu zatlary asla gorkusyz etdi. Ol hatda goňşularymyza-da wagyz etdi. Bu Demirgazyk Koreýa üçin akla sygjak zat däldi! Goňşusyna wagyz etmäge hiç kimiňem bogny ysmaýar — munuň üçin abanýan howp juda uludy. Demirgazyk koreýalylar töwereginde bolýan zatlaryň hemmesini habar bermäge borçludylar ahyry. Adamlar kimiň habarçydygyny bilmäge synanyşyp, biri-birlerini synlap ýörýärler. Isa Öz adynyň hatyrasyna iki ýa-da üç adamyň ýygnanyşan ýerinde, Özüniň hem bolýandygyny aýdypdy. Ýöne Demirgazyk Koreýada iki ýa-da üç adam bir ýerde ýygnanyşsa-da, beýlekiniň niýetlerine şübhelenip, biri-birine mydama müňkür bolýarlar we olaryň haýsysynyň häkimiýete ýetirýänini çak edip ýörýärler. Munuň ýaly şertlerde nädip wagyz edip bolar?

Şeýle-de bolsa, ejem mydama wagyz edip ýörýärdi. Eger ýalňyşmaýan bolsam, onuň ýanyna dürli wagtlarda ýedi adam

gelýärdi. Ejem olary otaga alyp girýärdi-de, gapyny ýapyp, olar bilen bile täze imana gelenler üçin materiallary öwrenýärdi. Olar otagdan halas bolan adamlar bolup çykýardylar we öýden eýýäm imandaky doganlar bolup gidýärdiler. Bu örän ajaýyp zatdy! Ilki çörek bişirmek we satmak. Soň import harytlary satmak. Indi Hoş Habary wagyz etmek. Ejemiň Demirgazyk Koreýanyň durmuşyndaky şertlerde nähili batyr ýoly ilkinji geçen adam bolandygyny göz öňüne getirýärsiňizmi?

Ol mydama bize Hytaýa göçmegi maslahat berýärdi. Demirgazyk Koreýada meniň kiçi jigilerim mugallym bolup işleýärdiler. Demirgazyk Koreýada mugallym bolmagyň nähili kyndygyny size söz üsti bilen aýdyp ýetirip bolmaýar. Olarda her gezek nahar wagtynda şüle iýip, barybir açlygyna ýöremekden başga alaç ýokdy. Üstesine-de, dolulygyna we durşuna Kim Ir Seni we Kim Çen Iri şöhratlandyrmanyň we olara sežde etmäniň esasynda gurlan bilim ulgamynda işleýän gizlin mesihini siz göz öňüne getirip bilýärsiňizmi?

Ýöne meniň uýam we gelnimiz gorkudan ýaňa ysmaz bolan ýalydylar, şonuň üçin nämedir bir zat etmekden gorkardylar. Olaryň pikiriçe, biziň meselelerimiziň hemmesini çözmek üçin ejemi häkimiýete tabyn bolmaga yrmak gerekdi. Eger ony mesihilik işiniň üstünde tutsalar, onda onuň eden “jenaýaty” üçin biziň hemmämizi konslagere iberýärdiler. Şonuň üçin uýam bilen gelnimiz ejemiň hemme zady boýun alyp, maşgalanyň beýleki agzalaryny jogapkärçilikden azat etmegini isleýärdiler. Emma ejem mizemezdi. Ol: “Tizara ahyrzaman bolýar. Şol wagta çenli maňa Hudaýyň ýanyna mümkin boldugyça köp adam getirmek gerek. Şonuň üçin menden tabyn bolmagymy sorap hem oturmaň” — diýýärdi.

Ejem indiki gezek Hytaýa göçmegi maslahat berende, men bu barada çynym bilen pikirlendim. Wagt geçýärdi, menem imanda berkedim. Demirgazyk Koreýa jemgyýetiniň butparazlygy meni hemme zatdan-da beter biynjalyk edýärdi. Biz munuň ýaly şertlerde

nädip Hudaýa sežde edip we Onuň On tabşyrygyny ýerine ýetirip bildikkäk? Şol arada "başgaça pikir etmelere" garşy göreşmek barada has-da köp kanunlar çykarylýardy.

Aýallara diňe ýubka geýmäge rugsat edilýärdi. Olaryň köwüşleriniň ökjeleri 5 sm-den ýokary bolmaly däldi. Ýüzüne iňlis dilindäki sözler ýazylan geýimleri geýmek gadagandy. Uzyn saçly bolup ýörmeklik kanun tarapyndan jezalandyrylýardy. Döwlet indi bizi elektroenergiýa, azyk paýlary bilen üpjün etmeýärdi we demirýol transportynyň hyzmatyny bermeýärdi.

Bular diňe belli bir oňaýsyzlyklar däldi: bir gezek jalbar geýeni üçin biziň gyzymyzy köçede tutup, uzakly gije sorag etdiler. Ilki biz onuň nirededigini bilmedik, şonuň üçin oňa kömek edip bilmedik. Meniň geçmişim zerarly, biziň şeýle-de häkimiýetiň ýiti ünsi astynda durandygymyz sebäpli, her çykarylan täze kanun biziň maşgalamyzyň agzalaryny barlamaga we saklamaga nobatdaky sebäbi berýärdi. Biziň daşymyzdaky halka rehimsizlik bilen basym gysylýardy. Ejemi tutup, ony biziň bütin maşgalamyz bilen bile Demirgazyk Koreýanyň konsentrasion lagerleriniň birine taşlamaklary üçin ýene näçe gün, hepde ýa-da aý geçmeli?

Ýöne bu meniň ýurtdan gitme kararyna gelmegimiň esasy sebäbi däldi. Meniň ýatlamalarym hem munuň bir sebäbidi. Çagalykda ejem babam bilen gezelenç edende we ol: "Sen hakykatdan hem, Hudaýyň sesini eşitdiňmi?" — diýip soranda, onuň ýanynda bolanym ýadyma düşdi. Ejem Hudaýyň sesini eşitmek üçin, şeýle çuň imanly bolmagy nähili isleýärdi! Indi ol asla gorkmazdan, tygyň üstünde ýöräp, Hudaýyň Sözüni yglan edip ýör. Bu ýapon esgerleriniň ýoluny saklap, ýygnak binasynyň gapysynda duran babamy ýada salýardy. Indi ol babama juda meňzeş bolupdy.

Menmi? Durmuşymdaky iň wajyp karara gelmegiň bosagasynda durup, Hudaýyň obany halas etmek üçin ondan gitmeklige babamy çagyranyny ýada salýardym. Olaryň taglymatynyň, göreldesiniň kömegi bilen we Hudaýyň merhemeti boýunça menem olar ýaly

bolupdym. Men hemme zady terk edip, özüme gymmat bolan zady we özümiň ýekelikde halas edip bilmejek zadymy halas etmek üçin Hudaýyň yzyna düşüp biljekdim. Şonuň üçin men Demirgazyk Koreýany terk edip, diňe bir Hytaýa barman, eýsem, ondan-da aňra — Günorta Koreýa hem geçme kararyna geldim. Hudaýyň merhemeti bilen günleriň birinde özümiziň bütin halkymyzy halas etme umydy bilen bütin maşgalamyza ýol taýýarlamaga taýýar boldum.

Derýadan geçip, Hytaýa gitmezimiň öň ýanynda yzyma öwrülen pursatymda ejem maňa bary-ýogy bir nesihaty berdi.

“Imanyňy sakla!”

## 4-NJI BAP

# Aýaly — desant

*Hanym Be*

Meniň kakam häkimiýetiň ýanyndaky kärhanalaryň inspektory bolup işledi, ejemem döwlet işgäridi. Dogrymy aýtsam, çagalykda syýasat barada hiç zadam bilmeýärdim. Ýöne men biziň maşgalamyzda dogruçyllyk hem edeplilik dessurynyň güýçlüdigini bilýärdim. Yza nazar aýlanymyzda, adamym ikimiz meniň ene-atamyň syýasatdan we erbetliklerden daşda durmak, şol bir wagtyň özünde-de, häkimiýetiň nazarynda gowy hasapda bolmak barada az bilmändiklerini görýäris.

Meniň ene-atam kanuny berjaý edýärdiler, ýöne olar muny kanundan gorkýandyklary üçin etmeýärdiler. Ykdysadyýet ulgamynda işlänlerinde, olar bu ulgama degişli bolanlaryň köpüsiniň edişleri ýaly, hiç zat ogurlamaýardylar we gara bazarda satmaýardylar. Gaýtam, her bir boş minudynda iş wagtyndan daşary işleýärdiler. Kakam gije sagat 3-de, özüniň esasy işinden öň, ekinde işlemek üçin çykýardy. Ejem bilen enem bolsa, tikin hem dokma bilen goşmaça meşgullanýardylar. Netijede biziň maşgalamyz on iki adamdan ybarat bolsa-da, bizde hiç haçan iýmit ýetmezçiligi bolmaýardy, şonuň üçin biziň abadançylygymyza goňşularymyzyň gözleri gidýärdi. Biz gowy iýýärdik, gowy geýinýärdik we oňaýlyklary bolan şertlerde ýaşaýardyk. 1969-njy ýylda men mekdebe gidenimde, bilim hemmeler üçin mugt boldy.

Çaga wagtymyzda men we doganlarym gowy terbiýäni başlangyç mekdepde däl-de, öýde aldyk. Ene-atamyzyň ýaşaýyşlaryny synlamak bilen biz olaryň göreldeleri esasynda

hemme zady öwrendik. Mekdepdäki etiki okuwyň bar meýilnamasy çaganyň gowy endikleri ýerine ýetirmeginde, birine duş gelende salam bermeginde we gitjek bolanda sagbollaşmagynda, ogurlyk etmezliginde we ş.m. jemlenendi. Ýöne ene-atamyz bizi başgaça terbiýeledi. Olar bize başgalara zyýan ýetirmezligi, adamyň arkasyndan erbet zatlary aýtmazlygy öwretdiler.

Ene-atamyzyň ahlak standartlary mekdebiňkiden has ýokarydy. Olar: “Eger iýmitiňiziň hemmesini özüňiz iýseňiz, onda ony başgalar bilen paýlaşyp bilmersiňiz” — diýýärdiler. Ene-atamyz, şeýle hem, elimizdäkini töweregimizdäkiler bilen paýlaşanymyzda, ýeterlik derejede bermegimiziň zerurdygyny bize öwredýärdiler. Adatça adamlar iýmitini ýanyndakylar bilen paýlaşanlarynda, örän ujypsyzja — bu sahylygy öz hyzmatynyň sanawyna ýazylar ýaly derejede berýärler. Meniň ene-atam başgaçady. Olar *sonpýon* (ýarym aý şekilindäki tüwüli somsa) taýýarlanlarynda, olar ony diňe bir gaty tagamly etmek bilen çäklenmän, eýsem maşgalamyz üçin zerur bolanyndan hem artyk edýärdiler. Şeýlelikde, her kim öz paýyny alýardy we goňşularymyza-da hödür etmäge galýardy. Meniň ene-atam olaryň doly derejede tüwüli somsadan lezzet almaklaryny isleýärdiler. Bize şeýdip öwretdiler.

Biz ummanyň golaýynda ýaşaýardyk. Käwagt ejem bilen kakam işden soň öýe balyk we deňiz önümlerini alyp gelýärdiler. Olar mydama bize getirilen zatlaryň bir bölegini goňşulara bermelidigini öwredýärdiler. Şonda ejem biziň balygyň ulusyny ýa-da deňiz önümleriniň gowusyny bermegimize gözegçilik edýärdi.

Käwagt ol: “Sen munuň ýaly zady bermäge utanmalysyň! Gowuja balygy saýla” diýýärdi. Ine, ene-atamyz bize nähili görelde boldy. Olar maňa mekdepdäki mugallymlardan köp zat öwretdiler.

Meniň olaryň göreldesine eýerip öwrenendigim we olaryň akyldarlygy astynda bolandygym sebäpli meni mekdepde ýygy-ýygydan öwýärdiler. Bir gezek ikinji synpda okap ýörkäm, synpdaşlarym maňa üç sany ilikli we iki çyzykly abraýly nyşanyň we otrýadyň komandiriniň beýik adynyň berilmegi üçin ses berdiler.

Synp alty-ýedi adamdan ybarat böleklere bölündi. Her bölegiň başynda bir ýolbaşçy durýardy. Otrýadyň komandiri bolsa, elli alty okuwçydan ybarat bolan bütin synp üçin jogap berýärdi we tapawutlanan galstuk dakýardy.

Men ýazmagy beýlekilerden ir öwrendim. Inspektor bolany üçin kakam iş saparlaryna köp gidýärdi. Bir gezek ol sapardan öýe gelende, oturdy-da, meniň öý işini edişimi synlady. Men öz okan kitabym boýunça birnäçe sahypadan ybarat bolan beýannama ýazdym. Kakam: “Berekella. Sen teksti bary-ýogy ýekeje gezek okap, nädip beýle köp ýazyp bildiň?” — diýdi. Meniň ýatkeşligim gowy bolupdyr diýip pikir edýärin. Men tekstiň bir sahypasyny okap, soň ony ýatdan ýazyp biler ýaly ýagdaýda ýatda saklap bilýärdim. Aslynda, meniň ene-atamam gaty pähimli adamlardylar.

Maňa basym okamagy, owadan gürlemegi we sowatly ýazmagy öwretmediler, synp otrýadynyň komandiri bolanym üçin bu zatlaryň hemmesini özüm öwrendim. Demirgazyk Koreýada oratorlyk sungatynyň ýaryşlary köp geçirilýär. Menem şonuň ýaly ýaryşlara gatnaşdym-da, köp sanly baýraklary aldym. Meniň çykyşlarymyň atlary “Amerikalylaryň atlary”, “Amerikany jezalandyrmak”, “Amerika — Demirgazyk Koreýanyň ganym duşmany” we “Koreý urşy döwründe amerikalylaryň Demirgazyk Koreýa görkezen zalymlygy”.

Başlangyç synpdan başlap, bize döwletiň beýik ýolbaşçysy Kim Ir Sen barada gürrüň berýärdiler. Demirgazyk Koreýadaky bilim Beýik serdara wepalylykda terbiýelenmeklige esaslanan. Meniň mekdepde öwrenen ilkinji zadym bu: “Beýik serdar Kim Ir Sen sag bolsun!” — diýmeklikdi. Her bir sapagyň maksady biziň rewolýusiýanyň öňündäki borçlarymyzy öwrenmekdi. Biziň nämäni, koreý elipbiýini ýa-da arifmetikany öwrenýändigimize garamazdan, mekdep biliminiň wezipesi mydama Kim Ir Sene wepaly bolup galjak rewolýusiýa esgerlerini terbiýelemekde jemlenendi. Bize Kim Sen Iriň hudaýdygyny, onsuz biziň açlykdan öljekdigimizi, ýurdumyzyň üstüne çozjakdyklaryny we biziň Amerikanyň ýa-da

Ýaponiýanyň gullary bolup galjakdygymyzy öwretdiler. Halkymyzy we beýik Kim Ir Seni goramak üçin bize mekdepde gowy okamak we ony tamamlanymyzdan soň, ýadaman işlemek zerurdy. Biziň bilimimiziň esasy maksady şunda hem jemlenendi. Rewolýusiýanyň esgerleri bolanymyz üçin, biz peýdaly hem tejribeli bilimi almalydyk.

Men mekdepde iň wepaly hem yhlasly okuwçylaryň biridim. Başlangyç synplarda men — harby, şeýle hem, pioner we komsomol guramalarynyň — üç sany hormat hatyna mynasyp boldum. Meni mekdepdäki sekiz ýüz okuwçynyň içindäki iň gowy okuwçy hasap etdiler.

Men mesihilik gymmatlyklaryny yglan etmän ulaldym, ýöne bu meniň mesihilik hakda hiç haçan eşitmändigimi aňlatmaýardy. Meniň mekdep okuw kitaplarynyň birinde okan amerikaly missionerim hakyndaky taryh.

Bu waka dünýäde Koreý urşy hökmünde meşhur bolan azat edijilikli Watançylyk urşundan öň bolupdy. Wakada amerikan missioneriň öýünde işleýän aýalyň bolandygy aýdylýar. Ol aýalyň Bok-Nam atly ogly bar eken. Bok-Nam missioneriň öýüne ejesiniň ýanyna gelipdir. Öýüň töweregine haýat aýlanan eken, onuň aňyrsyna hem, howluda ösüp duran alma agajyndan bir alma düşüpdir. Bok-Nam almany ýerden galdyrýar, missioneriň ogly hem muny görýär-de, gidip kakasyna: “Kaka, Bok-Nam biziň almamyzy ogurlady” diýýär.

Missioner Bok-Namy içeri çekip salýar-da, onuň maňlaýyna “ogry” diýen sözi kislota bilen ýakyp ýazýar.

“Ýöne hakyky ogrynyň missioneriň özüniň bolandygy” kitapda aýdylýardy. Sadaja goýun maskasynyň astynda Demirgazyk Koreýa gelen ikiýüzli gizlenipdi. Şeýlelikde, kitap, missioneriň içki taýdan halal adam bolmandygyny aýdyp, sözüni jemleýärdi.

Isa Mesihe bolan imandan sowmak maksady bilen döwlet missionerlere bolan ýigrenji bilgeşleýin wagyz edýärdi. Raýatlarynda ABŞ-a bolan ýigrenji döretmek üçin Demirgazyk Koreýanyň “azat edijilikli” urşy alyp barandygyna, bizi Hudaýdan ýüz öwürmäge

mejbur etmek üçin missioner baradaky taryhy oýlap tapandygyna men düşünýärdim.

Okuw kitabynda, şeýle hem, missioneriň Demirgazyk koreýalylara “bolgusyz” medeniýeti öwretmäge synanyşandygy-da aýdylýardy. Eger biri seniň dulugyňa ursa, oňa beýleki dulugyňy-da tutmagyň nähili akmaklykdygyny hem olar aýdýardylar. Olaryň sözlerine laýyklykda, munuň ýaly düzgünleri ýerine ýetirýän halk ölýärdi, missioneriň maksady şunda hem jemlenendi.

Şeýlelikde, her bir Demirgazyk koreýaly adama Kim Ir Sene we diňe oňa tagzym etmelidigi çagalykdan öwredilýärdi. Bizi başga hudaýyň ýokdugyna nähili ynandyrýardylar.

Demirgazyk Koreýada başlangyç mekdep dört ýyllyk. Başlangyç mekdepden soň çagalar orta mekdebe geçýärler. Orta mekdepde alty ýyl okalýar. Mekdepden öňki okuw başlangyç mekdepden bir ýyl öň elýeter bolup, ol hökmany däldir.

Okuwçylar on ýaşyna ýetenlerinde, olar pionerlige geçip, Koreýanyň çagalar Soýuzynyň agzalary bolup bilýärler. Galstuk pioneri tapawutlandyrýan alamat bolýar. Pionerlik guramasyna girmek üçin kasam kabul etmek gerek. Kasam kabul edenden soň, ýetişigi gowy bolan okuwçylar pioner galstugyny alýarlar. Men synpda pionerlige geçen we galstuk alan birinji okuwçydym — gyz üçin bu kiçi dereje däldi!

Başlangyç synpy gutaranymdan soň men orta mekdebe geçdim. Özümiň köp okaýandygym üçin orta mekdepde eslije üstünlikleri gazanýardym. Men yzagalak bolmagy gowy görmeýärdim. Yza nazar aýlanymda, özüme ýol açyp, üstünliklere ýetmäge mümkinçilik berýän akyldarlygy hem pähimi Hudaýyň Özi beripdir diýip pikir edýärin.

Men ýazyjylyk ussatlygyna gowuja eýe bolupdym. Meniň hatymam arassady, düzme ýazmagam maňa kyn bolmaýardy. Özümiň “Ýöriş güni” atly düzmämiň ýaryşda birinji ýeri alandygy gaty gowy ýadymda. Ol wagt uly oglan doganym eýýäm gutardyş synpynda okaýardy. Bir gezek ol maňa: “Mugallymyň seniň iň

gowy okuwçydygyňy aýdýar. Gel, barlap göreli, bu şeýlemikä?" — diýdi. Doganym dostlaryny ýygnady-da, soň sesli okap bermek üçin, menden bir zat ýazmagy haýyş etdi. Menem ýazdym.

"Oho! Sen dogrudanam gowy ekeniň!" — diýip, olar ykrar etdiler.

Biz fizikany, himiýany we biologiýany öwrendik. Okuwçylar jikme-jik laboratoriýa işlerini taýýarlaýardylar, mugallymlar bolsa, olaryň zähmetine baha berýärdiler. Baha bermeleriň netijelerine laýyklykda synaga diňe has ýokary talaplara jogap berýän okuwçylar goýberilýärdi, galanlary iş başynda galmaýardylar. Okuwçylaryň hemmesi muňa örän wajyp ýaryş hökmünde garaýardylar. Men synaga geçirilmäge rugsatnama almak üçin güýçli okaýardym we zähmet çekýärdim. Men öz işlerimiň mydama has professional derejede bolmagy üçin jan edýärdim. Ene-atalarynyň çagalaryna kömek ederden juda işlidikleri sebäpli, olary okuwçylaryň özleri özbaşdak ýazmaly we bezemeli bolýardylar. Bagtyma, men çagalykdan köp okaýardym, şonuň üçin işi nädip owadan edip bezemelidigini, daşky sahypany nähili etmelidigini bilýärdim. Meniň mekdep günleri baradaky iň gowy ýatlamalarym kitaplary okamak we okuw işlerini ýazmak bilen baglanyşyklydy.

Her bir ýaryşyň netijeleri mekdepde köpçüligiň öňünde yglan edilýärdi. Her gezek ikinji orny eýelänimde, gaty lapykeç bolýardym we gijelerine ýatyp bilmeýärdim. Birinji orny eýelänimde bolsa, rewolýusioner okuwçynyň ukusynda asuda uklaýardym.

Orta mekdepde hem men birinji synpdan üçünji synpa çenli otrýadyň komandiri boldum. Oglanlar meniň ýanymda özlerini oňaýsyz duýýardylar, sebäbi men az gürleýärdim, ýokary derejeli bilimim we liderlik häsiýetlerimde ýüze çykýan gowy ukyplarym bardy, şonuň üçin oratorlyk sungaty ýaly ýaryşlara köp gatnaşýardym. Aslynda, eger ýatlamaly bolsa, meniň ýanymda oglanlaram, gyzlaram özlerini oňaýsyz duýýardylar.

Şeýle-de bolsa, ene-atamyň terbiýesiniň arkasyndan ýüregi ýukadym. Biziň aramyzda asla okamaýan, şeýle hem, maşgalasyndaky kynçylyklar sebäpli, gowy okamaýan okuwçylar

bardy. Olaryň maşgalalary diňe azyk paýlaryna ýaşamaly bolýardylar, eger ene-atalary işlemeýän ýa-da syrkaw bolsalar, onda olar örän kynçylykda ýaşaýardylar. Otrýadyň komandiri bolanym üçin, men olara her dürli kömekleri etmäge çalyşýardym. Okuwçylaryň hemmesini toparlara bölenimde, yza galýan okuwçylary gowy okaýan okuwçylara berkidýärdim. Käwagt men öz synpymdaky okuwçylar üçin odun ýygýardym. Men, şeýle hem, kimde azajyk hem bolsa artykmaç serişdesi bar bolsa, olary eklenji pes bolan ýoldaşlarymyza sadaka bermeklige — mysal üçin, sowalga pullaryny mätäçlik çekýänler bilen paýlaşmaga çagyrýardym. Eger okuwçyda köwşi, depderi ýa-da galamy bolmasa, oňa özümiňkileri berýärdim ýa-da synpdaşlarymyzdan özlerindäkileri olar bilen paýlaşmaklaryny haýyş edýärdim. Nahar wagtynda men hemmeleri özleriniň iýmitini iýmitsizler bilen paýlaşmaga çagyrýardym.

Zadyňy başgalar bilen paýlaşmak ol wagtlar Demirgazyk Koreýada aňsat iş däldi. Aslynda gowy iş edýänler beýle bir köpem däldi, ýöne men şeýle edýärdim, sebäbi ene-atam meni şonuň ýaly terbiýeläpdi. Kakam maňa başgalara päk ýürekli bolmagy hem-de geçirimlilik bilen garamaklygy öwredipdi. Ol ýolda duş gelen adama — yzynda öküz idip barýan fermer bolsa-da — ilki bolup salam bermegi öwretdi. Kakamyň özüniň daýhanlara: “Dogan, sen nireden?” — diýip, nähili ýylylyk bilen salam berýändigini görýärdim. Biziň üçin ol mydama öýkünmäge görelde bolup durýardy. Biziň şäherimizde dürli fiziki ýetmezçilikleri bolup, jemgyýetde kemsitmelerden we jemgyýetiň äsgermezçilik etmesinden ejir çekýän adamlar bardy. Ýöne bu meniň ene-atamyň öýünde edilýän zat däldi. Olar gaty gowy nahar bişirýärdiler, maşgalada köp çaganyň bardygyna garamazdan, stoluň başynda şonuň ýaly aýratyn myhmanlar üçin mydama ýer tapylýardy.

Şu wagta çenli men diňe özümiň gowy edip bilen zatlarym hakda gürrüň berdim. Ýöne men bir sapakda — sapançadan ok atmakda — gowuja yza galýardym. Dördünji synpda men “Gyzyl gwardiýa” diýen harby gurama girdim. Häsiýetim boýunça men

örän çekinjeňdim. Gurama her gezek sapançanyň gulagyna basan badyna, göni almadan atyp bilýän okuwçylaram meniň bilen bile gatnaýardylar. Men bolsa, hatda nyşananyň özüne-de degrip atyp bilmeýärdim. Meniň atýan oklarymyň hemmesi nyşananyň ýanyndan geçip gidýärdi.

Ýöne men “oba hojalygyny söweşjeň berkitmek” diýilýän zady hemmesinden beter ýigrenýärdim. Birinji synpdan üçünji synpa çenli, bizi okuwdan soň meýdan işlerine alyp gidýärdiler. Dördünji synpda azyk önümlerini paýlama ulgamynyň çäklerinde hemmelere azyk kartoçkalary berilýärdi. Çagalar on bäş günlük ýa-da bir aýlyk kartoçkalary almak üçin ene-atalarynyň iş ýerine barýardylar, soň hem, özleriniň azyk paýlaryny almak üçin ferma gidýärdiler. Ulular adatça, esasy işiniň öň ýanynda ekin meýdanynda işlemäge ýetişmek, soň hem, özleriniň paýyny almak üçin daňdan sagat 5-de ekine çykýardylar, ýöne çagalar beýle ir çykyp bilmeýärdiler, sebäbi daşarda aýaz bolýardy. Hatda maý aýynda-da Demirgazyk Koreýada örän sowuk bolýardy. Ýagyş ýaganda ýa-da gaýly howa bolanda, çagalar üşäp işläp bilmeýärdiler.

Oba hojalyk meýdanlarynda her maşgala 3 km$^2$ ýer berkidilipdi. Biz uzakly gün şaly nahallaryny köwleýärdik-de, munuň üçin 0,5 ball alýardyk. Azyk almak üçin 1 ball zerur gerekdi. Şeýlelikde, göz öňüne getirip bir görüň, azyk paýyny gazanmak üçin 6 km$^2$ şaly nahalyny köwlemeli bolýardyk. Bu surnukdyryjy zähmetdi. Mundan başga-da, okamagam, ýaşlar guramasynyň işjeň agzasy bolmagam gerekdi. Bagtyma, men beýlekiler ýaly, beýle bir köp işlemeli bolmadym, sebäbi men maşgalada iň kiçisidim.

Ýazda biz otuz-kyrk günüň dowamynda özümiziň oba hojalyk ýerimizi otamaly bolýardyk. Güýzde bolsa, biz on bäş günüň dowamynda tüwi we mekgejöwen ýygnamaly bolýardyk. Şaly nahallary gögerip çykandan soň, olary eliň bilen gazyp, şaly meýdanyna ekip çykmalydy. Men bu işi ýigrenýärdim!

Orta mekdepde döwlete wepalylyk hemmetaraplaýyn binýat bolup durýardy. Bu zatlaryň hemmesiniň üstesine-de, her bir

okuwçy kösükli ekinleri ekip, her ýylda ondan 1 kg. az bolmadyk mukdarda tabşyrmalydy. Biz, şeýle hem, tabşyrmak üçin demir, aýna we çüýşe ýygnaýardyk.

Towşan derilerini tabşyrmak okuwçylar üçin iň kyn ýumuşlaryň biri bolup durýardy. Biziň her birimiz öýde towşan ýetişdirip, ony iýmelidik we derisini tabşyrmalydyk. Ýöne mesele ony meniň özümiň ulaltmagymda jemlenendi. Men mundan ene-atama arz edýärdim, sebäbi doganlarym maňa kömek edip bilmeýärdi, sebäbi olaram özleriniň normasyny tabşyrmalydylar. Kiçi ölçegdäki derileri mekdepde kabul etmeýärdiler. Bu ýumuşlary ýerine ýetirmegi men asla halamaýardym.

Mekdep biziň ýygnan zatlarymyzyň hemmesini goşuna ýa-da gurluşyga goýberýärdi. Demirgazyk koreýaly okuwçylara mydama okuwyň wajyp roly oýnaýandygyny öwredýärdiler, ýöne oba hojalygyna goldaw bermek, kösükli ekinlerden normaňy ýetişdirmek, demir ýygnamak we towşan derilerini tabşyrmak hem wajypdy. Şeýlelikde, Demirgazyk koreýaly okuwçynyň durmuşy — bu hem akyl taýdan, hem fiziki taýdan mydamalyk zähmetdi.

Towşanlardan tapawutlylykda maňa diri galmak başartdy. Men hatda uniwersitete girmäge teklipnama hem aldym we şeýlelikde, soňrak ýokary okuw mekdebine okuwa girmek üçin mekdepden saýlanylan dört okuwçynyň biri boldum. Uniwersitetler özlerinde okap biljek dalaşgärleri saýlanlaryndan soň, harbylar galanlardan özlerine ýaranlary özleri üçin toplaýardylar. Bularyň ikisi tarapyndan hem saýlanmadyklar şahtalara ýa-da oba hojalyk işlerine alynýardy. Meniň döwrümde çagalar adatça öz ene-atalarynyň ýoly bilen gidýärdiler: eger ene-atasy ekin meýdanlarynda işlän bolsa, onda olaram olaryň yzlaryndan ýöreýärdiler. Eger ene-atasy şahtada işleýän bolsa, onda çagalary-da şahta gidýärdiler.

Men mekdepden uniwersitete girmek üçin teklipnama aldym, ýöne maňa goşuna gitmegi-de maslahat berdiler. Şonuň üçin men goşuna girmek üçin lukmançylyk barlaglaryndan geçdim we şol bir wagtyň özünde-de uniwersitete giriş synagyny tabşyrdym. Men

hem goşuna, hem uniwersitete okuwa girendigim barada hat aldym. Öz dostlarymyň köpüsiniň goşuna gidýänini görenimde, menem olar bilen bile gitmek isledim. Ýöne ene-atam garşy çykdylar: “Seniň oglan hem gyz doganlaryň goşunda gulluk edip ýörler. Saňa ol ýere gitmek nämä gerek?” Olar meniň mugallym bolmagymy islediler, sebäbi ýagyşda hem garda daşarda işlemek islemeýärdiler we köwüşleri-de mydama arassaja bolýardy.

Ýöne men tabyn bolmadym. Kakam iş saparyna ugramazynyň öň ýanynda, ene-atam adatça bile naharlanýardylar. Şonuň üçin bir gezek olar naharlanýan wagty gapyny giňden açyp, otaga girmäge we: “Bu öýde diňe reaksionerler ýaşaýar. Men goşuna gitjek-de, desant boljak! Soň hem meni hormat bilen ätiýaçlyga, batalýonyň komandiri wezipesine goýberýärler. Men size subut ederin! Men mümkin boldugyça basymrak goşuna gitmek isleýärin” — diýmäge het edip bildim. Mende ullakan gedemlik bardy.

Olar hiç zada düşünmän bir pursatlap doňan ýaly bolup durdular. Kakam özüne geleninden soň: “Sen goşuna gitmeýärsiň!” — diýip, çürt-kesik aýtdy. Olar mugallymçylyk işiniň maňa has gowy gabat gelýändigini nygtap aýtdylar. Şonuň üçin olaryň garşy çykmasy bilen mende uniwersitete girmekden başga alaç galmady.

Köp professorlar meniň hut öz kafedrasynda okamagymy islediler we: “Sen bizde okamaly!” — diýip ynandyrdylar. Maňa başlangyç mekdebiň, orta synplaryň mugallymy we pioner guramasynyň ýolbaşçysy bolmagy teklip etdiler. Şonuň ýaly ýolbaşçylaryň biri meniň ene-atam bilen habarlaşyp: “Siz öz gyzyňyzyň kim bolmagyny isleýärsiňiz?” — diýip sorapdyr. Ene-atam meniň hökman mugallymçylyk kärini almalydygymy aýdyp jogap beripdirler.

Özüm barada aýtsam, men mugallym bolmak islemeýärdim, şonuň üçin ene-atama garşy çykyp: “Men nädip kiçijik çagalar bilen meşgullanaýyn?” — diýdim. Ýöne olar diňe mugallymçylygyň arassaja, abraýly hem hormatly kärdigini gaýtaladylar. Şeýdip, meniň mugallymçylyk işim başlandy.

Meniň mugallym bolmagy islemezligimiň bir sebäbi, Demirgazyk Koreýada syýasy terbiýäniň — wagtyň geçmegi bilen ýüregiňe düşüp gidýän döwlete gündelik wepalylyk kasamynyň we şuňa meňzeş zatlaryň — mugallymçylygyň aýrylmaz bölegi bolup durýandygynda jemlenendi. Orta mekdebiň birinji synpyndan başlap, okuwçylar “biziň hormatly atamyz Kim Ir Sene” kasam aýtmaga borçludylar, diňe şondan soň sapaklar başlanýardy. Men synp otrýadynyň komandiri bolanymda, mydama gyzyl reňkli daşy bolan bukjany göterip ýörmeli bolýardym. Onuň birinji sahypasynda Kim Ir Sene wepalylyk kasamynyň teksti bardy, indiki sahypasynda bolsa ýene bir kasam bolup, onda: “Yhlasly okamaga we göreldeli pioner bolmaga kasam edýärin” — diýip ýazylgydy. Men her gün bu kasamlary aýtma wagtyny geçirýärdim. Şonuň üçin men ýokary okuw mekdebinde-de şu zatlary etmegi islemeýärdim.

Uniwersitetdäki okuw işjeň jemgyýetçilik işini hem göz öňünde tutýardy. Her dürli duşuşyklar we bütin günüň dowamyndaky köp sanly ýygnaklar, biziň durmuşyň ähli ulgamlarynda rewolýusiýanyň esgerleri bolup durýandygymyza mugallymlarymyzyň göz ýetirmekleri zerurdy. Kyrk bäş talypdan ybarat bolan toparlar her dürli çärelere gatnaşýardylar. Toparlaryň her birine talyplar birleşmesiniň wekili we mugallym ýolbaşçylyk edýärdi. Başda munuň ýaly toparlaýyn iş hepdede iki gün geçirilýärdi. Soň ony gündelik etdiler. Üstesine-de her aýda, her kwartalda we her ýylda geçirilmesi zerur bolan çärelerem bardy. Talyp bolanym üçin men gündelik hasabatlary, nutuklary ýazmaly bolýardym we meýilnamalary hem ýygnaklaryň gün tertibini düzmeli bolýardym. Men bu zatlary ýigrenýärdim, şonuň üçin hiç haçan hem talyplar birleşmesiniň ýolbaşçysy bolmajakdygyma özüme söz berdim.

Ýöne siziň eýýäm bilen bolmagyňyz mümkin, men barybir uniwersitetimiziň talyplar birleşmesiniň ýolbaşçysy boldum. Bu maňa asla ýaramaýardy. Her gün irden jemgyýetçilik işiniň meýilnamasyny gurnamak bilen baglanyşykly ýumuşlary ýerine ýetirmeli bolýardym. Her gün talyplaryň jemgyýetçilik durmuşynyň žurnalyna seretmeklik

meniň borjuma girýärdi, bu bolsa, okuwa asla wagt galdyrmaýardy. Beýleki talyplar okaýan wagtynda, men jemgyýetçilik durmuşy barada hasabat ýazmaly bolýardym, baha bermäni geçirýärdim we meýilnamalary işläp düzýärdim. Men bu dokumentleriň hemmesini uniwersitetler birleşmesi komitetine barlamaga bermelidim. Beýlekiler agşam sagat 6-da öýlerine gidenlerinde, men agşam ýarygijä golaý öýe gelýärdim. Netijede meniň köp wagtym bilim almagyň deregine, uniwersitetiň talyplar birleşmesiniň işine gidýärdi.

Bu zatlaryň hemmesiniň näderejede bolgusyzdygyny hiç kim göz öňüne-de getirip bilmeýärdi, şeýle-de bolsa, rewolýusiýanyň esgerleri bolmaklyk talyplar üçin esasy binýat bolup durýardy. Ahyr soňunda-da, onuň taryhyny ösdürme jogapkärçiligi biziň üstümize düşýärdi. Kommunizmiň we sosializmiň syýasatyny öwrenmek üçin biz ummasyz wagtymyzy sarp edýärdik, şonuň üçin ondan öwrener ýaly hiç zadam galmady. Biziň hemmämiz kommunistik partiýanyň mugallymlary we agzalary bolmak isleýärdik. Partiýa girmek üçin bolsa, ýöne bir towşan ulaldyp, onuň derisini alanyňdan has köp zat talap edilýärdi.

Ýokary bilim almanyň soňy golaýlaşyp başlady, men partiýanyň agzalygyny almagy niýet edindim. Men uniwersiteti tapawutlanyp gutardym, bu bolsa, meniň ýurduň iň gowy mekdebinde abraýly mugallymçylyk kärine dalaş edip biljekdigimi aňladýardy.

Ýöne Demirgazyk Koreýada hemme zat mydama partiýanyň, döwletiň we rewolýusiýanyň talaplaryna syrygýardy. Meniň aslymyň Demirgazyk hem Günorta Koreýalaryň serhedinde ýerleşýän obadan bolandygy sebäpli, bu meniň şol obanyň beýleki ýaşaýjylary ýaly, Watanyň öňünde aýratyn borjumyň bardygyny — harby taýýarlyk kursuny geçmelidigimi aňladýardy. Şonuň üçin meni garawulçylyk gullugyna, günortadan hüjüm etmek üçin örän oňaýly hasap edilýän dagy goramaklyga goýdular. Bagtyma mende gulluk wezipämi görkezýän gaty gowy dokumentimiň bolandygy sebäpli, okuwymy tizara gutarmak üçin uniwersitete gitmäge rugsat etdiler.

Okuwy gutaranymdan soň meni serhetden uzakda bolmadyk mekdebe işe goýdular. Mekdebiň howlusyndan demilitarizasion zonanyň tikenli simleri — Demirgazyk Koreýa bilen Günorta Koreýanyň arasynda bufer bolup hyzmat edýän ýer bölegi — görnüp durdy. Bu wagtyň bütin dowamynda bizi gülläp ösüş we abadançylyk baradaky wadalar bilen naharlaýardylar.

Ýöne Demirgazyk Koreýadaky (aýratynam, durmuşa çykmadyk, ýaş hem zehinli) mugallymlaryň durmuşy mydamalyk durnukly hem däldi. Tizara meni sekiz aýlyk başga mekdebe geçirdiler. Soň bolsa, düýbünden başga şähere geçirdiler. Ýöne hemme zat beýle bir erbedem däldi. Adamlaryň aglaba bölegi talyplyk ýyllary baradaky juda ýyly ýatlamalary ýatlarynda saklaýarlar. Belki, her gün olar agşam sagat on bire çenli her dürli ýygnaklaryň hasabatyny düzen däldirler we olary uniwersitetler birleşmesiniň komitetine barlamaga bermeli bolan däldirler. Şeýlelikde, ýaşlygymdaky iň bagtly ýatlamalaryň biri mugallymçylyk işimiň ýaňy başlan wagtlaryna degişlidi. Men güýçlüdim we köp sanly ösüşli maksatlarym bardy, şonuň üçin mugallymçylyk kärinde üstünliklere ýetip ugradym, şonuň üçin meniň işimiň netijeleri ýeterlik derejede ýokarydy. Awtoulagym bolmandygy sebäpli, men şäher merkezinden mekdebe barmak üçin 35 km. aralygy geçmeli bolýardym. Meni indi towşanlaryň derisini almaly bolmajakdygym hem begendirýärdi.

Serhet ýakasyndaky zonada ýerleşýän mekdep ýaryşlara gatnaşanynda, biziň komandamyz, okuwçylaryň sanynyň azlygy sebäpli, hiç haçan ýeňmeýärdi. Woleýbol, basketbol we gandbol ýaryşlary wagtynda men olara janköýerlik edip, sesim gyrylýança gygyrýardym.

Mundan başga-da, ol wagtlarda toparlaýyn gatnaşyklary talap etmeýän, saz gurallaryny çalmak ýa-da aýdym aýtmak ýaly, başga-da köp ýaryşlar geçirilýärdi. Men okuwçylara aýdym aýtmagy, baýan we akkordeon çalmagy öwredýärdim, ýöne hemme zatdan öňürti olara ýeňmegi öwredýärdim. Göwrüminiň kiçiligi sebäpli,

biziň mekdebimize ýokardan seretmeklerini men islemeýärdim, şonuň üçin okuwçylara: “Ýeňiň ýa-da ölüň! Diňe birinji orna ýetiň, ikinji ýer bolmaýar!” — diýýärdim. Bu ýatdan çykmajak wagt bolupdy.

Okuwçylarymyň gowy netijeleri bermekleri we gowy ýerleri gazanandyklary sebäpli, men meşhurlyk gazandym. Şol wagtlar, edil häzirki ýaly, okuwçylar üçin bolşy ýaly, mugallymlar üçin hem, köp sylaglar hem baýraklar bardy. Mekdep meniň adyma ýazylan on sany minnetdarlyk hatyny aldy. Bu meni örän abraýly mekdepde ýokary wezipä bellemeklerine ýardam etdi. Ol ýerde maňa mekdebe okuw jaýyna seýrek berilýän we şeýle islenilýän “göreldeli” ady berler ýaly etmeklik tabşyryldy. Ýöne bu maksada nähili ýetmelidigini maňa hiç kim öwretmedi, şonuň üçin hemme zady özbaşdak seljermeli, zerur bolan resminamalaryň hemmesini özbaşdak bezemeli boldum. Bu proses örän kyn bolup çykdy. Muňa gabat gelmek üçin köp ölçegler bardy, mysal üçin, okuwçylar näçe kitaby geçmeli, mekdepde haýsy dersler okadylmaly, mekdebiň meýilnamasy nähili bolmaly we ş.m.

Mekdepleriň “göreldeli” adyny almak üçin beren arzasy barada mydama harbylara habar berilýärdi. Eger olar haýsy hem bolsa bir mekdebiň arzasyny goldasalar, bu maglumat degişli welaýatyň döwlet apparatyna geçirilýärdi-de, oňa ýerli ýolbaşçylar seredýärdiler. Ýerli häkimiýet tarapyndan tassyklanylanyndan soň arzalar merkezi döwlet guramalaryna iberilýärdi. Ondan soň olara Kompartiýanyň üç agzadan ybarat bolan Merkezi Komiteti seredýärdi. Şeýdip, mekdebe “göreldeli”derejesi berleninde, bu onda ýurduň fiziki hem okuw derslerinde gowy üstünliklere ýeten, şeýle hem, ahlak meselelerinde örän gowy taýýarlanylan okuwçylarynyň okaýandyklaryny aňladýardy. Netijede munuň ýaly dereje okuwçylara bolşy ýaly, mugallymlara-da peýda getirýärdi, ýöne müdir mundan has uly peýda tapýardy.

Ýöne mekdebiň “göreldeli” derejesini almaklyga, müdire peýda almaklyga mümkinçilik beren “gara” zähmetiniň hemmesini eden

ýaşajyk mugallyma bolsa hiç zat berilmedi. Aslynda bu gaty bir beýle-de bolmady. Men aýaly bilen ýaňy-ýakynda aýrylyşandygyny we meniň bilen ýaşamak isleýändigini mydama gaýtalap ýöreýän 42 ýaşly müdiriň (asla gerek bolmadyk) işjeň ünsüni özüme çekdim. Ol eger özi bilen gijämi geçirsem, onda meniň uly arzuwymy ýerine ýetirjekdigine — Kommunistik partiýa girmegime ýardam etjekdigine söz berdi.

Ol wagt men ýigrimi bäş ýaşymdadym. Men mynasyp hormata ýetmek üçin, partiýanyň agzasy bolmagy diýseň isleýärdim. Ýöne mekdebiň ýolbaşçylary meniň partiýa girmegime päsgel berýärdiler, sebäbi partiýa giren badyma, meniň durmuşa çykjakdygymy, şeýdibem, mugallymçylyk işimiň gutarjakdygyny bilýärdiler. Şol sebäpden hem, olar müdir maňa şeýle gelşiksiz teklibi edýänçä, wagty çekip oturdylar.

Men, elbetde, onuň teklibini inkär etdim. Demirgazyk Koreýanyň sosial kadalaryna laýyklykda, men öz ýolbaşçymyň hereketleri hakda ejem bilen kakama aýdyp bilmedim, şonuň üçin haçan hem bolsa bir wagt partiýa girme arzuwymdan el çekip, durmuşa çykmak isleýändigimi, özem näçe basym bolsa, şonça-da gowudygyny olara aýtdym. “Saňa näme boldy? Ozal durmuşa çykmak barada gürrüň edenimizde, bu seniň gaharyňy getirýärdi-le” — diýip, olar haýran galdylar.

Şeýdip, men jenap Beýe durmuşa çykdym. Biz toý syýahatyna gitdik, soň men iki çagany dünýä inderdim. Men edil öz ene-atamyň öýündäki ýaly bagtly boldum. Ýöne şoňa çenli örän üstünlikli, pähimli we gaýratly bolandygyma garamazdan, çagalar doglanyndan soň mende galan zat — mydamalyk syrkawlyk boldy. Ejemiň, kakamyň doganlarymyň maňa nebisleri agyrdy. Olar meniň näme sebäpden syrkawlaýandygym baradaky soraglary özlerine berýärdiler we munuň ene-atamyň ýa-da biziň ata-babalarymyzyň eden näbelli günäleriniň netijeleri bolmagy mümkin diýip pikir etdiler. Meniň bütin endamym agyrydan ýaňa sorkuldaýardy, ýöne keselimiň belli bir ady ýokdy.

Adamym: “Kyn ýagdaýa düşeniňde, mydama elleriňi gowşuryp doga et” — diýýärdi. Bu sözleri aýdanda, ol “Reb” ýa-da “Hudaý” sözüni aýtmaýardy we doga etmegiň nämedigini, ony nähili etmelidigini düşündirmeýärdi. Ol diňe meniň nämedir bir zady nädogry edendigimi boýun almalydygymy aýdýardy. Dogrymy aýtsam, başda onuň maslahatlaryny gülkünç hasap edýärdim we ol bolgusyz gürleýär diýip pikir edýärdim. Men mydama syrkawlaýardym, ol bolsa, mydama ellerimi gowşuryp doga etmelidigimi aýdýardy. Ahyrsoňy onuň maslahatyna eýerme kararyna gelenimde, şypa aldym. Ýöne şypa almam hemişelik bolmady. Wagtyň geçmegi bilen men ýene syrkawladym (häzirem ýygy-ýygydan syrkawlaýaryn), ýöne şol wagtdan başlap, doga etmäge oýun bilen seretmedim.

Birinji gezek şypa alanymdan soň men käwagt Aýly gije daşary çykyp, ellerimi gowşuryp doga edýärdim. “Men näme üçin syrkawlaýarkam? Men güýjümde baryny edip, gowy adam bolmaga çalyşýaryn. Men näme sebäpden ýene syrkawlaýaryn? Sen maňa şypa berip bilýärsiňmi?” — diýip, men özüme näbelli bolan Şahsyýete ýüzlenýärdim. Käwagt şonuň ýaly dogadan soň men özümi gowy duýýardym.

Bir gezek adamym: “Günä etme” — diýdi. Men hatda günäniň nämediginem bilmeýärdim. Ol ýalanyň günädigini, adamlary ýigrenmegiň, ogurlyk etmäniň we zynahorlugyň günädigini maňa düşündirdi. Ýöne men zynahorlugyň hem nämedigini bilmeýärdim. Ol ýeresiň hem günädigini aýtdy. Ýöne bu düşünje-de maňa nätanyşdy. Men ondan munuň nämedigini soranymda, ol munuň içalylykdygyny aýtdy. Ol wagtlar men köp zady bilmeýärdim.

Men hatda özümiň birinji dogamy edýänçämem dogry durmuşda ýaşadym. Meniň göwnüme gökler meni synlaýan ýaly bolup görünýärdi, şonuň üçin kimdir birine gaharlanyp ýa-da birine gargap bilmeýärdim. Eger gaharlanyp, adamlara gargasam, onda munuň günä hasap ediljekmidigi maňa gyzykly boldy.

Nämedir bir zat satyn alanymda, maňa gaýtargyny bermelisinden köp berýän wagtlary-da bolýardy. Şonuň ýaly bolan ýagdaýda men

artykmajjyny mydama yzyna berýärdim. Demirgazyk koreýalylarda bu aňrybaş akmaklyk hasap edilýärdi. Ýöne men özümi başgaça hereket etmäge mejbur edip bilmeýärdim. Adamym maňa mydama erbet zatlary etmeli däldigini öwredýärdi, ýöne men muny etmek isläýenimde-de edip bilmeýärdim.

Är-aýal bile ýatsalar-da, çaga dünýä inderseler-de, terbiýeleseler-de, doga etseler-de, barybir aýaly adamsyndan: "Sen nämäni göz öňünde tutýarsyň? Men seniň aýdýan zatlaryň ýarymyna-da düşünip bilmeýärin" — diýip sorag berip biler ýaly derejede çynlakaý gürrüň etmeýändikleriniň size adaty däl ýaly bolup görünmegi mümkin. Ýöne Demirgazyk Koreýanyň maşgala durmuşynda-da dünýäniň beýleki böleginden tapawutlanýandygyny ýatda saklamak wajypdyr. Ärler bilen aýallar, hatda biri-biri bilen gürrüň edenlerinde-de, aňry ýany bilen seresap bolmaly bolýarlar. Olar iman ýaly çuň temalarda gürrüň eder ýaly derejede biri-birine ynanyp başlamazyndan öňürti köp ýyllar geçýär.

Adamymyň maňa aýdan birgeňsi zatlarynyň hemmesini hasaba alyp, özümiň oňa kömek etmegi we ony sylamagy nädip dowam etdirip bilendigimi menden köp soraýardylar. Ýöne men gowy terbiýelenendim. Men hiç haçan oňa, hatda dostlary sebäpli-de, yrsaramaýardym. Käwagt biz myhmanlara köpräk ýeter ýaly, bir käseden suw içýärdik we bir jamdan nahar iýýärdik. Men myhmanlara hödür etmegi mydama gowy görýärdim, şonuň üçin, olar öýlerine gidenlerinde, ýanlary bilen bir zatjyklar berip goýberýärdim. Şonuň üçin adamymyň dostlary meni gaty gowy sylaýardylar.

Ýöne Demirgazyk Koreýada, hatda öňden tanaýan dostlaryň bilen gatnaşyklaryňda hem, juda seresap bolmak gerek. Munuň adamymy diňe maslahata mätäç dostuna aýdan sözleri üçin tutup, türmä goýberişleri hakdaky berlen gürrüňlerden gowy görkezilşi ýokdur. Ol adam bize nädip bagtly ýaşaşmagyň başardýandygyny sorapdyr. Onuň aýaly bilen gatnaşyklary juda dartgynlydy. Ol adamda ýaşlykda gapdaldan gatnaşýany bolupdyr öýdýärin, şol

sebäpden hem, ýaşy geçdigiçe, aýaly oňa erbet darap başlapdyr, şonuň üçin ol adam dawalaşman nädip gowy ýaşaşmalydygyny bilmek isläpdir. Adamym: “Biziň dawalaşman ýaşaýandygymyzyň sebäbi, Hudaý biziň bilen” — diýip jogap berýär we oňa On tabşyrygyň düýp manysyny düşündirýär. Demirgazyk Koreýada bir ýylyň dowamynda resmi aýyplama çykarylman, sowuk poluň üstünde oturma özüňi sezewar etmek üçin şu ýeterlikdir.

Adamymyň tutulmagyna şol wagt Hudaýyň ýol berendiginiň sebäbi, Onuň maňa doga etmegi öwretmek isländiginde jemlenendir diýip pikir edýärin. Adamym türmede bir ýyldan gowrak wagtlap boldy, ýöne onuň bilen görüşmek üçin maşgalasyndan hiç kim syýasy howpsuzlygyň döwlet gullugyna barmady, ony gaýgy eden we aladasyny eden ýeke-täk adam men boldum.

Munuň ýaly perwaýsyzlygyň sebäbine düşünmän men gaýyneneme jaň etdim. Ýöne ol diňe elini salgap: “Adamlardan hiç kim ony halas edip bilmeýär. Bu ýerde adam alaçsyzdyr” — diýdi. Adamymyň aýal dogany-da şonuň ýaly diýdi. Olaryň sözleri meni doga etmelidigi baradaky pikirlere itekledi.

Meniň aslynda doga edip bilmegimiň özi haýran galdyryjy zatdy. Men doga etmegiň tertibini-de, düzgünini-de bilmeýärdim we öwredilmedik hem taýýarlanylmadyk imanly adamdym. Ýöne häzir men doga etmegiň düýp özeniniň Hudaýdan nämedir bir zat dilemek däldigine düşünýärin. Doga etmeklik, Hudaýyň seni gaty agyr ýagdaýdan çykarmagy üçin göni ýürekden çykýan yhlasly islege meňzeş zat diýip pikir edýärin. Şol wagtlar adamymy türmede öldürerler diýip, gaty güýçli gorkanym sebäpli, gijelerine ýatyp bilmänim, diňe ony nädip halas etmelidigimiň pikirini edendigim ýadyma düşýär. Men nähili doga etmelidigini bilmeýärdim, şonuň üçin diňe: “Eger Sen bar bolsaň, Hudaý, haýyş edýärin, bize kömek et. Haýyş edýärin, ony gora. Ýalbarýaryn, ol öýe gaýdyp geler ýaly et” — diýip gaýtalaýardym.

Adamym bir ýyldan gowrak wagtlap tussaglykda boldy, ýöne oňa barybir aýyplama ýöňkemediler. Ýöne ony atuwa höküm

etmeklige bu-da päsgel berip bilmeýärdi. Şeýle-de bolsa, ahyr netijesinde ony boşatdylar!

Adamymy azatlyga çykaranlaryndan soň bize gaýynenem geldi. Indi adamym öňki tussag adyny göterýändigi sebäpli, onuň gelmegi üçin resmi rugsatnama almaklyk bize has kyn boldy, sebäbi onuň gelmegi, hatda şübhe döredip hem bilýärdi. Şonuň üçin men onuň gelenine gaty begendim. Maňa onuň bilen köp zat hakda gürrüň etmek, özümi gyzyklandyrýan köp soraglara jogap almak gerekdi.

Men adamymy tussag edenlerinden soň dyngysyz doga edendigimi, öz pikirimçe, ony meniň dogalarym sebäpli çykarandyklaryny gaýyneneme aýtdym. Adamym bilen gaýynenem meniň sözlerimiň üstünden güldüler, sebäbi ol wagtlar men iman işlerine az düşünýärdim. Ýöne, barybir, men adamym onuň üçin meniň şeýle köp doga-dileg edenim üçin diridigine hem azatlykdadygyna ynanýaryn. Hudaý meniň dogalarymy eşitdi we maňa rehim etdi. Ýöne meniň sözlerime adamymyň uýasy ynandy, kem-kemden adamymyň özi-de ynandy. Şonda biz Hoş Habary wagyz edip başlamaly diýen netijä geldik.

Gaýynenem meniň mesihilik barada basymrak köp zat bilmegimi isledi, şonuň üçin, biz biri-birimizden uzakda ýaşaýan bolsak-da, ol biziň öýümize geldi. "Başda Hudaý gögi hem ýeri ýaratdy...". Ýarawsyzdygyma we özümi ýadaw duýýandygyma garamazdan, şonda gaýynenemden bilen zatlarym entegem meniň ýadymda. Ruhy bilimlere şeýle teşne bolandygym sebäpli, daňdan sagat üçe çenli ýatmaýandygymyza garamazdan, meniň asla ukym gelmeýärdi.

Gaýynenem gitjek wagtynda maňa otuz üç müň won goýdy. Otuz üç müň won — bu kän pul däldi, ýöne ol maňa hiç zat goýman gidip biljek däldigini aýtdy. Soň ol has gymmat zady berdi. Ol: "Men saňa ynanýaryn, şonuň üçin tizara ýene gelýärin" — diýdi. Onuň sözleriniň meniň üçin köp ähmiýeti bardy, aýratynam, Demirgazyk Koreýadaky durmuşyň kontekstinde.

Gaýynenem Demirgazyk Koreýa mesihilik kitaplaryny getirip bilmeýärdi, şeýle hem, olary ýurduň içinde aýlap bilmeýärdi, şonuň

üçin ol Hytaýyň demirgazyk-gündogaryndaky koreý-hytaý ýygnagyna baranda eşiden senalaryny we mesihilik aýdymlaryny ýat tutmaly bolupdyr. Ýöne ol maňa “Täze imana gelen üçin gollanma” atly kiçijik broşýurajyk getiripdir. Onuň daşynda gingko agajynyň suraty çekilipdir. Onuň aşagynda bolsa, daşyň üstünde Isa on iki şägirdi bilen otyr. Gaýynym ony maňa bermek üçin içki geýminiň içinde gizläp, kontrabanda ýoly bilen Demirgazyk Koreýa alyp gelipdir.

Gaýynym maňa senalary we mesihilik aýdymlaryny aýtmagy öwretdi. Mundan başga-da ol nädip toba etmelidigini we doga etmelidigini gürrüň berdi. Mundan soň onuň Hytaýa giden, soň hem tiz wagtdan gaýdyp gelip, bize gelýän wagtlary-da bolýardy. Käwagt onda şobada gelmäge wagty bolmaýardy. Ýöne her gezek täze senalary we aýdymlary öwreneninde, olary maňa öwretmek we maňa halypalyk etmek üçin, barybir, gelip gitmäge wagt tapýardy. Ol gaty gowy aýaldy!

Gaýynenem Hoş Habary maňa ýaňy düşündirip başlanda, imanym çyn ýürekden däldi diýip pikir edýärin. Ýöne men kimdir biriniň goragy astynda bolýandygymy duýýardym. Meniň durmuşym aňsat däldi, ýöne mydama daýanar ýaly kimdir biriniň bardygyny mydama duýýardym. Adamymy tussag edenlerinde bolsa, men daýanjymy ýitirdim. Bütin ömrüme hemme zada öz aklymyň, zehinimiň we liderlik häsiýetimiň arkasyndan ýetdim diýip pikir edýärdim. Ýöne munuň ýaly pikirler men Hudaýy bilmeýändigim sebäpli gelýärdi. Meniň alan bilimim çuçhe ýörelgelerine we pikirlerine esaslanýardy ahyry. Men Hoş Habary eşidenimde, durmuşda ýeten derejelerimiň hemmesini we gazanan zatlarymyň hemmesini Hudaýyň sowgat berendigine düşündim. Onsuz mende hiç zadam bolmazdy, ýeten derejelerimiň hemmesine Onuň kömegi bilen ýetipdim.

Adamymda hem edil şonuň ýaly ýagdaý boldy. Ol hatda türmeden çykandan soň hem hiç zat edip bilmedi. Tussaglykda ol diňe oturypdyr-da, aýaklaryndan peýdalanmandyr.

Bir gezek meni operasiýa etmeli boldular. Operasiýa edilýän ýere barýarkam, özümiň ölmejekdigime ynanýardym. Näme

üçindigini düşündirip biljek däl, ýöne mende berk ynam ýaşaýardy. Adamym şonda meniň üçin yhlasly doga edendigini aýtdy. Men: “Menem operasiýanyň şowly geçmegi üçin köp doga etdim. Men dogada, eger Hudaý bar bolsa, onda Onuň meniň ölmegime ýol bermejekdigini aýtdym” — diýip jogap berdim. Muňa adamym güldi. Bu meniň imana tarap barýan ilkinji ädimlerim bolupdy diýip pikir edýärin.

Bir gezek men gaýynenemiň erkek doganynyň öýüne bardym. Onuň ogly institutda mugallymdy. Onda men bir kitap gördüm. Ol ensiklopediýa meňzeş galyň bir kitapdy, onda Hudaý barada köp maglumatlar bardy. Şol kitapda beýan edilýän zatlar bilen gaýynymdan bilen zatlarymyň arasynda örän az tapawut bardy. Kitap maňa Adam bilen Haw barada gürrüň berdi, Haw Howuň koreýçe adydy. Ýöne onda onuň adynyň başga görnüşi — Ýewa — ulanylýardy. Onda dünýä syýasaty, Demirgazyk we Günorta Koreýa barada her dürli maglumatlar, umumy bilimler barada bardy, mysal üçin, ýer ýüzünde haýsy derýanyň iň uzyndygy we haýsynyň iň gysgadygy, haýsy dagyň iň belentdigi, ygallaryň aýlyk mukdary, prezidentleriň atlary we olaryň gelip çykyşlary barada bardy. Onda Hudaýyň ýeri we gögi ýaradyşy hem-de On tabşyryk barada hem gürrüň berilýärdi.

Gaýynymyň halypalyk edendiginiň we şuňa meňzeş kitaplaryň kömegi bilen men imana degişli zatlara has aýdyň düşünip başladym. Eýýäm täze imana gelen adam bolanym üçin men kitaplary okaýardym we mümkin boldugyça köp maglumaty özüme siňdirjek bolup ýat tutmak we özüme bilim almak üçin öz ukyplarymyň hemmesini ulandym. Kem-kemden men iman meselelerine düşünip başladym. Men şeýle köp okaýardym welin, adamym meniň aklymdan azaşmagym mümkin diýip pikir etdi.

Gaýynym maňa öwretmek üçin bize köp gelip bilmeýän bolsa-da, Demirgazyk Koreýadaky ahlak biliminiň, aslynda, Mukaddes Kitaba esaslanýandygyna düşünip başladym. Döwlet Hudaýyň Sözüniň öwredýän zadyny ýöne bir nusga edinipdir we ýoýupdyr.

Şol wagtdan başlap, meniň maşgalam özi bilen dünýäniň arasyndan diwar geçirdi. Biz Kim Ir Seniň doglan güni mynasybetli geçirilýän hökmany çärelere barmadyk. Bu günde ähli Demirgazyk koreýalylar onuň heýkeliniň astyna gül goýýardylar. Dünýewi senalaryň deregine biz mesihilik senalaryny aýtdyk. Elbetde, biz aýdymymyzy kimdir biriniň eşitmegine ýol berip bilmeýärdik, şonuň üçin giň meýdanda, golaýda hiç kim bolmadyk ýerde aýdýardyk. Her gün agşam biz gapyny ýapýardyk-da, "Gökdäki Atam" dogasyny we Resullyk iman nyşanyny ýatdan öwrenýärdik. Özümiziň maşgala durmuşymyzyň ähli ulgamlarynda biz Kim Ir Seniň taglymatyna däl-de, Hudaýyň On tabşyrygyna eýerýärdik. Biz ýygnak binasyny we ondaky ýygnanyşyklaryň nähilidigini bilmeýärdik. Ýöne her ýekşenbe güni biz ýygnanyşýardyk-da, Mukaddes Kitapdan aýatlar öwrenýärdik, senalary aýdýardyk, Rebbiň dogasy bilen doga edýärdik we On tabşyryga laýyklyda, eden günälerimize toba edýärdik. Eger täze imana gelenler üçin gollanmada özümiň düşünmeýän bir zadym duş gelse, adamymdan soraýardym. Ol jogaplaryň hemmesini bilmeýärdi, ýöne mydama çagalykda babasyndan we mamasyndan eşiden zatlaryny ýada salmaga çalyşýardy. Onuň özi köp wakalaryň şaýady bolupdy, şonuň üçin özüniň mesihilik durmuşyndaky wakalaryň hemmesini meniň üçin gyzykly bolar ýaly görnüşde gürrüň berýärdi.

Biz mydama bir zady nädogry etsek, ony boýun alyp toba edýärdik. Gaýynym maňa Hudaýa doga etmegi — toba dogasyny, minnetdarlyk dogasyny, şeýle hem, nahardan öň nähili doga etmelidigini öwretdi. Täze iman edenler üçin gollanmada hem, nähili doga etmelidigi barada örän ýönekeý, düşnükli we jikme-jik maglumat berilýär. Her ýekşenbe güni biz öwrenen zatlarymyzy ulanýardyk. Edýän sežždämizi nähili jemlemelidigini bilmeýänimiz üçin biz diňe "Gökdäki Atam" dogasy bilen doga edýärdik we birnäçe senany aýdýardyk. Biziň birimiz Hudaýy şöhratlandyryp aýdym aýtmany alyp barýardyk, maşgalanyň beýleki agzalary bolsa, onuň yzyna eýerýärdi.

Gaýynenem gelende, biz naharyň öň ýanynda: "Hudaý, bize derwaýys çöregimizi berýäniň üçin sag bol. Biz günä etmez ýaly, ýa Reb, bize düşünje ber" — diýip doga edýärdik. Biz çagalarymyza-da doga etmegi öwretdik. Mundan başga-da, men çagalara pikirlerinde we ýüreklerinde bar zatlaryň hemmesini Hudaýyň öňüne getirmegi öwretdim. Adamym ikimiz käwagt doga edip, uzakly gijämizi geçirýärdik. Munuň biziň güýçli dogalarymyzyň netijesi bolan bolmanyna ynamly däl welin, ýöne biziň durmuşymyz beýleki adamlaryň durmuşy bilen deňeşdirende, durnukly gidip durýardy.

Munuň üstesine-de, men biziň girdejimiziň ondan bir bölegini berşimizi gürrüň bermek isleýärin. Demirgazyk Koreýada biz ondan birimizi we zekatymyzy berer ýaly ýygnagam ýok, ruhy çopanam. Gaýynym ony bermegiň zerurdygyny belleýärdi. Şonuň üçin, ondan birini nädip bermelidigini bilmeýän bolsak-da, barybir ony mätäçlere bermegiň usulyny tapýardyk.

Ýagdaýy pes adamlardan kimdir biri derman ýa-da saglygyny bejertmek üçin töläp bilmedik ýagdaýynda, biz olaryň aladasyny edýärdik. Biz pulumyz özümizi dolandyrmaga ýetmeýän bolsa-da, olara derman berýärdik. Biz açlara tüwi satyn alyp berýärdik we olaryň bize puluny soň bermegine rugsat berýärdik. Biz eşiklerimizi mätäçler bilen paýlaşýardyk. Azyk satyn alanymyzda, eger satyjy ýaşuly adam ýa-da çagaly aýal bolsa, gaýtargymyzy goýup gaýdýardyk. Olar gök önümleri terezide çekenlerinde, olary barlamaýardyk-da, olara ynanýardyk.

Biz bu zatlaryň hemmesini özümiziň ondan birimiz hasap edýärdik. Biz muny "Hoş Habary ýaýratma" diýip atlandyrýardyk, ýöne bu sözi sesli aýdyp bilmeýärdik. Garyndaşlarymyza myhmançylyga baranymyzda, eger ýanymyz bilen hödür-kerem alyp barsak, olar gaty begenýärdiler. Biz baý däldik, ýöne mydama nämedir bir zat — derman ýa-da iýmit alyp barmaga çalyşýardyk.

Butparazlygyň ähli görnüşleri biziň üçin ýat zat boldy. Mesihiler palçylara barsalar we ölenleriň ruhlaryna tagzym etseler, gaýynym

muny goldamaýardy. Ol biziň beýle etmeli däldigimizi aýdýardy, bizem onuň diýenlerini edýärdik.

Biz erkek hem aýal doganlarymyza Hoş Habary aýdyp başlanymyzda, ol biz aklymyzdan azaşandyrys diýip pikir etdi. Olaryň käbirleri wagtyň geçmegi bilen iman etdi, käbirleri-de munuň ýalandygyny aýdyp, iman etmekden boýun towlady. Ýöne özleriniň durmuşyny biziňki bilen deňeşdirenlerinde, biziň mamladygymyza düşündiler. Demirgazyk Koreýanyň, Kim Çen Ir ony gülläp ösýän ýurt edip görkezmäge her neneň jan etse-de, şeýle garyp ýurt bolmagynyň sebäbiniň imansyzlykdygyna düşündiler. Ýurtdan çykyp gaýdan wagtymyza çenli biz olara Hudaýyň bardygyny, Onuň Kim Çen Irden beýikdigini aýtdyk, adamlara tagzym etmegiň gerek däldigini, ýöne kyn wagtyňda Hudaýa bil baglamagyň zerurdygyny, günä etmeli däldigimizi, iýmitimiz hem eşiklerimiz üçin Hudaýa minnetdarlyk bildirmelidigini, ýakynyňyň aladasyny etmelidigini we ş.m. aýtdyk. Biz töweregimizdäkileriň hemmesine Hoş Habary wagyz edip bilmedik, diňe garyndaşlarymyza wagyz etdik.

Olar iýmit üçin Hudaýa doga edenimizde, köplenç bize goşulýardylar, hatda olar bizi häkimiýete-de satmadylar. Biz bolsa, olara doga-dileg etmän nahar iýmäge rugsat etmeýärdik. Biz kesekilere öz imanymyz hakda wagyz edip bilmeýärdik, ýöne biziň ýakynlarymyz Kim Ir Sene we Kim Çen Ire tagzym etmegiň butparazlyk bolup durýandygyny bilýärdiler. Biz: “Biziň ýanymyzda hiç hili başga hudaýlar bolmaly däldir. Biz diňe ýeke-täk Hudaýa tagzym edýäris. Diňe ýekeje — Mukaddes Hudaý bardyr. Başgalaryny diňlemek gerek däl” — diýip düşündirýärdik. Şeýdip, wagzyň nädip edilýändigini özümiz hem bilmeýän bolsak-da, Hoş Habary wagyz edýärdik.

Ahyrsoňy, adamym sebäpli maşgalamyz Demirgazyk Koreýadan gaçyp gitmeli boldy. Ol döwlet howpsuzlyk gullugynyň gözegçiligi astyndady. Bizi tutmak aňsatdy, sebäbi biz ýiti gözegçilik astyndadyk. Dini jenaýatçylary adatça tutup, konslagere iberýärdiler. Biz öz çagalarymyzyň aladasyny hem edýärdik. Öýde mesihilik ynamyny

öwredýändigimiz sebäpli, daşarda olaryň nämedir bir zat ederinden ýa-da özleriniň Mesihiň yzyna eýerijilerdiklerini bildirýän bir zat aýtmaklaryndan çekinýärdik, ýöne aslynda olar jenaýatçy däldiler. Şonuň üçin, çagalarymyzyň geljeginiň hatyrasyna, biz barybir Demirgazyk Koreýadan gaçma kararyna geldik.

Gaçmak hakda pikir etmek aňsat däldi. Demirgazyk Koreýa — biziň doganlarymyzyň, ene-atamyzyň, ata-babalarymyzyň ýurdudy. Ýöne maşgala we watana wepalylyk barada aýtsak, Reb maňa ýerdäki ene-atamyň hiç haçan berip bilmedik zadyny berdi. Olar maňa berip bilen söýgülerini we güýçlerini berdiler, hiç haçan öz çagalaryndan hiç zadyny gaýgyrmadylar. Ýöne indi men mydama biziň bilen bolýan, mydama bize gözegçilik edýän we bizi ugrukdyrýan Rebbe minnetdarlykdan doly ýürek bilen ýaşaýardym.

Men howply daga seredip durdum, tizara ol ýerden öz aýaklarym we çagalarymyň aýaklary geçmelidi. Ol ýerden geçmäge örän az adam ýürek edip bilýärdi. Biz birnäçe aý mundan ozal adamymyň, dogduk watanymyzy terk edip gidende geçen ýolundan gitmekçidik. Şol pursatda men Mukaddes Ýazgynyň bir parçasyny ýada saldym, ony, ýagny Işaýa 41:10-y, men ýüregimde berk saklapdym:

> “*Gorkmaň, çünki Men siziň bilendirin,*
>
> *heder etmäň, çünki Men Hudaýyňyzdyryn,*
>
> *size güýç bererin, ýardam ederin*
>
> *sag elimiň hakykaty bilen sizi söýgetlärin*”.

Ýer ýüzündäki ýekeje ene-ata hem, munuň ýaly akla sygmajak wadany beribem, ýerine ýetiribiem bilmeýär.

# 5-NJI BAP

# Maşgala — Imanuwel

*Hanym Be*

2009-njy ýylyň noýabr aýynyň ahyrlarynda gyzym hem oglum bilen biz ol ýere gaýdyp gelmezlik üçin, Demirgazyk Koreýadan çykdyk. Biz göni daga tarap ugradyk, has takygy, dagyň üsti bilen ugradyk. Bizde Demirgazyk Koreýanyň şäherleriniň üstünden aç-açan geçmäge ýa-da Hytaýa girmäge kanun esasynda mümkinçilik berýän zerur bolan rugsatnama ýokdy. Ýurduň bir nokadyndan beýlekisine gitmegi meýilleşdirýän her bir adamda şeýle dokumenti — öz başyna bir resmi möhürli içki pasporty bolmalydy. Ony almak üçin birnäçe aý gerekdi, şeýle hem, her adam üçin ýüz dollar ýa-da ondan-da köpräk pul gerekdi. Munuň ýaly dokumenti ýurtdan ýaňy-ýakynda gaçyp giden adamyň aýalyna we çagalaryna berjekleri gümanady. Şonuň üçin bizde ýekeje ýol — dagyň üstünden geçýän ýol — bardy, şol sebäpden hem, biz şol ýere ugradyk.

Gowy ugry tapmak we bizi ýoldan geçmäge taýýarlamak üçin adamym biz gitmezimizden birnäçe aý öň gitdi. Gaçyş wagtynda gowy signal we howpsuz ýagdaý bar bolan az ýerlerde ol, mobil telefonyň üsti bilen edilen gysgajyk jaňlar arkaly, başardygyndan biziň ýolumyza ýolbaşçylyk etdi. Elbetde, nätanyş daglaryň, şäherleriň we barlag-geçiriş nokatlarynyň üstünden diňe telefon üsti bilen howlukmaç berlen düzgünnamalara bil baglap geçmek kyn boldy. Şeýle-de bolsa, Hudaýyň Özi biziň ýolbeledimiz boldy.

Günüň dowamynda biz saklanman gitdik, her günem şeýle etdik. Bir gezek şäherleriň birinde, tertip-düzgüne seredijileriň

beýle bir berk seretmeýän ýerinde, bize bir maşynyň sürüjisi bilen gürleşmek başartdy, ol bizi birnäçe sagatlyk ýola alyp gitdi, bizem ýöremeklige berlen rugsatnamany görkezmeli bolmadyk. Dag gerşiniň etegindäki bir obada biz bir öýe bardyk-da, özümiziň serhediň golaýynda ýerleşýän şähere gaýynenemi görmek üçin barýandygymyzy, rugsatnamalarymyzy bolsa ýitirendigimizi aýtdyk. Ýaşaýjylar bizi mylakatlylyk bilen wokzala ugrukdyrdylar. Demirgazyk Koreýada düzgün bolşy ýaly, biz otla on günläp garaşdyk, ýöne onda-da uzaga gidip bilmedik.

Şeýle-de bolsa, bu ýakymly kadadan çykma bolupdy. Wagtyň aglaba bölegini biz diňe ýöredik — has takygy, daga dyrmaşdyk, sebäbi Demirgazyk Koreýanyň territoriýasynyň 70 göterimi daglyk bolup, Demirgazyk koreýaly serhetçileriň, polisiýanyň we howpsuzlygyň agentleriniň ünssüz galdyran birnäçe etrabyny goraýan sakçy ýaly bolup dur. Yza nazar aýlanymda, biziň diri galmagymyzy akla sygmajak zat hasap edýärin. Men şu wagta çenli-de muny nädip başaryp bilendigimiz baradaky soragy özüme berýärin. Dagdaky içinden geçen tokaýlarymyzyň şeýle gür bolandygy sebäpli, biz köplenç, hatda ýokarymyzdaky asmany-da görüp bilmeýärdik. Biz sowuk gar topbaklarynyň içinden döşümize çenli bolup duran gara batyp, näçe gezek haýaljakdan we gaty gynanyp geçipdik. Bizde bu ýoly ýeňip geçmekden başga alaç ýokdy.

Adamymyň ýanymyzda ýoklugy sebäpli, özümizde kynçylyklar ýüze çykanda — Hudaýdan başga — kömek sorara hiç kimimiz ýokdy. Şol tükeniksiz günlerde, çagalarymyň ýanymda ýöräp baryşlary ýaly, Hudaýyň hem meniň ýanymda ýörändigine men ynanýaryn. Mukaddes Kitapda Işaýa pygamber: “Imanuwel” — Hudaý biziň bilen — diýip ýüzlenýär. Hudaý biziň bilen boldy, Ol Mesihiň Emmaus ýolunda şägirtlerine duş gelende bilinmeýşi ýaly, bilinmän, biziň ýanymyzda ýöredi.

Ýöne biziň barmaly ýerimiz Emmausdan has aňyrdady hem-de oňa barmak üçin has köp tagalla etmek gerekdi. Gün batan wagtynda bolsa, biz golaýdaky oba barýardyk-da, özümize birneme

howpsuzrak görnen öýe baryp, tölemeli bahasyny töläp, gijämizi geçirýärdik. Men gaýynenemiň serhetde ýaşaýandygyny, onuň öýüne barýan ýolda azaşandygymyzy — dogrudan-da hakykat bolan zady aýdyp, her öýüň eýesinden kömek soraýardym. Her obada Hudaý biziň üçin takmynan bir dollara gije ýatmak üçin öýüne salan adamy öňünden taýýarlapdy. Eger Demirgazyk Koreýada öýüňe nätanyş adamy salmagyň nähili howpludygyny hasaba alsaň, onda her gün myhmansöýerligiň gudratyny görýärdik.

Maşgalalaryň ýekejesem üpjündigini aýdyp öwünip bilmeýärdi, bir dollar bolsa, bir kilogram tüwä ýetýärdi — bu bolsa, maşgalany naharlamak üçin bir günki iýmit bolýardy. Öý eýeleri bizi-de naharlaýardylar, käwagt bolsa, bize iýip biljegimizden-de köp nahar berýärdiler. Demirgazyk koreýalylaryň açlykdan ölmä örän ýakyndygyna garamazdan, olaryň köpüsi biriniň aladasyny etmek, myhmansöýerlik görkezmek bilen bize çagalykdan öwredilen däplere we dessurlara eýermäge çalyşýardylar.

Her maşgalanyň şeýle myhmansöýer bolmagy nähili gowudy, sebäbi biz iýmite zardyk! Ol wagtlar meniň gyzym göwrelidi. Gaçgaklarda köplenç bolşy ýaly, ol adamsyny goýup gaýtmaga mejbur boldy, sebäbi adamsy yzy bilen özüniň bütin maşgalasyny alyp gaýtmaly bolýardy. Mende mydama saglygymda mesele bardy. Demirgazyk Koreýadaky ogullar bolsa, hemme ýerdäki ogullardan hiç hili tapawutlanmaýardylar — olar mydama iýmek isleýärdiler.

Her günüň ertiri bizi myhman alan öý eýeleri bilen hoşlaşmany getirýärdi, soň uzak ýollary söküp, daglaryň üstüne çykyp we adamlardan gizlenip, biziň geçirjek surnukdyryjy täze günümiz öňde durýardy. Sekizinji gün biz on üç polisiýa nokadyndan geçdik. Serhede ýakynlaşdygymyzça, olaryň sany köpeldi we hüşgärlik artdy. Biziň ýanymyzda bar zadymyz — bu bir näçe sany çalşyrgyjymyzdy we iň zerur zatlardy, bu bolsa, juda şübheli görünýärdi. Bizden nirä barýandygymyzy soranlarynda, adamymyň serhediň golaýynda ýaşaýan ene-atasyny görmäge barýandygymyzy aýtdyk. Deňinden geçen polisiýa nokatlarymyzyň

köpdügine garamazdan, bizi görmediler we dokument talap etmediler. Imanuwel!

Günüň dowamynda men ýoly soramak üçin saklandym, şonda her gezegem Hudaý biziň özümizi şol ýere ugrukdyrjak adamlara duş gelmegimizi üpjün etdi. Ýöne iň uly mesele serhede golaýlaşdygymyzça güýjümiziň azalýandygynda, basym ýadaýandygymyzda jemlenendi. Her gezek gözýetimde nobatdaky polisiýa nokady görneninde, biz özümizi, döşüne ýetip duran garyň içi bilen tükeniksiz dag depelerine münmekden ýaňa hemme ýeri agyrýan tapdan düşen ykmanda ýaly däl-de, eýsem garyndaşlarymyzy görmek üçin ýakymly sapara ugran adamlar ýaly edip, eger gerek bolsa, ýurduň territoriýasyna aýlanmaga berlen rugsatnamany şatlyk bilen görkezmäge taýýar bolan adamlar ýaly alyp barmaly bolýardyk. Kilometr yzyna kilometr geçmek bilen biz gitdigiçe güýçden gaçdyk we hukuk goraýjy gulluklardan gizlendik. Biziň nazarymyz serhede tarap gönügendi, ýüreklerimiz bolsa, ýurtdan gaçma kararyndan doludy.

Eýýäm hemme zat ýitirildi diýip pikir eden wagtymyzda, Hudaý mydama bizi ruhlandyrar ýaly birini ugratdy. Onuň rehiminiň kömegi bilen bu agyr syýahatymyzda, hatda bize Onuň söýgüsine şaýatlyk etmek hem başartdy. Bir gezek biz orta ýaşlaryndaky bir aýalyň öýünde saklandyk. Ol aşgazan keseli zerarly, güýçli agyry çekýärdi. Mende özümiň ötüşen kesellerimiň dermanlary bardy. Olar diňe doktoryň haty boýunça berilýärdi, men olary ol aýal bilen paýlaşdym. Onuň ýagdaýy şobada gowulaşyp başlady. Eger ýanymyzda gidip, bize kömek etse, onda men oňa, takmynan, üç dollar bahasy bolan dermanlarymyň hemmesini bermegi teklip etdim. Ol muňa razy boldy-da, iki günüň dowamynda biziň ýanymyzda boldy. Nätanyşlar bilen gerek rugsatnamasyz syýahat etmek Demirgazyk Koreýada onuň üçin, elbetde, örän töwekgelçilikli işdi, şonuň üçin biziň ýanymyzda gitmeklik, aýratynam, saglyk ýagdaýyny hasaba alsaň, ullakan töwekgelçilikdi. Eger ýene syrkawlasa, onda jaň etmegi üçin aýal doganymyň telefon belgisini men oňa berdim.

Biziň gaçyp halas bolan bolmagymyz mümkindi, ýöne entegem mesihiligimize galypdyk.

Şol aýalyň öýündäki ukymyz süýji hem çuň boldy. Yza nazar aýlanymda, Hudaýyň göze görünmeýän eliniň her birimizi mähir bilen gujaklandygyny görýärdim. Ol şol aýala dermanlaryň gerekdigini bilýärdi, şonuň üçin bizi baryp, hut şonuň öýünde düşlär ýaly etdi, sebäbi gije ýatar ýaly bizde başga ýerimiz ýokdy. Şol wagtlar göwreli bolan meniň gyzyma dynç almak we ýatmak gerekdi, şonuň üçin Hudaý bu duşuşygy öňünden taýýarlapdy. Öňde duran meseleleri çözmek üçin pikirimi durlar ýaly, dynç almak maňa hemmeden-de köpräk gerekdi. Serhede golaýlaşdygymyzça, dialekt üýtgeýärdi, şonuň üçin kömek soramak kynlaşýardy — töwekgelçilikli bolýardy. Hemme ýerde bize hukuk goraýjylara satýan adamlaryň we olaryň işgärleriniň garaşýan bolmagy mümkindi.

Ol sebitde jemgyýetçilik transporty hökmünde awtobus däl-de, ýük ulaglary ulanylýardy. Gynansak-da, gitmäge rugsatnamasynyň bolmandygy sebäpli, aýal ondan aňra biziň bilen gidip bilmedi. Biz ol ýerleri bilmän ýene ýeke galdyk. Öýden daşlaşdygymyzça dialektimiz biziň bir ýerden gelen adamdygymyzy köpräk bildirdi.

Birinji gözegçilik — geçiriş nokadynda biziň ýük maşynymyzyň ýanyna, oňa seretmek üçin garawul geldi. Biziň hemmämiz demimizi alman diýen ýaly oturdyk we dartgynlylygymyzy bildirmezlige çalyşdyk. Bizi gaty haýran galdyryp we bize ýeňillik berip, diňe bir ýeňiljek göz aýlanyndan soň, ol elini salgap goýberdi, ýük maşyny-da ýerinden gozgandy. Döwlet howpsuzlygynyň işgärleri durýan ikinji nokatda saklananymyzda, olar goşlaryň hemmesini düşürip, olary ünsli barlap başladylar. Biziň ýüreklerimiz agzymyzdan çykara geldi. Maňa tolgunmamy gizlemek zordan başartdy, munuň göze ilen bolmagy hem mümkin, şonuň üçin bile barýan bir aýalymyz, eger mis ýok bolsa, onda hemme zadyň gowy boljakdygyny pyşyrdap aýdyp, meni köşeşdirmäge çalyşdy. Mis Hytaýda wolframdan-da, gaty gymmat hasap edilýär. Bu hiç kimiň

ýurtdan bu peýdaly metallary alyp gitmäge synanyşmaýandygyna ynamly bolmak üçin Demirgazyk Koreýa döwletiniň ýük ulaglaryny we ýolagçylary şeýle inçeden barlaýandygynyň sebäpleriniň biridi. Bagtymyza, ýük ulagynyň ýolagçylarynyň hijisinden mis çykmady, şonuň üçin bizi geçirdiler.

Ahyrsoňy biz gaýynenemiň ýaşaýan ýerinden uzakda bolmadyk oba baryp ýetdik. Meni Rebbe onuň özi getiripdi we her gezek bize myhmançylyga gelende, her dürli usulda meniň aladamy edipdi. Aşhana stolunyň başynda ol uzakly gijeler bize köp zatlary öwredipdi. Biziň syýahatymyzyň uzak garaşdyran pursaty ahyrsoňy gelende we onuň öýüniň gapylary giňden açylanynda, biziň duşuşandygymyzyň şatlygyndan, minnetdarlyk gözýaşlaryndan we doga etmeden — ýa-da iň bolmanda ýyljajyk düşekden we maşgala stolunyň başyndaky garnyňy doýurýan nahardan — lezzet alanymyzda nähili bolany barada siz pikir edip bilersiňiz. Eger siz şeýle pikir eden bolsaňyz, biziň haýsy ýurtda bolandygymyzy we ýaňy-ýakynda näme bolandygyny ýatdan çykaransyňyz: meniň adamym Demirgazyk Koreýadan gaçdy, şonuň üçin indi ol döwletiň duşmany hasap edilýärdi. Indi onuň ene-atasynyň öýüniň daşynda gije-gündiz gözegçilik alnyp barylýardy. Şäheriň töweregindäki ýer içi bilen doňupdy. Şonuň üçin, hatda öýüň atmosferasynyň özi-de doňduryp barýardy. Biziň hemmämiz özümizi sabyrlylyk bilen alyp bardyk. Biz — bilelikde şeýle köp gözýaş dökenler, şeýle köp sapaklary özleşdirenler we bilelikde doga edip, wagtyny bile geçirenler — kimdir biriniň bizi hökman ünsli synlaýandygyny we gürrüňlerimizi diňleýändigini bilenimiz üçin diňe dünýewi gürrüňleri edýärdik.

Üstesine-de, biziň duşuşygymyz bir sagatdan uzaga çekip bilmeýärdi. Maňa aýrylyşmak agyr düşýärdi, sebäbi men ruhy tema degişli gürrüňdeşlikden lezzet alyp bilmändim, munuň ýaly howply ýola onuň öz durmuşymyzdaky soňky ak patasyny we ruhlandyrmasyny alman, doga etdirmän gidýänime gynanýardym. Şeýle-de bolsa, men biziň näme üçin uzak galyp bilmeýändigimizi,

has çuň temalar boýunça gürrüň edip bilmejekdigimize düşünýärdim. Şol pursatda şübhe döredip biljek gözýaşlara we emosiýalara wagt ýokdy. Käwagt adamyň gözüne ýöne bir seretmegem ýeterlikdi — şonda hemme zat sözsüzem düşnükli bolýardy.

Şeýdip, ýylynar ýaly ýer tapjak bolup synanyşyp ýörşümize, çagalar bilen biz wokzala baryp ýetdik. Ýöne ol ýerde-de bir sagatdan köp durmaklyk şübhe döredip bilýärdi, şonda bizi barlaýardylar. Şonuň üçin mende çagalary yzymyza aýazyň içine alyp çykmakdan başga alaç galmady. Kelläňde gije nirede bolmalydygy baradaky müňlerçe pikirler at salyp duran wagtynda, muny perwaýsyz görnüşde etmeli bolýardy.

Ýöne maňa biynjalyk bolmak gerek däldi, sebäbi Hudaý biziň bilendi we ýene bir gezek biziň aladamyzy etmäge taýýardy. Biz bir aýala duşduk, onuň bize nebsi agyryp, saklanmak mümkin bolan ýeri maslahat berdi. Ol öýüne Kim Ir Seniň ullakan portretini asyp goýan bir adamyň öýi eken. Dogry, beýik serdaryň irkilmezek gözlerimiň astynda ýurtdan gaçmakda azajyk adatdan daşary zat bardy. Men bu serdar barada öz okuwçylaryma şeýle köp wagtlap öwredipdim.

Görüp otursak öý eýesiniň aýaly Günorta Koreýa gaçyp gidipdir. Ol özleriniň nikasynda hiç hili meseläniň bolmandygyny janygyp aýtdy. Aýaly diňe pul gazanmak üçin gidipdir. Şonuň üçin ol gaýtadan öýlenmändir-de, aýalynyň gaýdyp gelerine ýa-da ondan iň bolmanda habaryň gelerine garaşypdyr. Ol ýeke ýaşaýandygy sebäpli, pula mätäç eken. Şol sebäpden hem, adamlary gije ýatmak üçin öýüne salýan eken. Ol bizi sadaja çorba bilen naharlady, sebäbi onda tüwi ýok eken, bu bolsa meni onçakly begendirmedi, sebäbi men oňa birazajyk iýmit alar ýaly pul beripdim. Nahar başynda ol gowy durmuşda ýaşamagy dowam etdirmek üçin, Demirgazyk Koreýada galmak isleýändigini aýtdy.

Ýöne meniň gowy durmuş baradaky pikirimiň onuň pikirinden tapawutlanýandygy aýdyňdy we Kim Ir Seniň diwarda asylgy duran buta meňzeş portretini öz içine almaýardy. Ol adamyň bize köpräk

galmagy teklip edendigine garamazdan, özümize ünsi çekmez ýaly, ýoly dowam etmäge çen bolandygyny bilýärdik.

Gije ýatar ýaly ýer tapma mümkinçiliginiň birden azalmagy sebäpli gutulgysyz meselä duş gelmegimizden başga-da, bizde ýene bir mesele bardy: jübimizdäki puluň göwrümi dynman azaldy. Biz serhede baryp ýeten bolsak-da, derýadan geçip, Hytaýa barar ýaly pulumyz asla galmady. Bizde bu ullakan ýurtdan geçip, soň hem Hytaýyň serhedinden geçip, üçünji ýurda barar ýaly pul ýokdy. Şol üçünji ýurtda biz, ahyrsoňy, Günorta Koreýanyň özümizi kabul etmäge we Günorta Koreýa ibermäge taýýar bolan ilçihanasyna ýüz tutup bilýärdik. (Günorta Koreýanyň Hytaýdaky ilçihanasy, ýurduň häkimiýeti bilen dawanyň bolmagyndan heder edip, Demirgazyk koreýalylary kabul etmeýärdi).

Serhetýaka etraplardaky harytlaryň çendenaşa ýokary bolmagy, ýagdaýlary has-da kynlaşdyrdy. Biziň öýde Demirgazyk Koreýanyň iki müň wonyna alýan tüwimiziň bahasy bu ýerde üç ýüz müň wondy — ABŞ-nyň ýüz dollaryndan-da gymmadrakdy. Biz elimizde galan puluň azajyk bölegini hytaý ýuanyna çalşyp, oglumyň eşiginiň içine tikdik.

Gyzym ikimiz pula syrkawlary bejerip başlamaga mejbur bolduk we her syrkawdan bir dollardan azrak töleg aldyk. Bu diňe bir serhetden geçmäge däl-de, eýsem, ölmän galar ýaly, iýmite-de, gije ýatar ýaly ýere tölemäge-de ýetjekdi. Men biziň nähili hem bolsa bir kömegi berip we goragy üpjün edip biljek ýolbelede pulumyz bolmandygy üçin, derýadan özümiziň geçmeli boljakdygymyza düşündim. Bu Demirgazyk Koreýadan çykgynsyzlyga düşüp gaçmanyň, köplenç gaçgaklary tutulma we jezalandyrma alyp baran gaçyşyň bir görnüşi bolsa gerek.

Biz birnäçe gün geçmäge has oňaýly bolan ýeri gözläp, derýanyň kenarynda gezdik. Gowrak — polisiýanyň birneme azrak bolan — ýerler, gaýtam, iň howply ýerdi, sebäbi geçmesi gaty kyn bolan ýerler köp ýerlerde serhet goragynyň tebigy roluny oýnap durdular.

Ahyrsoňy biz geçmek üçin ýer saýladyk, ýöne ol gyzymyň göwrelidigi sebäpli, mende uly gaýgyny döredýärdi. Derýadan geçmek üçin bize ilki dagyň üç ýarym metr ýokarsyna çykmak gerek boldy. Meniň özi üçin alada galýanymy gören gyzym menden Hudaýa bil baglamagymy haýyş etdi. Golaýrakda, meniň bilşime görä, Hudaý tarapyndan iberilen ýüpi görenimde, onuň nesihatyny kabul etmek maňa aňsat düşdi. Oglum suwa özüni oklady, menem onuň yzyndan özümi okladym. Gyzym eňňitden aşaklygyna ikirjiňlenmän eňip barşyna, dagyň etegine ýeten badyna, hiç zatdan gorkman, biziň yzymyzdan gaty ýokary tizlikde ýüzüp gaýtdy.

Derýanyň ol ýerdäki ini 150 mertdi, ýöne sowugyň içiňden geçip barýandygyna we onuň meniň göwreli gyzyma zyýan ýetirip biljekdigine garamazdan, bizde derýa özümizi oklamakdan we güýjümizde baryny edip, basym ýüzüp geçmekden başga alaç ýokdy. Men Demirgazyk Koreýada eşiden soňky seslerim, şäherlileriň: “Olary tutuň! Olary tutuň!” — diýip gygyrýan sesleri boldy. Hudaýyň biziň öňümizde derýanyň suwuny asla azaltmadyk bolmagy mümkin, ýöne biz beýleki kenara sag-aman geçýänçäk, Ol bize ýamanlyk etjek bolanlary saklady. Munuň özi hem ýeterlikdi. Bu hakyky Müsürden çykyş boldy.

Demirgazyk Koreýanyň çäklerinden daşdaky ýere ilkinji nazar aýlanyňy nädip ýatdan çykaryp bolar?! Bizi Roždestwonyň çyralarynyň öwüşginleri garşy aldy. Roždestwony men ýatdan çykarypdym diýen ýalydy! Imanuweliň doglan güni! Hudaý biziň bilen! Hakykatdan, Hudaý biziň bilen!

Ýöne pikirlenmek ýa-da iň bolmanda minnetdarlyk bildirmek üçin saklanmaga asla wagt ýokdy, sebäbi derýanyň iki tarapynda-da serhetçiler aýlanyp ýördüler. Şeýle-de bolsa, Hytaý tarapky köp sanly çyralar bilen Demirgazyk Koreýanyň gijesiniň arasyndaky tümlügiň gapma-garşylygyna haýran galmazlyk mümkin däldi. Derýanyň aňry tarapyndaky ýaşaýjylar Roždestwonyň nämedigine düşünenokdylaram, biziň Imanuwelimiz bolup durýan Hudaý hakda-ha asla-da hiç zat bilenokdylar!

Hytaýa geçenimizden soň, biz özümize geldik-de, adamymyň telefon belgilerini beren adamy bilen habarlaşdyk. Ol bizi bir öýe alyp bardy. Ol öýüň eýesi jübülerimizdäki zatlaryň hemmesini çykarmagy buýrup, bize arassa geýim berdi. Munuň sebäbi, eger bizi koreý dilinde ýazylan iň kiçijik hat bilen tutsalar-da, onda serhetden bikanun geçip, Hytaýyň üsti bilen üçünji ýurda gaçyp geçjek bolýan gaçgaklar hökmünde paş edýändiklerinde jemlenendi. Ine, täze geýim bize näme üçin gerek eken, ol bize Demirgazyk koreýaly gaçgaklara däl-de, hytaýly koreýlere meňzeş bolmagymyz üçin gerekdi. Özümiz barada aýtsam, bize hiç hili düşündiriş gerek däldi. Biz Hytaýda ýyly öýde arassa hem gury geýimde oturandygymyza gaty şatdyk. Bizde altmyş sentimiz galypdy, biz ony öýüň eýesine we adamymyň bizi duşuşdyran adamyna berdik. Ýöne olar biziň oglumyň geýmine tiken pulumyz barada hiç zat bilmeýärdiler.

Biz şähere ugramazymyzdan öňürti, bize we beýleki Demirgazyk koreýaly gaçgaklara Hytaýa geçmäge kömek eden ýolbeletler bizi gowuja barlamalydylar. Olara syýahatymyz wagtynda şübhe döretmejekdigimize we özümize polisiýanyň ünsüni çekmejekdigimize ynamly bolmak gerekdi.

Ýöne bizde başga meýilnama bardy: hakyna tutulan polisiýa ulagy! Adamym bäş günden soň gelip, onuň bizi alyp gitjekdigi barada gürleşdi. Ol adaty ulaglary saklaýandyklaryny we her ädimde barlaýandyklaryny, sebäbi olary Demirgazyk koreýaly gaçgaklary daşamak üçin ulanýandyklaryny bilýärdi. Polisiýa ulagy näme? Ony hem tutulan gaçgaklary yzlaryna Demirgazyk Koreýanyň serhedine alyp gitmekden başga maksatlar üçin hem ulanyp bolýar diýip, hiç kim pikir etmeýärdi. Hudaýyň akyldarlygynyň kömegi bilen biziň meýilnamamyz gaty gowy işledi.

Hatda öýüň eýesi-de, imanly adam bolmasa-da, bize Hudaýyň kömek etjekdigini aýtdy. Ahyrsoňy yzymyzdan polisiýa ulagy gelende, öý eýeleri, barlag nokatlaryna baranymyzda, uklansyran bolmagy maslahat berdiler. Ýolda meniň ýüregim bulandy, şol

sebäpden hem, tas huşumdan gidipdim we maňa uklansyran bolmak gerek bolmady. Bizi geçirdiler.

Biz ilkinji giren şäherimizde bir gartaşan aýalyň öýünde saklandyk. Biz ol ýerde ýerleşenimizden soň, men mundan artyk saklanyp bilmedim-de, gaýynenemden gündiziň gününde ýörite niýetlenilen jaýlarda bilelikde aýdym aýdýan, doga edýän we sežde edýän mesihileriň ullakan toparlarynyň bardygyny aýdaly bäri ýüregimde alawlap duran haýyşymy aýtdym. Men ondan: “Men ýygnaga gitsem bolýarmy?” — diýip soradym.

Hytaýyň demirgazyk-gündogarynda örän ullakan koreý-hytaý ýygnaklary bar bolup, olara gelýän adamlaryň sany müňlerçedi. Munuň ýaly ýerler, eger ýokarsy haçly jaýy tapsaň, şol ýerde kömek berilýändigini aýdýan Demirgazyk koreýaly gaçgaklara gaty gowy tanyşdy. Öý eýesi meseläniň köp Demirgazyk koreýaly gaçgaklary göni ýygnak binasynda tutýandyklaryndadygyny, sebäbi häkimiýetiň olaryň kömek sorap, hut şol ýere ýüz tutýandyklaryny bilýändiginde jemlenendigini aýtdy.

Ýöne meniň üçin barybirdi. Hudaýyň maşgalasy bilen Hudaýyň öýünde bolmaklyga men nähili kän garaşypdym! Men “ýygnagyň” nähilidigini kynlyk bilen göz öňüne getirýärdim, ýöne men pikir edişimden-de köp bilýän ekenim. Men ýygnakda bolýan zatlaryň, edil Demirgazyk Koreýada Kim Ir Sen ýa-da Kim Çen Ir şähere gelen wagtynda bolýan zarlar ýaly ekendigini göz öňünde tutýaryn. Hemmeler ýygnanyşyp, öwgi aýtdylar we doga etdiler. Ýöne Demirgazyk Koreýada “hudaý” — mähelläniň öňünde durýan adamdy (ýa-da her hepde hökman geçirilýän özüňi tankyt etme ýygnaklara gatnaşýanlaryň ýüzlenýän portretindäki adamdy).

Ýöne ýygnakda öňde hiç kim ýokdy. Özüňi tankyt etme ýygnanyşyklaryna gatnaşan wagtymda duýan zatlarymdan tapawutlylykda, men bu ýerde rahatlyk, şatlyk, teselli we Hudaýyň mukaddesligini duýdum. Şol agşamky edilen wagyz “Zamananyň ahyrynda agyry gelýär” diýlip atlandyrylýardy. Bu meniň üçin

aktualdy, sebäbi biz gaçyş döwründedik ahyry. Ýygnak ullakan eken, oňa juda köp adam ýygnandy. Hemme ýerde çyralar şöhle saçyp durdy. Ol ýere gelenler senalary aýtdylar. Öwgi aýdymlary şeýle gaty ses bilen aýdylyp, ruhlandyryjy bolup ýaňlanýardy. Göwnüme men jennete düşen ýaly boldum.

Biziň öýünde saklanan aýalymyz şol ýygnagyň agzasydy. Koreý gelip çykyşy bolan hytaýlylar Demirgazyk koreýalylara kömek etmeli däldiler — bu örän agyr jenaýatdy. Hytaý döwleti Demirgazyk Koreýanyň gaçgaklary hakda habar beren we olary tutmaga kömek eden hytaýly koreýlere sylag berýärler. Hemme ýere gaçgaklar baradaky kanuny düşündirýän habarlar asylyp çykylandy. Şeýle-de bolsa, ol aýal bize bir gijeden köpräk galmaga rugsat etdi. Araçy (Demirgazyk Koreýadan gelen gaçgaklara Hytaýyň üstünden geçip, üçünji ýurda geçmäge kömek edýän hakyna tutulan adam) gitmäge, iň azyndan, on sany Demirgazyk koreýaly adam taýýar bolanda öz işini edip başlaýardy. Ýöne biz üç adamdyk — men, gyzym hem oglum. Şeýdip, on dokuz gün geçdi. Ol mesihi aýalyň öz öýünde bolmagymyzyň uzaga çekendiginden arz etmeýändigi az bolan ýaly, özi hem maşgalasy giç agşamlara çenli ýatmaýardylar-da, bize filmler görkezýärdiler. Bir gezek ol hatda gyzym ikimizi saçymyza himiýa etdirmek üçin hem alyp gitdi. Häzir ýatlamalarymy siziň bilen paýlaşyp otyrkam, men ýene onuň bilen görüşmek isleýärin. Men ony hatda öz ene-atamdan-da köp ýatlaýaryn.

Soň bu aýalyň öýünde bolanymyzyň on dokuzynjy gününde, adamymyň görkezmesi bilen biz çagalar bilen gämide Hytaýyň başga bir şäherine ugradyk. Ol ýerde Demirgazyk koreýalylaryň eslije topary ýygnanan eken. Ol ýerde biz başga bir ýolbeledi tutup, Hytaýa geçip bilýärdik. Biz ol ýere baranymyzda, topar eýýäm ugrajak bolup durdy. Demirgazyk Koreýada bolan bir aýal bize geçmäge kömek etdi. Bize özümizi barlajakdyklaryny aýtdylar. Maňa gapjykdaky pulumyň hemmesini çykarmagy buýruk berenlerinde, men aýdylyşy ýaly etdim. Puluň kän bolmandygy üçin ony yzyna salmagy buýruk berdiler.

Mundan soň bedenlerimiziň jikme-jik barlagy geçirildi. Araçylar bizi barlaýandyklaryny aýdyp, ellerini degirdiler, biz bolsa, sesimizi çykarman durduk-da, arz etmedik. Bize aýallaryň hemişe bile durmalydyklaryny, sebäbi (seýrek ýagdaýda mesihi bolan, iň erbedi-de, diňe mesihi adyny göterýän) araçylar gaçgak zenanlara gelşiksiz hereketleri edýändikleri bilen bellidiler. Bu, elbetde, meni gyzym üçin alada galmaga mejbur etdi. Şeýle-de bolsa, olar biziň, umuman, ynanyp biljek ýeke-täk adamlarymyzdylar, şonuň üçin güýjümiziň ýetýän zady — bu bile durmakdy we özümizi serhetden gowy geçirmekleri üçin doga etmekdi.

Men diňe içki geýimleri goýup, bir çemodanda ýerleşen zatlarymyzyň hemmesini olara berdim. Ýöne olar gyzymyň taýýarlan öýde taýýarlanylýan dermanlyk serişdelerini tapdylar. Hudaý oňa şypa berme sylagyny beripdi. Adamym halkara söwdasy bilen meşgullananda, oňa tebigy serişdeleri getirip beripdi, gyzym hem olary derman taýýarlamak üçin ulanýardy. Barlagçylar hemme zady — gäwmişiň şahyny, meňiň ekstraktyny, iňňeleri we iňňe goýmak üçin gerek bolan gurallaryň hemmesini aldylar. Günbataryň ýaşaýjylary üçin bu zatlaryň hemmesi adaty bolmadyk lukmançylyga degişli, emma Demirgazyk Koreýada adamyň jany şunuň ýaly serişdelere we gurallara bagly. Bir gezek syýahatymyz wagtynda, bu dermanlyk serişdelerini almazlaryndan öň, biz bir maşgala bilen dostlaşdyk, olaryň bir ogly bardy. Gyzym oňa derman taýýarlady, sebäbi onuň aýagynda mesele bardy. Ýöne tebip olara, eger ogly sagalsa, onda kakasynyň öljekdigini aýdypdyr. Şonuň üçin ejesi oňa dermany bermezlik kararyna geldi, şeýdip, oglanjyk öldi.

Ýöne hatda serişdeleriňem lukmançylyk kitaby bolmasa, uly bir ähmiýeti-de ýokdy — özümize beýlekileriň beren däplerini öwrenýänçäk, biziň üç ýylymyz gitdi. Ýöne ol kitaby-da elimizden aldylar. Biz Günorta Koreýa gelenimizde, öňki durmuşymdan galan ýeke-täk zat — bu adamymyň sowgat beren sagadydy we öýden getiren geýimlerimdi.

Gynansak-da, ýola düşmezimizden öň, Hytaýa eden syýahatymyz tas Demirgazyk Koreýa gaýdyp gitmeklige öwrülipdi. Biz otla münenimizde, biziň bilen gidip barýan gyzjagaz aglap başlady-da, demirgazyk koreý dialektinde çörek gerekdigini aýdyp gygyryp başlady. Onuň dili biziň gaçgakdygymyza şaýatlyk edýän gelip çykyşymyzyň inkär edip bolmajak subutnamasydy. Otlynyň wagonyndaky ýigrimi ýedi adamyň hemmesiniň gözleri gyzjagaza gönükdi. Oglum menden onuň üçin doga etmegimi haýyş etdi. Men onuň haýyşyny ýerine ýetirdim, gyzjagazam uklap galdy. Kupede ýene ümsümlik boldy. Ýöne ol oýanyp, edil petekler barlanylýan wagtynda, ýene aglap başlady. Aýal gyzjagazy arkasynda gizläp, hytaý dilinde otlydaky ýolbelede gyzjagazyň entek gowy gürläp bilmeýändigini aýtdy. Aýal gelşiksiz ýagdaýyň öwezini dolmak üçin oňa birazajyk pul berdi, şeýdibem, bagtymyza howply ýagdaý geçip gitdi.

Otluda biz ýokarky orunlary eýeledik. Iki günden soň, ahyrsoňy, bize iýer ýaly zat berdiler. Belki, araçynyň bize nebsi agyrandyr, belki-de, biz arz edip başlasak, özüniň ýolbelede para bermegi dowam etdirmeli boljakdygyna, ondan bize iýmit bereniniň arzan düşjekdigine ol düşünendir. Özüm barada aýtsam, onda men hatda nahar getirenlerinden soň hem, ony iýip bilmedim, sebäbi ýolda güýçli siltenipdim. Şonuň üçin meni otludan düşürip, erkekler bilen ýük ulagyna mündürdiler. Men howa çykanymdan soň ýagdaýym birneme gowulaşdy. Bütin Demirgazyk Koreýany pyýada geçmek üçin edilen tagallalaryň hemmesinden soň, Hytaýyň ummasyz aralygyndan, ýürek bulanmasy bilen göreşmäni hasaba alanyňda-da, geçmeklik, barybir çydap bolarlykly synag bolupdy.

Ahyrsoňy biz Mekong derýasyna baryp ýetdik. Ol ýerden Hytaý bilen Laosyň arasyndaky serhet geçýärdi. Kenarda biz adamyň jesedini gördük. Bu bolsa, howpuň hiç ýere-de gitmändigininiň şaýatlygy boldy. Bu ýagdaýy görenleri gorky gurşap aldy, ýöne başga bir tarapdan, gören zadymyz bizi jebisleşdirdi. Biz ýekelikde syýahat etmegiň netijesiniň şaýady bolan badymyza, edil bir

komanda ýaly, agzybir hereket edip başladyk we kömek etmek bilen biri-birimiziň aladamyzy etdik. Bu görlen zat her birimiziň ýadymyzda uzak wagtlap galdy.

Biziň yzymyzdan gaýyk gelende, maşgalany bölmeli boldular. Oglum ikimizi bir gaýyga, gyzymy beýlekisine mündürdiler. Hudaýyň ony saklamagy we bize Taýlanddaky derýa çenli howpsuz barmaga kömek etmegi üçin ýürekden doga etdik. Ol ýerde biz Günorta Koreýanyň ilçihanasyna ýüz tutup bilýärdik.

Alty sagatlap derýada syýahat edenimizden soň, hytaý gaýygyndan laosos gaýyklaryna müner ýaly, dynç aldyk, garbandyk. Ahyrsoňy biziň toparymyz barmaly ýerine — Taýlandyň portuna — baryp ýetdi. Meni ýigrimi ýedi gaçgagyň lideri edip belledilerde, mydama hemmämiziň bir ýerde bolmagymyza gözegçilik etmegi tabşyrdylar. Ilçihananyň nirededigini bilmeýändigimiz sebäpli, polisiýa özümizi bildirmegi makul bildik. Hytaýda bizi Demirgazyk Koreýa ibererdiler, ýöne bu ýerde, Taýlandda, ilki türmede boljakdygymyzy, soň hem bizi Günorta Koreýa iberjekdiklerini bilýärdik.

Biz türmede biziň bilen duşuşyga gelen ilkinji Günorta koreýalylar, resmi adamlar bilen tanyşdyk. Şol wagt mende haç şekilindäki gülýaka bardy, men ony Demirgazyk Koreýada gizleýärdim, şonuň üçin indi ony açyk dakynyp bilýändigime şatdym. Ony gören Günorta koreýaly mesihi terjimeçi meniň bilen şatlykly salamlaşdy. Demirgazyk koreýaly gaçgaklaryň köpüsi ol ýerden gaçyp gelenlerinden soň Mesihe imana gelýärdiler. Ýöne mendäki gülýaka gaçmazymdan öňem mesihi bolandygyma şaýatlyk edýärdi. Soňrak biz munuň ýaly ýagdaýlaryň örän seýrek bolýandygyny bildik. Soňrak Gündogar koreýalylaryň köpüsi biziň Hudaý barada Hytaýda bilmän, entek Demirgazyk Koreýada ýaşap ýörkäk mesihiligi yglan eden ýeke-täk Demirgazyk koreýalylardygymyzy aýtdylar. Sebäbi Demirgazyk Koreýadaky mesihilige ynanýan adamlaryň hemmesi konslagerlere goýberilýärdi ýa-da meniň adamym ýaly, türmä salynýardy. Bu diňe biziň gaçmagymyzy

maksat edinen Hudaýyň syýahatymyzy şeýle üstünlikli edip bilýändiginiň ýene bir ýatlatmasy bolup durdy.

Şol gijäni biz Taýland türmesinde geçirdik. Bu Demirgazyk koreýaly gaçgaklar üçin adaty iş bolup durýardy. Günorta Koreýanyň döwletine Demirgazyk Koreýanyň döwletiniň içalysy bolan adamy anyklamak we ýüze çykarmak gerekdi. Günorta Koreýa geçmek üçin özlerini Demirgazyk koreýaly ýaly edip görkezmäge synanyşýan hytaýly koreýler barada gürrüňem ýok. Şonuň üçin derňew prosesi juda ýokary derejeli bolup, meniň soň düşünişime görä, bahasy-da gymmat eken. Men türmede bir gije oturarys diýip pikir etdim. Ýöne biz suda ýüz tutanymyzda, meniň ýanyma Taýland poliseýi gelip, dokument görkezdi-de: "Siz Taýlandda bikanun bolup ýörsüňiz. Jerime töläň" — diýdi. Şeýdip, her birimiz ýüz dollara golaý pul taýýarladyk. Gynansak-da, biz bu "jerimäni" kime, nädip we haçan tölemelidigini bilmedik, şonuň üçin türmede ýene bäş gün oturdyk. Bu hem günümize iki dollardan tölemegimize alyp bardy. Ýöne biz arz etmedik. Türmede gowy ýorgan bardy, pollary gowudy, biz ýuwunyp bilýärdik. Iýmit barada aýtsak, ol bize onçakly ýaramaýardy, şonuň üçin, hiç kimiň duýgusyna täsir etmän, getirilen iýmitdäki ysy aýyrmak üçin gyzyl burçuň pastasyny goşup biljek wagtymyza, agşama, garaşýardyk. Meniň oglum hatda semredem, sebäbi türmede biz gowy naharlandyk. Eger zerur bolan bolsa, onda Demirgazyk koreýalylar munuň ýaly şertlerde bütin ömrüne-de ýaşamaga razy bolardylar.

Şeýle-de bolsa, hatda şu wagtam kynçylyklar yzda galmandy. Bizi hakyky türmä has meňzeş bolan başga saklanylýan ýere geçirdiler. Hemme zatdan çen tutsaň, köp sanly Demirgazyk koreýalylar bu ýerdäki diwarlaryň aňyrsynda bolan wagtynda pulsuzlykdan we kömegiň ýoklugyndan ölüpdiler. Bizden öň bu türmede bolan aladaçyl gaçgaklar, nädip ölmän galmalydygy baradaky peýdaly maglumaty diwara oýup ýazypdyrlar — kime we näçe tölemeli, nirä ýüz tutanyňa degýär, nirä ýüz tutanyňa degmeýär. Ýöne biz oglumyň tapan ýazgysyna hemmesinden-de

beter begendik. Oglum özünden soňky geljeklere, hatda bize-de, kömek etmek üçin adamymyň diwara oýup ýazan sözlerini tapdy. Ol ýerde “Indiki türmä barmak üçin pul gerek. Ýol nyrhy 650 won. Eger tölemeseň, açlykdan ölýärsiň” — diýlip ýazylypdy.

Bizde pul bolany sebäpli, Bangkoga ýollamazlaryndan öň, bu ýerde bary-ýogy bir gün bolmaly bolduk. Eger bu size meýilleşdirilen wakalaryň we hereketleriň zynjyry ýaly bolup görünýän bolsa, onda bu şeýledir, sebäbi gaçýan her bir Demirgazyk koreýaly üçin bu mydama şeýle bolupdy we şeýle bolmagyna-da galýar. Biz şu wagtjyk Bangkokdaky garbanyşhanada naharlandyk, ol ýerde bize gowuja nahar berdiler. Ondan soň bolsa, indiki minutda bizi Demirgazyk koreýalylar üçin “lagere” saldylar, bu ýerdäki durmuş şertleri gaty erbetdi. Soň bizi dürli ýurtlardan gelenleriň — hiç zady bolmadyk, ýöne gowy durmuş gözleginde Bangkogda Mekongyň deltasy boýunça aşaklygyna kem-kemden süýşüp barýan garyplaryň hem garrylaryň izolýatoryna goýberdiler. Ol hyryn-dykyndy, biz bu ýerde näçe wagt boljakdygymyz hakda hiç zadam bilmeýärdik. Näçe sagat? Näçe gün?

Gaçgak bolanyňda hiç kim saňa bir zat habar bermäge we düşündirmäge borçly bolmaýar. Sen diňe gitmäge mejbur edýän ýerlerine gidýärsiň, durmagy buýruk berenlerinde durýarsyň, seni gaýta-gaýta barlasalar-da üns bermeýärsiň we Imanuweliň özüň bilen bolmagy we maşgalaňy aman saklamagy üçin doga edýärsiň. Doga-dileg edýän wagtyňda sen, göni manysynda, bir aýagyňda durýarsyň, sebäbi kameranyň içi iki aýakda durardan juda gysylşyk. Ahyrsoňy men boýun boldum-da, aýratyn zona, oturyp biläýjek ýerimize geçmek üçin iki dollar töledim, şeýdip, ahyrsoňy biz oturdyk.

Takmynan üç sagatdan soň Günorta Koreýanyň ilçihanasyndan adam geldi-de, bizi diňe Demirgazyk koreýaly gaçgaklaryň bolan ýerine alyp gitdi. Bizi hatar edip oturtdylar. Günorta koreýaly ýolbaşçy özüni tekepbir alyp bardy. Ol maňa özüm hakda ýazmagy maslahat berdi, menem ýazdym. Gyzym göwreli bolany üçin, ol

gowşaşar ýaly, men oňa oňaýlyja ýerleşmäge kömek etdim, ýöne biz köpräk ýer eýeläp biler ýaly, men özümi birneme gödegräk alyp barmaly boldum. Sebäbi ene türmede-de eneligine galýar ahyry.

Ol ýerde başga-da mesihileriň bardygyny görenimde, men begendim. Olar kamerada ýygnanyşyk geçirdiler, bizem olara goşuldyk. Olar meniň imana täze gelen däl-de, birazajyk tejribeli mesihidigime düşündiler öýdýärin, şonuň üçin menden ýygnanyşygy alyp barmagy haýyş etdiler. Men boýun towladym-da, oňa ýöne bir gatnaşdym. Günler birmeňzeş bolup geçýärdi. Kim munuň ýaly zat üçin bizden köp minnetdar bolup bilýär? Kimiň kellesi biziňkiden beter pikirlerden doly bolsun? Biz Demirgazyk Koreýada galanlar hakda, ýolda tanşanlarymyz hakda we täze ýerde tanyşmaly boljak adamlarymyz hakda pikir etdik.

Ýigrimi günden soň bizi uçara mündürdiler. Bu şeýle basym bolmady: Taýlanddaky Demirgazyk koreýaly gaçgaklar ilkinjileriň hatarynda gitmegiň wajypdygyna derrew düşünýärler. Gyzymyň göwrelidigi üçin bize şeýle mümkinçiligi berdiler diýip pikir edýärin. Bir gezek biz ol ýerde bolan wagtymyzda, biri beýleki göwreli aýalyň garnyndan itýär, munuň netijesinde hem aýal çagasyny ýitirdi. Iten adam hem, Taýlanddan birinji bolup gitmek islän bolsa gerek.

Bize ýalan maglumat bermeli däldigini, ýanymyz bilen öýjükli telefony almaly däldigini duýdurdylar. Biz özümize aýdylyşy ýaly etdik-de, uçardaky ýerimize geçip ýerleşdik. Biz boýunlarymyzy süýndürip, illýuminatordan seretdik-de, birnäçe müň kilometrleri geçip eden şeýle surnukdyryjy syýahatdan soň, bary-ýogy birnäçe aý mundan ozal terk edip gaýdan öýümizden onçakly uzakda bolmadyk täze dünýä özümizi alyp barýan uçuşy synladyk.

Günorta Koreýa baranymda, men Hytaýa birinji gezek baranymda duýan aljyraňňylygymdan düýbünden tapawutlanýan aljyraňňylygy duýdum. Bu ýeriň dili örän tapawutlanýardy. Demirgazyk Koreýa bilen Günorta Koreýanyň dialektiniň arasyndaky tapawut 40 göterime golaýdy, ýöne Günorta Koreýanyň dili hytaý diline seredende has düşnüklidi. Ýöne koreý naharlary welin, demirgazygyňky bolsa-da,

günortanyňky bolsa-da, koreý naharlygyna galýar. Demirgazyk Koreýa bilen Günorta Koreýanyň arasyndaky iň uly tapawut awtoulaglaryň mukdaryndady we şäherleriň arassalygyndady. Men Günorta Koreýadaky durmuşyň biziň durmuşymyzdan köp esse gowudygyny eşidipdim, indi bolsa, muňa özüm şaýat bolup bilýärin. Ilkinji gezek ulaglaryň akymyny görenimde, häzir bu ýerde nähilidir bir ullakan konferensiýa geçýändir, oňa köp adamlar gelendir diýip pikir etdim. Men tizara Günorta Koreýanyň raýatlarynyň islän ýerine we islän wagtynda gidip bilýändiklerini gördüm, bu bolsa, Demirgazyk Koreýanyň içine aýlanmaga häkimiýet tarapyndan berlen resmi rugsatnamamyz bolmandygy sebäpli, daglaryň içinden geçişimiz bilen gapma-garşylyky zat bolýar.

Biz aeroporta uçup gelenimizde, Günorta Koreýa barada bizde juda gowy täsir döredi, sebäbi biz hiç hili dokument ýa-da rugsatnama görkezmeli bolmadyk. Hytaýdan göçüp gelýän adamlar pasport almalydylar, biz bolsa, eýýäm Günorta Koreýanyň raýatlarydyk. Demirgazyk koreýalylaryň hemmesi, aslynda, Günorta Koreýanyň raýatlary bolup durýardylar, sebäbi koreý urşy entek resmi taýdan gutarmandy. Şonuň üçin bize hiç hili resminama ýa-da ýene başga bir zat gerek däldi. Biz — Demirgazyk koreýalylar bilen Günorta koreýalylar — bir maşgala. Bu meni begendirdi. Hatda häzirem men şonuň ýaly garaýyşlar üçin ummasyz minnetdarlyk duýýaryn. Şol pursatda men gümrükhanada, edil Hytaýda Roždestwo çyralaryny ilkinji gezek görendäkim ýaly güýçli minnetdarlyk duýgusyny duýşum ýaly minnetdarlygy duýdum.

Demirgazyk koreýaly gaçgaklary Günorta Koreýanyň durmuşy bilen tanyşdyrmakda haýran galdyryp ýa-da alada goýup biljek zatlar köpdi. Mysal üçin, erkekleri we aýallary dürli jaýlarda sakladylar. Olara hatda ärlere aýallary bilen, çagalara ene-atalary bilen gürleşmäge rugsat berilmedi. Munuň ýaly seresap bolmalar özlerini gaçgaklar ýaly görkezýän içalylaryň köpelmegi bilen baglanyşyklydy. Olary Demirgazyk Koreýanyň döwleti Günorta Koreýanyň jemgyýetine aralaşmagy üçin iberýärdi. Demirgazyk

Koreýada bolşy ýaly, üç adam bir ýere ýygnansa, şonuň biri içaly bolýardy. Bu meselede Günorta Koreýa gelen Demirgazyk koreýalylaryň durmuşy onçakly tapawutlanmaýar — hemme ýerde içalylar bar. Şeýlelikde, her dürli barlaglar we derňewler birnäçe aýyň dowamynda gaçgaklaryň durmuşyndaky gündelik işlere girýär. Bizi barladylar, öwrendiler we Günorta Koreýadaky durmuş babatda, ilki Günorta Koreýanyň döwlet edaralarynyň birinde, soň hem, başga birinde üç aýlap düzgünnamalary geçdiler. Meniň gyzyma bolsa, göwreliligi sebäpli, irräk gitmäge rugsat berdiler.

Özüm barada aýtsam, Demirgazyk koreýalylaryň saklanylýan ýerinde ýygnanyşyklar geçirilýärdi. Men ol ýerde köp zatlary öwrenmeli boldum we başdan geçiren zatlarymdan soň özüme gelmek üçin uzak ýoly geçmeli boldum. Günorta Koreýa şeýle tapdan düşüriji syýahata ýola düşmezinden öňürti, birnäçe ýylyň dowamynda Hytaýda ýaşaýan Demirgazyk koreýalylar hem bar. Olar birnäçe gezek durmuş guryarlar, çagalary dünýä inderýärler, käwagt hem, soňundan eden zatlaryny gizlemäge çalyşýarlar, şeýdibem, döwlet sülçüleriniň ünsüni özlerine çekýärler. Olaryň eden zatlarynyň ýanynda biziň eden zatlarymyz hiç zat bolup galdy. Günorta koreýaly adamlar bize gowy daraýardylar, sebäbi biz Hytaýda bary-ýogy birnäçe hepde bolupdyk. Şeýle-de bolsa, men oglum hem adamym bilen görşüp bilmedim, sebäbi olaram erkekleriň şunuň ýaly edarasynda şuňa meňzeş barlaglary geçýärdiler. Şonuň üçin şunça aýlap aýralykda bolandan soň adamym bilen duşuşmagyň nähili bolup biljekdigi baradaky soraglary özüme berdim. Bu köp ýyllar mundan ozal Demirgazyk Koreýanyň institutynda ilkinji gezek tanşanymyzdaka meňzeş boldy.

Biziň azajyk sözleri aýdyşyp, biri-birimiziň deňimizden geçip gidenimizi ýatladym. Indi 2010-njy ýylyň fewral aýynyň ahyrynda, biziň hemmämiz gezelençdekäk we restoranda naharlanyp otyrkak, men adamyma duş geldim. Ol wagt bize, hatda salamlaşmaga-da rugsat bermeýärdiler, ýöne biz baş atmak bilen biri-birimiz bilen salamlaşyp bildik. Şeýdip, bu duşuşyk birinjiden has romantik

boldy. Men ýokary çykyp barýarkam, ol meni söýýändigini aýtmak üçin, eli bilen ýüregi şekillendirýän yşaraty etdi. Menem muňa jogap edip, edil şonuň ýaly etdim.

Ýuwaş-ýuwaşdan biziň bu ýerde bolma möhletimiz ahyrlady, şeýdip, bizi biri-birimiziň yzymyzdan boşatdylar. Adamym çykanda, gyzym eli täze doglan bäbekli ony garşy alypdyr. Gyzym bilen kakasy duşuşanlarynda, filmlerde görkezişleri ýaly, gujaklaşmandyrlar-da, diňe biri-biriniň egnine kakypdyrlar we awtobusa münüp gidipdirler. Şonuň ýaly egne kakmalar we bile awtobusda gitmeler käwagt ekranda görkezilýän gujaklaşmalardan has gowy hem çuň duýguly bolýar.

Saklanylan ýerimizden çykanymyzdan soň oglum ikimiz gyzymyň ýanyna gitdik. Ýolda men gaty gynandym, sebäbi ýene ýüregim bulandy. Ýöne biz baranymyzda, adamym, gyzym we agtyjagym bize äpişgeden seredip durdular, olaryň şol seredip duruşlary entegem ýadymda. *Iman nesilleri...*

Adamym gaty begenip, biziň öňümizden çykmak üçin, aşaklygyna ylgap gaýtdy. Şol pursatda onuň nähili ýyly hem romantik sözleri maňa aýdandygy baradaky soraglary özüňize berip bilersiňiz, ýöne olaryň deregine ol lifti nähili ulanmalydygyny bize düşündirdi. Galyberse-de, biz entek syýahatymyzy gutarmandyk — hemmämiz duýgulara gurşalyp, koridorda durduk — şonuň üçin ol ýoluň iň başynda bolşy ýaly, indiki her bir etapynda, hatda gyzymyň myhman otagynda hem, aladamyzy etmegi niýet edinipdi.

Şol pursatda özümiň nähili bagtly bolandygymy söz bilen beýan edip biljek däl. Saklanylýan ýerimde bolýan wagtymda yzymdan baranlarynda, gyzym hem agtyjagym bilen görşüp bilendigime garamazdan, olary ýene görenimde gözýaşymy saklap bilmedim. Ýakynlaryň bilen uzak garaşdyran duşuşyk wagtynda seni şatlyk hem bagt duýgusy püre-pür edende, aglamak diýseň ýerlikli zat bolýan bolsa gerek.

Biz biri-birimiziň egnimize kakmagy dowam etdirip, uzak gije gürleşdik, sebäbi soňky gezek bile bolalymyz bäri, bir ýyl geçipdi ahyry. Oglumyz indi bir ýaş ulalypdy, uzyn bolupdy we semräpdi,

gyzym bolsa, bäbejigini dünýä inderipdi. Biz adamymyň Günorta Koreýa gelşi barada we biziň hem şu ýere gelmegimiz üçin ýol taýýarlaýşy hakyndaky eden zatlarynyň hemmesi barada bildik. Bu zatlaryň hemmesini eşidenimde, men möňňürip aglaman bilmedim. Biz daň atýança gürleşmegi dowam etdirdik, ýöne daňa golaý hem uklap bilmedik. Biz sowadyjyny etden, balykdan we miwelerden doldurdyk. Adamym şeýle begenýärdi! Ol: "Telewizor gowy işleýär, suw kesilip durmaýar! Mydama ýuwnup bilýärsiň!" — diýip gaýtalady durdy.

Biziň Günorta Koreýa gelşimiz — ähli açyşlar, duşuşyklar we ýygnakda, azyk harytlary dükanlarynda we bütin ýurtdaky, hatda bütin dünýädäki adamlar bilen eden gürrüňlerimizde bolan ajaýyp pursatlar, Demirgazyk Koreýadaky durmuşymyz — barada men tutuş bir kitaby hem ýazyp bilýärin. Ýöne ol kitaby ýazmagy bize Reb buýruk bermedi.

Rebbiň biziň ýazmagymyzy isleýän kitaby, ýüz ýyla golaý mundan ozal, babamyň ellerini açyp, Hytaýdaky ýygnak binasynyň gapysynyň öňünde duranyny ýazmagymyzdan başlandy. Indi bu kitaby ýazmagyň wagtynyň gelşi ýaly, ony tamamlamagyň hem wagty geldi, sebäbi ol Beler maşgalasynyň iman nesilleri hakda gürrüň berýär we bize kabul etmegimiz hem-de size geçirmegimiz üçin berlen zadyň — Imanuwel, biziň çykyşymyzyň, siziň hem çykyşyňyzyň Hudaýy baradaky taryhyň şaýatlygydyr.

2011-nji ýylyň 9-njy ýanwarynda gije sagat birde adamymyň ene-atasyny awtoulagda alyp gaýdyp, serhetden Hytaýa geçirmelidiler, soň hem, Günorta Koreýa alyp gelmelidiler. Olar segsen ýaşa ýetenlerinden soň, biz olaryň ýolunyň mümkin boldugyça aňsat bolmagyny isledik.

Daňdan 5-de-de biz olary hytaý tarapda garşy almaly bolan araçydan habar almadyk. Biz onuň bilen telefon arkaly habarlaşdyk. "Täzelik ýok, olar entek gelmediler" — diýip, ol aýtdy.

Görüp otursak, indi olar hiç haçan hem gelmeýärdiler. Birnäçe günden soň adamym gaýynenemiň dostlaryna jaň etdi. "Seniň

ene-atańy tutdular. Eger sen maňa jaň etseň, meni-de tutýarlar. Gaýdyp jaň etme” — diýip, gorky bilen aýdylan pyşyrdyly sözler aňry tarapda eşidildi.

2011-nji ýylyň iýulynda adamymyň ene-atasyny konslagere iberendiklerini bildik. Demirgazyk Koreýada Hoş Habary wagyz etmeklik irde-giçde şol ýere alyp barýar.

Demirgazyk Koreýanyň çäklerinden daşarky dünýäni köp tanadygymça, Hoş Habar ugrundaky batyrgaý hem özüňi pida edijilikli durmuşyň, nirede ýaşasaň-da, kynçylyklary döredýändigini köp bilýärin. Resul Pawlus ýaş Timoteosa ýazan 2-nji hatynda, 3:12-de: “Isa Mesihe eýerip, Hudaýyň ýörelgesine laýyklykda ýaşamak isleýänleriň bary yzarlanmalara sezewar bolar” — diýip ýazdy.

Demirgazyk Koreýadaky konsentrasion lagerler — bu garaňky hem gorkunç ýerler. Konslagerden hiç kim hiç haçan gaçmaýar, elbetde, ol ýerden goýbermeýärler. Her bir tussaga iýmitiň ujypsyzja bölegi berilýär. Oňa nahar onuň ýeri başga bir adam üçin gerek bolýança ölmän galmagyna gowy hasap çykarylyp berilýär.

Adamymyň ene-atasyny şonuň ýaly ýere iberdiler. Olar özleriniň segsen ýaşlarynda, adamzat taryhynda şu wagta çenli bolan iň uly konsentrasion lagerler sistemasynyň kiçijik atsyz, şahsyýetsiz nurbatydyr. Ol ýerde günüňi geçirmeklik — durşuna bir eýmençlik.

Edil şunuň ýaly, Hudaýyň ýazmagy buýran kitabynyň indi ahyryna ýetip barýandygyna siziň gynanýan ýa-da lapykeç bolýan bolmagyňyz mümkin. Eger bu şeýle bolsa, onda siziň bilen bir zady paýlaşmaga rugsat ediň, ol sizi ruhlandyrar diýip umyt edýärin: *şu ýerde kitabyň gutarmagy mümkin, emma nesilleriň taryhy Imanuwel gaýdyp gelýänçä dowam eder.*

Meniň adamym çagaka, onuň ejesi öz kakasyndan: “Kaka, sen hakykatdan hem, Hudaýyň sesini eşitdiňmi?” — diýip sorapdyr. Ol “hawa” diýip jogap bereninde, ejesi ondan jikme-jik gürrüň bermegini sorapdyr. Şonda adamymyň babasy Hudaýyň sesiniň türmedekä agyz beklände, doga-dileg edende ýa-da uklap ýatan wagtynda has aýdyň ýaňlanandygyny aýdýar. Muňa adamymyň

ejesi özüniňem edil öz kakasynyň eşidişi ýaly, Hudaýyň sesini eşitmek isleýändigini aýdyp jogap berýär. Ol özüniň Hudaýyň sesini eşidip bilmeýändigine gynanypdyr we edil öz kakasynyňky ýaly çuň imanyň özünde-de bolmagy üçin doga edipdir.

Adamym oglanjykka, ejesiniň öz tanşyna, döwletiň jenaýatçy hasap edýän aýalyna kömek bereni üçin onuň maşgalasyny hasylsyz oba ýerine sürgün edýärler. Adamsy oňa hut öz ýagşylygynyň maşgalany şonuň ýaly ýere alyp barandygyny ýatladanynda, ejesi: "Biz her pursatda imanda ýöremelidiris we imanyň yraň atmagyna ýol bermeli däldiris" — diýip jogap berýär.

Ýagdaýlar has erbetleşip başlanda, ol öz maşgalasynyň agzalaryna: "Men nämeden gorkaýyn? Hudaý meniň tarapymda, iň agyr wagtlarda-da Ol bize ýol açyp berýär, Ol meselelerimiziň hemmesini çözer. Kynçylyklarda ünsüňi jemlemek nämä gerek?" — diýipdir.

Bu gün Demirgazyk Koreýadaky konsentrasion lagerde tussaglardan kimdir biri Nuhuň gämisi, Sodom we Gomora hemde Hudaýyň adamy ýaradyşy hakda birinji gezek eşidýändir. Bu zatlaryň hemmesi Hudaýyň adamlary söýýändigi üçin kiçijik hem küýkeren segsen ýaşly aýaly — olaryň ýanyna Hoş Habary aýtjak aýaly iberdi.

*"Bu nur garaňkylykda parlaýandyr, garaňkylyk ony öçürip bilen däldir" (Ýohanna 1:5).*

Iman nesilleri özleriniň ýaşamaklaryny dowam etdirýärler, olar ýer ýüzünde mydama-da ýaşarlar. Iň gowy gulluk we gaýynenemiň, şeýle hem, meniň — siziňem — iň çuň imanymyz entek öňdedir.

# Awtoryň sözsoňusy

Ýüz ýyldan gowrak wagt mundan ozal häzir Demirgazyk Koreýanyň paýtagty bolup durýan Phenýan täzeden dogulmanyň şeýle uly masştabda başlanan ýeri bolany üçin şäher "Gündogaryň Iýerusalimi"[19] hökmünde meşhur bolupdy. Ruhy galkynyş 1907-nji ýylyň ýanwarynda, şol wagt Koreýadaky iň uly ýygnak bolan Birinji ýygnakda Hudaýa doga etme ýygnanyşygy wagtynda bolup geçýär. Şol doga etme ýygnanyşygyna gatnaşan missioner Uilýam Bler ony "koreý Pentikosty" diýip atlandyrdy-da: "Dogalar ummasyz suwlaryň şaglawugynyň, tolkuny Hudaýyň tagtyna baryp urulýan ummanyň sesi ýaly bolup ýaňlandy"[20] — diýdi.

Bu Phenýanda 1907-nji ýylda bolan Beýik phenýan täzeden dogulmasy baradaky taryhdyr. Ýöne galkynyşyň ikinji gününde bolup geçen waka-da az meşhur däl. Ýygnakdakylaryň hemmesi Mukaddes Ruhuň gudrat bilen inenine begenip ýörkäler, Hudaý bolmaly zat baradaky kuwwatly alamaty iberdi.

Preswiterian kollejini we ylahy seminariýany gutarandan soň hem, Phenýanyň Birinji ýygnagynyň ruhy çopany bolan, koreý mesihi ýolbaşçylarynyň öňdebaryjy ýolbaşçylarynyň biri ruhy çopan Çudan galkynyşyň ikinji gününde wagyz etmegi haýyş edýärler. Ol sözüň göni manysynda "*özüni daňýar we daňan ýüpleriniň içinden çykyp bilmeýär*", soň ol: "*Ine, galkynyş näme edýär: ol siziň günäleriňizi goparyp aýyrýar we azat edýär*"[21] — diýýär.

[19] George Thomas, *"The Pyongyang Revival 100 Years Later,"* CBN. com, June 29, 2007, http://www.cbn.com/CBNnews/188123.aspx.

[20] C. Hope Flinchbaugh, *"A Century After North Korean Revival, Dreams of an Encore,"* Christianity Today, January 31, 2007, http://www. christianitytoday.com/ct/2007/januaryweb-only/105-32.0.html.

[21] Flinchbaugh, *"A Century After North Korean Revival."*

Galkynyş geldi, muňa adamlaram gaty begenýärler. Olar: "Bu hakyky azatlyk!" — diýip gygyryşýarlar. Ýöne Hudaý ruhy çopan Çunyň üsti bilen ýygnaga azatlyga täzeçe düşünmäni berdi: ol dünýäniň berýän azatlygyny bermeýär-de, dünýäniň nazarynda gulçulyk ýaly bolup görünýän Mesihdäki azatlygy berýär. Wagyz wagtynda ruhy çopan Çu öz gandallaryny ýolup aýyrmady-da, onuň içinde Sözi ak ýürekden wagyz etmegini dowam etdirýär — Demirgazyk koreý ýygnagy özüniň ýüz ýyldan gowrak durmuşynyň dowamynda şeýle edip gelýär.

Kim Ir Sen öz ýolbaşçylygynyň birinji ýigrimi ýylynyň dowamynda mesihileriň yzygiderli gyrylmagyna ýolbaşçylyk edýär. Ol bu meselede şeýle üstünliklere ýetdi welin, hatda şu wagta çenli-de, Demirgazyk Koreýada 1960-njy ýyllaryň ahyrlaryndan başlap, 1990-njy ýyllaryň başlaryna çenli, mesihiligiň umuman bolandygynyň subutnamalary taryhçylarda az. Beler maşgalasynyň taryhy biziň 1 Patyşalar 19:18-de okaýan zatlarymyzyň taryhy tassyklamasy bolup durýar: "Men Ysraýylda Bagal butuna sežde etmedik, ony öpmedik galan adamlary aman galdyraryn".

Demirgazyk Koreýa ýygnagy ýer ýüzündäki şeýle ummasyz mukdardaky ejir çekenlerden düzülen birinji ýygnak bolsa gerek. Häzirki döwürde Demirgazyk Koreýada bolýan ýüz müň mesihi, Mesihe iman eden we Oňa iman edenini yglan edeni sebäpli ölüme berlen beýleki Demirgazyk koreýalylar ýaly, köp sanly wepaly şaýatlaryň ganynyň üstünde ösdürilip ýetişdirildi.

Häzirki Demirgazyk koreýaly mesihileriň takmynan otuz müňe golaýy konsentrasion lagerlerde tussaglykda bolup, iman bilen ýaşap ýörler — olaryň arasynda jenap Beýiň hem ene-atasy bar. Biziň ilkinji meýlimiziň olaryň azatlyga çykmaklary üçin mümkin bolan zatlaryň hemmesini etmek bolup biler. Ikinjisi, Hudaýyň azatlyga biziň düşünişimizden başgaça düşünýändigini ýatlama bolup biler. Dürli maglumatlara görä, 150 müňden başlap, 200 müňe çenli Demirgazyk koreýaly bu lagerlerde tussaglykda bolup ýörler[22]. Olaryň köpüsi

[22] Blaine Harden, *Escape from Camp 14: One Man's Remarkable Odyssey from North Korea to Freedom in the West* (New York: Viking, 2012), 4.

ömrüni şol ýerde tamamlaýar. Näme üçin tükeniksiz söýgi bolup durýan Hudaý şol adamlar bilen şahsy taýdan duşuşmak, olary köşeşdirmek we olaryň ýatdan çykarylmandygyny aýdyp, olara teselli bermek üçin hiç zat etmeýärkä? Belki-de, Ol şunuň ýaly maksat üçin ýörite ösdürenlerini we taýýarlanlaryny, hasylsyz çölde we sürgünde her gün bile bolanlaryny, Öz dostlarym diýip atlandyranlaryny ulanýandyr?

"Tussagdakylary, özüňiz hem olar bilen bile tussagda ýaly ýada salyň" — diýip, Ýewreýler 13:3 bizi çagyrýar. Eger Mukaddes Ýazgynyň bu ýerine ýeterlik derejede seresap hem ünsli bolmasaňyz, onda ony, Beýiň ene-atasy ýaly mesihilere duýgudaş bolmaklyga çagyryş ýaly düşündirmegimiz mümkin. Eger ünsli bolsak, onda muny olara öýkünme hasap edip bileris. Bu biziň konsentrasion lagerleriň gapysyny kakyp, özümizi ol ýere salmaklaryny talap etmegimizi aňlatmaýar. Tersine, bu garaňkylykda bolan wagtymyzda, pikirimizi gaçmakda jemlemegiň deregine, öz bolýan ýerimizde nur saçmaga dyrjaşmalydygymyzy aňladýar. Ýa-da bir gezek jenap Beýiň ejesiniň aýdyşy ýaly: "Men nämeden gorkaýyn? Hudaý meniň tarapymda, iň agyr wagtlarda-da Ol bize ýol açyp berýär, Ol meselelerimiziň hemmesini çözer. Kynçylyklarda ünsüňi jemlemek nämä gerek?"

Isa resul Petrus bilen deňziň kenarynda bile ýöräp barýarkalar, edil şunuň ýaly duýduryş berdi. Isa Ýohanna 21:18-de "...ýaşkaň özüň biliňi guşap, halan ýeriňe gidýärdiň, emma garranyňda elleriňi uzadyp durarsyň, seni başga biri guşandyryp, halamaýan ýeriňe alyp gider" — diýdi. Şonuň üçin biz sözümiziň üstüni adalatly ýetirip, şuny aýdyp bileris, hatda şonuň ýaly ýagdaýa düşeniňizde-de, nur saçyň!

Reb jenap Beýiň ejesiniň, edil öz kakasyndaky ýaly çuň imanyň özünde bolmagyny sorap eden dogasyna jogap berdi. Onuň ýaly ýere gowy ýagtyly we oňaýly ýollaryň azajygy alyp barýar. Goý, Gudratygüýçli Hudaý, Beler maşgalasynyň Hudaýy, Reb gaýdyp gelýänçä, olaryň maşgalasynyň ähli nesilleriniň ömürleriniň dowamynda mydamalyk wepaly gulluk etmeklerine ak pata bersin. Bizem olaryň durmuşyna öýküneliň, sebäbi olar hatda ýer ýüzündäki iň garaňky ýurduň iň garaňky ýerinde bolsalar-da, Oňa öýkündiler.

# Mazmuny


"Ejir çekenleriň sesi" barada . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 3

Sözbaşy . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 5

1-nji bap. Babasy — mesihilige berlen adam . . . . . . . . . . . . .16

2-nji bap. Ogly — ýeralma ogrusy . . . . . . . . . . . . . . . . . . .33

3-nji bap. Ejesi — ýaşaýyş çöregini sowgat beriji . . . . . . . . .64

4-nji bap. Aýaly — desant. . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . .76

5-nji bap. Maşgala — Imanuwel . . . . . . . . . . . . . . . . . . . .101

Awtoryň sözsoňusy . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . .125

# IMAN NESILLERI

1907-nji ýylda “Phenýanyň täzeden dikeldilişiniň” başynda, Demirgazyk Koreýada mesihiligiň joşgun bilen çarpaýa galmasy bolup geçdi. Missioner Uilýam Bler “dogalaryň... ummasyz suwlaryň şaglawugynyň tolkuny Hudaýyň tagtyna baryp urulýan ummanyň sesi ýaly... bolup ýaňlanandygyna” şaýatlyk etdi. Elli ýyl geçenden soň, yzarlamalaryň ody şol ummany guratdy, ýöne ondan birnäçe çeşmejikler galdy. Bu — tussaglyklara we sorag edilmelere, lagerlere goýberilmelere we türmä salynmalara, ölüme we ýokarda sanalyp geçilen synaglaryň iň ulusyna, ýagny mesihileri has zalymlyk bilen yzarlaýan bu ýurtda ölmän galma synagynyň bardygyna garamazdan — göze görnüp duran hakyky howplaryň garşysyna gidip, agzalary Hoş Habary nesilden-nesle ürç edip geçiren Demirgazyk koreýaly maşgalanyň taryhy.

“Bu Demirgazyk Koreýanyň häkimiýetiniň öz halkyny doly möçberde Hoş Habardan aýra saklamak üçin eden tagallalary baradaky aýylganç hakykat. Bu hakykat Hudaýyň Demirgazyk Koreýada Hoş Habaryň öwşün atmasyny gudrat bilen saklamak üçin, Beler maşgalasynyň nesillerini ulanyşy baradaky hakykatdyr”.

*Jim Dau, “Ejir çekenleriň sesi — ABŞ” guramanyň öňki prezidenti*

“Bir maşgalanyň dürli nesilleriniň üýtgeşik iman ýoly. Mesihiligiň we yzarlanylýan yygnagyň taryhyny öwrenýän her bir adam bu barada okamalydyr”.

*Geri Leýn CBN News-yň uly halkara habarçysy*

“Ýekşenbe mekdeplerinde, ýaşlar we doga etme toparlarynda hem-de ýygnanyşyklarda bu kitap hökman okalmalydyr”.

*Hýun S. Son, “Demirgazyk Koreýadan ABŞ-a gaçanlar” guramasynyň müdirler maslahatynyň agzasy*

TM